Grigoriý
Petrow

# Ak gülleriň ýurdunda



# Grigoriý Petrow

rus publisisti we jemgyýetçilik işgäri

# Ak gülleriň ýurdunda

(bir halkyň galkynyş kyssasy)

Bu eser

**«Dünýä edebiýaty»**

žurnalyndan alyndy.

# SÖZBAŞY

1925-nji ýylyň 18-nji iýunynda Parižiň golaýyndaky hassahanalaryň birinde rus emigranty Grigoriý Petrow aradan çykýar. Emigrantlar tarapyndan neşir edilýän gazetlerde bu barada habar berilmeýär, diňe Parižiň «Soňky habarlar» gazetinde Petrowyň soňky ýyllarda ýaşan ýeri bolan Ýugoslawiýada alyp baran işleri dogrusynda, şeýle hem onuň dogduk mekany Russiýada kim bolandygy hakynda «belli žurnalist we publisist», «öňki ruhany» diýen ýaly gysgaça maglumat berilýär.

Mundan bary-ýogy on ýyl ozal Grigoriý Petrowyň ady bütin Russiýa dolupdy. Onuň köpçülik ýerlerinde okaýan leksiýalaryna ýurduň çar künjeginden makaladyr kitaplarynyň muşdaklary ýygnanardy. Şol muşdaklaryň biri oňa şeýle ýazýardy: «Rus halky heniz rus halky hökmünde ýaşaýarka we akyl-huşy ýerindekä ruhany Petrowy unutmaz».

Grigoriý Petrow 1866-njy ýylyň 26-njy ýanwarynda Russiýanyň Ýamburg şäherinde dogulýar (häzirki Leningrad oblasty). Ol ilki Narwa şäherindäki gimnaziýada okaýar, soňra Peterburga gidip, şol ýerde ylahyýet ugrundan orta mekdebi, soňra akademiýany tamamlaýar. Şol döwürlerde ol özüniň ýokary derejede kämil öwüt-ündewleri, köpçülik ýerlerindäki leksiýalary bilen bütin Peterburgda meşhurlyk gazanýar. Dilewarlygy, pikirleriniň aýdyňlygy, çykyşlarynyň iň bir derwaýys meseleleri gozgaýandygy – bularyň hemmesi ony halkyň söýgüsine mynasyp edýär.

Grigoriý Petrowyň dilewarlyk ukyby onuň edebi zehini bilen utgaşyp, sada dilde beýan edilen hem-de

hyjuwly duýgulara ýugrulan eserleri halkyň dürli gatlaklarynyň arasynda söýlüp okalýan kitaplara öwrülýär. Onuň rewolýusiýadan öňki döredijiligi hökmünde, esasan, 1898-nji ýylda çap edilen «Injil ýaşaýşyň esasy hökmünde» kitabyny hem-de dürli temalardan ýazylan makalalaryny görkezmek bolar.

Russiýada 1917-nji ýylda rewolýusiýa amala aşyrylandan soňra täze düzgün-tertibi oňlamadyk Grigoriý Petrow 1920-nji ýylyň ahyrlarynda Ýugoslawiýa göçüp gidýär. Bu ýerde hem ol öz jemgyýetçilik işlerini, çykyşlaryny dowam edýär. Şol ýyllarda onuň serb hem bolgar dillerinde birnäçe kitaby çap edilýär.

Grigoriý Petrowyň «Ak gülleriň ýurdunda» eseri onuň iň soňky kitaplarynyň biridir. Awtor bu eserini 1923-nji ýylda ýazyp gutarýar. Kitap ilki bilen serb dilinde, soňra bolgar, türk we beýleki dillerde neşir edilýär.

«Ak gülleriň ýurdunda» eserinde Finlýandiýa hakynda, daş gaýalarynyň hem batgalyklaryň arasynda ýerleşen, ýerasty baýlyklara juda garyp bolan bu kiçijik ýurduň garyplykdan saýlanyşy, nusga alarlyk ykdysady, syýasy we medeni jemgyýeti gurmagy başaryşy dogrusynda gürrüň berilýär. Awtoryň pikiriçe, ýurduň täsin özgerişlikleri onuň ilatynyň – «durmuşy gurujylaryň», janypkeş zähmetkeşleriň we bilim ýaýradyjylaryň milli ruhlarynyň hyjuwly göterilişi arkaly amala aşypdyr. Kitabyň tutuş süňňi fin raýatlaryna we watançylaryna bolan buýsançly duýgulara ýugrulypdyr.

Finlýandiýa alty asyrlap Şwesiýanyň düzüminde bolýar. Ýurtda şwed kanunlary, şwed dolandyryş ulgamlary hereket edipdir. Şwed dili ýeke-täk resmi dil

bolupdyr, fin dili bolsa ýönekeý halkyň dili hasaplanypdyr. Fin dilinde gazet, edebiýat bolmandyr, umuman aýdanyňda, fin edebi dili emele gelmändir.

Finlýandiýa 1809-njy ýylda Russiýa imperiýasynyň düzümine girensoň, ýurtda fin milleti hökmünde kemala gelmek – fin milleti bolup ýaşamak duýgusy güýçlenip ugraýar. Şeýlelikde, ilki «birinji milli oýanyş», soňra «ikinji milli oýanyş» diýlip atlandyrylan jemgyýetçilik hereketi emele gelýär. Birinji milli oýanyş hereketiniň agzalary halky birleşdiriji, jebisleşdiriji güýjüň dil bolmalydygyna düşünipdirler. Bu barada hereketiň görnükli agzalarynyň biri Adolf Iwar Arwidsson şeýle ýazýar: «Ähli zatdan öňürti bize öz ene dilimizi hormatlamak we goramak gerek, biz diňe dilimiz barka özümizi halk hasaplap bileris. Eger pederlerimiziň dili ýitäýse, halk hem ýitip ýok bolar».

Grigoriý Petrowyň «Ak gülleriň ýurdunda» eseriniň esasynda Finlýandiýanyň taryhy ösüşi, milli galkynyşy, fin halkynyň öz watanyny ösdürmek ugrundaky göreşi hakyndaky hakyky wakalaryň ýatandygy eseriň gymmatyny artdyrýar hem-de ony hakyky durmuş mekdebine öwürýär.

# I

# MENE, TEKEL, PERES

Birnäçe ýyl mundan owal rus imperatorynyň Moskwadaky Uly teatrynyň diwarlarynda birden ullakan jaýryklar emele gelip ugrapdyr. Şol jaýryklar binanyň düýbünden üçegine çenli uzap gidipdir. Mähnet binanyň bütinleý ýumrulyp, teatryň içindäki we onuň daş-töweregindäki adamlary heläk etmek howpy ýüze çykypdyr. Diwarlaryň näme üçin jaýryk atýandygynyň sebäbini gözläp ugrapdyrlar hem-de binanyň düýbüni birnäçe ýerinden gazyp, daşdan salnan ägirt uly imperator teatrynyň çüýrük pürsleriň üstünde durandygyny anyklapdyrlar.

Ýüz ýyl mundan öň bu mähnet binanyň düýbüni tutanlarynda ullakan ýogyn pürsleri ýere kakyp, olaryň üstünden meşe agajyndan taýýarlanan ýogyn pürsleri düşäpdirler. Şondan soňra onuň üstünden daş diwarlary galdyrypdyrlar. Şol döwürlerde binanyň düýbüniň şeýle tutulmagy ýeterlik berk hasaplanypdyr. Dogrudan hem, teatr ýüz ýyllap durupdyr, emma wagt hem assa-ýuwaş öz işini bitiripdir. Ýogyn pürsler çüýräpdir, diwarlar bolsa çöküp, jaýrylmaga başlapdyr. Uly-uly jaýryklar emele gelip, diwarlaryň ýykylmak howpy döräpdir. Näme etmeli? Binany ýykyp aýyrmalymy? Inženerler başga karara gelipdirler. Olar çüýrän pürsleri az-azdan granit daşyndan taýýarlanan ullakan bölekler bilen çalşyryp ugrapdyrlar we binanyň düýbüni tutuşlaýyn täzeläpdirler. Imperator teatrynyň mähnet binasy täze, mäkäm binýatda ornaşypdyr we häli-häzir hem gaýym otyr.

Döwletleriň ykbaly we halklaryň durmuşy bize imperatoryň Moskwadaky teatryny ýatladýar. Döwlet gurluşynyň köne we çüýräp başlan esaslary kem-kemden çat açyp, öňki döwürler üçin täsirli bolan, emma uzak wagtyň geçmegi bilen ähmiýetini ýitiren dolandyryş usullary, soňlugy bilen, derde ýaraman ugraýar. Bir atalar sözünde: «Her täze döwür – täze aýdymlary hem getirýär» diýilýär. Pelegiň çarhy aýlandygyça ynsanlar hem nesil yzyna nesil çalşyp, täzelenip gidip otyr. Olar özleri bilen täze düşünjeleri, täze-täze arzuw-islegleri, talaplary alyp gelýär. Ine, şol täze adamlary köne, möwritini ötüren dolandyryş düzgünlerine zor bilen boýun edip bolmaýar. Täze nesilleriň durmuşynyň düýbi tutulanda, ony paýhasly, adalatly hem sagdyn döwlet dolandyryşy esasynda bina etmeli.

Käbir ýurtlaryň akylly-başly döwlet adamlary hut şeýle hem edýär. Olar howlukman, öte geçmän, hiç bir zady ýykyp-ýumurman, halk köpçüligini dolandyrmagyň parasatly hem adalatly usullaryny tapýarlar we ony aýny wagtynda durmuşa ornaşdyrýarlar. Emma käbir ýurtlarda könelişen dolandyryş usullaryndan el çekmegiň hem-de jemgyýetçilik ahlagyny terbiýelemegiň, ony yzygiderli gowulandyrmagyň zerurdygyna düşünmeýärler ýa-da düşünmek islemeýärler. Şeýle ýagdaýda döwlet gurluşynyň diwarlary çat açýar, jaýryklar emele gelýär, şol jaýryklar barha ulalýar, emma olara üns bermeýärler. Şonuň üçin gadymy, hatda kuwwatly döwletleriň hem çat açýany, hatda ýykylýany hem geň zat däl. Injilde şeýle bir rowaýat bar, bir güýçli, emma gazaply hem zalym patyşanyň köşgüniň diwarynda o:t bilen ýazylan ýazgy

peýda bolupdyr: Mene, Tekel, Peres.[1] Parasatly Daniýal bu sözleriň manysyny düşündiripdir. Ol bu sözleriň haýbatly duýduryşdygyny aýdypdyr. Olar köne döwletiň öz güýç-kuwwatyny ýitirendigini we gutulgysyz heläkçilige hüküm edilendigini aňladypdyr.

Gadymy Rimiň, Filippiň hem-de gersog Albanyň beýik ispan hökümdarlygynyň, Lýudowik XIV hem-de Lýudowik XV fransuz hökümdarlygynyň şum ykballary, Romanowlaryň Russiýasynyň, Gogensollernleriň Germaniýasynyň, Gabsburglaryň Awstriýasynyň başyna düşen heläkçilikler[2] – bularyň hemmesi taryhyň ýalynly

---

[1] *Mene, tekel, peres* – Injiliň rowaýatyna görä, Wawilonyň hökümdary Waltasar şanyň köşgünde meýlis gidip duran wagtynda «adam elleri çykyp, çyralaryň garşysynda şa köşgüniň diwaryna ýazdy: Mene, Tekel, Peres». Hiç bir akyldar bu sözlere düşündiriş berip bilmändir, diňe Daniýal olary dogry düşündiripdir: «Mene – Hudaý seniň şalygyň hasabyny çykardy we ony soňlady; Tekel – sen terezä salyndyň we ýeňil geldiň; Peres – seniň şalygyň bölündi we midiýalylara hem parslara berildi».

[2] *Gadymy Rim* – b. e. öňki VIII asyrdan miladynyň 476-njy ýylyna çenli dowam eden döwlet. Rim döwleti warwar taýpalarynyň çozuşlary netijesinde ýykylýar.

*Filipp II (1527-1598)* – Ispaniýanyň koroly, onuň döwründe ýurt çökgünlige düşýär. Fernando Alwares de Toledo Alba (1507-1582) – ispan harby serkerdesi we syýasatçysy.

*Lýudowik XIV (1638-1715)* – Fransiýanyň Burbonlar nesilşalygyndan bolan koroly. Lýudowik XV (1710-1774) – Fransiýanyň koroly, onuň ugur-utgasyz dolandyryşy döwründe ýurt çökgünlige düşýär.

*Romanowlar* – 1613-nji ýyldan tä 1917-nji ýyla çenli Russiýany dolandyran rus patyşalarynyň (1613-nji ýyldan) we imperatorlarynyň (1721-1917) nesilşalygy.

*Gogensollernler* – brandenburg kurfýurstlarynyň (1415-1701), prus korollarynyň (1701-1918) we german

ýazgylarydyr: Mene, Tekel, Peres. Parasatly boluň! Ownuk-uşak aladalaryňyzyň, şahsy işleriňiziň, isleg-arzuwlaryňyzyň içinde gurçuk ýaly müňzäp ýörmäň! Öz döwletiňiziň binýadyny berkitmegiň, halkyňyzy täze, aýdyň, kämil ýörelgeler esasynda terbiýelemegiň aladasyny ediň!

Taryh käbir döwletleriň hem-de halklaryň ters täleýleri hakdaky gazaply hökümlerini öz sahypalaryna ýazyp beýan edişi ýaly, beýleki bir döwletleriň mysalynda bize jemgyýeti nähili berkitmelidigini, halk köpçüliginiň ýöne bir süri dek gezip ýörmän, beýik nakgaşa, kämil, bagtyýar durmuşy guruja öwrülmegi üçin ony nähili terbiýelemelidigini görkezýär.

---

imperatorlarynyň (1871-1918) nesilşalygy. Germaniýanyň birinji jahan urşunda ýeňilmegi netijesinde 1918-nji ýylda german imperiýasy synýar we gogensollernleriň nesilşalygy ýykylýar.

*Gabsburglar* – 1282-1918-nji ýyllar aralygynda Awstriýany we dürli döwürlerde Awstro-Wengriýa imperiýasyny dolandyran nesilşalyk. 1918-nji ýylda birinji jahan urşunda ýeňilmegi hem-de rewolýusiýa meýilli hereketleriň netijesinde Awstro-Wengriýa imperiýasy ýykylýar we Gabsburglar nesilşalygy ýaşaýşyny bes edýär.

## II
## GAHRYMANLAR WE KÖPÇÜLIK

Ýurtlaryň weýran bolşy ýa-da sarsgyna düşüşi hakyndaky gözgyny mysallar, şeýle hem beýleki bir halklaryň gülläp ösüşi, akylly-başly gurlan durmuşlary hakyndaky nusga alarlyk mysallar diňe bir hökümdarlar, ministrler ýa-da parlament wekilleri ýaly belli-belli döwlet adamlaryna däl-de, eýsem, halkyň her bir agzasyna, ýurduň her bir raýatyna hem degişlidir. Olar erkekler we zenanlar, gartaşanlar we ýaşlar, şäherliler we obalylar, akyl zähmeti bilen meşgullar we ellerini gabardyp zähmet çekýänlerdir.

Size köneden gelýän bir taryhy-filosofik jedeli ýatlatmaga rugsat ediň. Sowal: halklaryň taryhyny kim döredýär? Döwlet durmuşynyň hem-de adamzat ýaşaýşynyň iň iri, iň ähmiýetli wakalary kim tarapyndan herekete getirilýär? Olary kim ugrukdyrýar? Belli bir şahsyýetlermi, ýagny iňlis akyldary Karleýliň atlandyryşy ýaly, belli-belli beýik kişiler, gahrymanlarmy? Ýa tutuş halkyň umumylykdaky ymtylyşy, ýagny halk köpçüliginiň dyzmaç erk-islegimi, ýa-da bolmasa onuň hereketsizligimi?

Karleýl özüniň «Gahrymanlar we taryhy gahrymançylyklar» atly kitabynda gahrymanyň liderligi we onuň medeniýeti hakdaky pikirleri öňe sürýär.[3] Karleýl halk köpçüligini toýun topraga meňzedip, heýkeltaraşyň täsiri bolmasa, onuň şol durşuna galjakdygyny tassyklaýar.

[3] *Tomas Karleýl (1795-1881)* – iňlis publisisti, taryhçysy, filosofy.

Çingiz han Aziýanyň çöllerinden müňlerçe mongoly ýygnap, olara baş bolup, Hytaýy, Hindistany, Eýrany, Gadymy Rusy basyp alýar. Martin Lýuter Reformasiýa hereketini emele getirýär, Neronlar we Karakallalar gadymy Rimi heläkçilige uçratsalar,[4] Bismarkyň we Gogensollerniň syýasatlary Germaniýany elhenç sarsgyna sezewar edýär.[5]

Bir söz bilen aýdylanda, Karleýliň pikiriçe, halkyň, hatda bütin adamzadyň taryhyny aýry-aýry şahsyýetler, ruhy taýdan güýçli we akyl-paýhasly adamlar, gahrymanlar: Ramzesler, Romullar, Femistokllar,[6] Lýuterler, Bismarklar we beýleki şulara meňzeş kişiler döredýär.

Lew Tolstoý bolsa munuň tersine bolan garaýşy öňe sürýär. Onuň pikiriçe, ýaşaýşy döredýän, ony ugrukdyrýan, ähli hadysalary herekete getirýän, olara

---

[4] *Martin Lýuter* (1483-1546) – nemes ylahyýetçisi, Wittenberg uniwersitetiniň professory, katolik buthanasynda Reformasiýa (üýtgedip gurmak) geçirmegiň başynda duran taglymatçy. Neron Klawdiý Sezar (37-68 b. e.) – 54-nji ýylda rim imperatory bolýar. Ol tutha-tutluk, hususy emläkleri döwletiň haýryna geçirmek ýaly syýasatlary alyp barýar. Bu ýagdaý ilatyň ähli gatlagynyň we welaýatlaryň gozgalaň turuzmagyna getirýär. Karakalla Mark Awreliý Antonin (186-217 b. e.) – 211-nji ýyldan rim imperatory bolýar. Ol ýurdy diýdimzorluk bilen dolandyrýar, gazaply tertip-düzgünleri ýola goýýar.

[5] Ser. 1,3 çykgytlar.

[6] *Ramzes (1317-1251 b. e. öň)* – müsür faraony, onuň döwründe Müsür has güýçlenýär. *Romul* – rowaýata görä Rim şäherini esaslandyryjy we ilkinji rim şasy. *Femistokl (460 b. e. öň)* – Afin şäher döwletiniň harby serkerdesi. Onuň işjeň hereketleri esasynda Afin döwleti harby we ykdysady taýdan has güýçlenýär.

häsiýet we äheň berýän aýry-aýry kişiler – Napoleonlar däl-de, halk köpçüligi bolup durýar. Ol aýdýar:

– Deňizde ýüzüp barýan äpet gämini göz öňüne getiriň. Öňe müňzäp barýan gämi öz öňünde iki ýana serpilip barýan güýçli suw zolagyny döredýär. Şol suw zolagy gämini çekip barýar diýip aýdyp biljek tapylarmyka? Gäminiň suw zolagyny döredýändigi we öz öňünde sürüp barýandygy hemme kişä belli ahyry. Bu ýerde herekete getiriji güýç gämi bolup durýar, suw zolagy bolsa – hereketiň netijesi, ýüzüp barýan gäminiň güýç-kuwwatyny aňladýan alamatdyr. Halk bilenem edil şonuň ýaly. Halkda herekete getiriji güýç-kuwwat emele gelip, möwjän badyna onuň özi öňe müňzeýär, özi herekete gelýär we öz öňünde suw zolagyny sürüp ugraýar, öz içinden erk-islegini we ymtylmasyny beýan etjek lideri öňe çykarýar.[7]

Eger Lew Tolstoý Karleýliň gahrymany ýyldyryma deňändigini bilen bolsady, «Uruş we parahatçylygyň» awtory şeýle diýerdi:

– Hakykatdan hem, gahryman, beýik ynsan – bu ýyldyrym, emma halk köpçüligi toprak hem däl, saman küdesem. Ol ýyldyrym emele getirýän bulut. Eger bulut elektrik bilen doýgunlaşan bolsa ýyldyrym çakar. Eger bulutda elektrik ýok bolsa, ýyldyrym emele gelmez. Bulut ýöne bir bugaran suw üýşmegi bolup galar. Halk hem şeýle: eger onda beýiklik we gahrymançylyk ruhy ýaşaýan bolsa, ondan beýik ynsanlar, gahrymanlar çykyp biler.

---

[7] Bu ýerde L.Tolstoýyň «Uruş we parahatçylyk» eseriniň esasynda ýazyjynyň taryhy-filosofiýa hakyndaky garaýyşlary getirilýär.

Eger halk köpçüligi ýöne bir sowuk duman bolsa, hiç bir güýç ondan ýyldyrym emele getirip bilmez.

Şeýle göräýmäge taryhdaky gahrymanlar hakyndaky (gahryman şahsyýet hem-de halk köpçüligi) bu iki pikir hiç hili ylalaşyga geljege meňzemeýär. Olar biri-birini ret edýän garaýyşlar, ýa Karleýl mamla, ýa-da Lew Tolstoý diýen pikire gelmek hem mümkin. Ýöne Karleýl bilen Tolstoýyň garaýyşlarynyň arasyndaky gapma-garşylyk diňe göwnüňe şeýle görünýär. Olar biri-birine gapma-garşy durmaýar, olar biri-biriniň üstüni ýetirýär. Bu ýerde «ýa, ýa-da» diýip däl-de, «we, we» diýip aýtmak gerek.

Karleýliňki hem, Tolstoýyňky hem dogry. Olar puluň iki ýüzi ýaly beýik, bitewi bir hakykatyň bölekleri.

Ulaldyjy aýnany – lupany alyp görüň, ol aýratyn bir usulda ýylmanansoň, ýaýrap düşýän Gün şöhlesini bir nokada jemleýär. Şeýlelikde, aýry-aýry müňlerçe şöhläniň ýylysyny bir fokusa jemleýän ýagty nokat emele gelýär. Şol ýagty nokat agajy hem, daşy hem, demri hem ýakyp, eredip bilýär.

Halkyň içinden çykan her bir beýik ynsan – şahsyýet öz halkynyň iň gowy ukyp-başarnyklaryny, iň ýagşy gylyk-häsiýetini özünde jemlemek bilen millionlarça ynsanlaryň kalbyny tutaşdyrýar. Emma asman tutuk bolsa, eger howada Gün şöhleleri ýok bolsa, hiç bir aýna tozgany-da ýakyp bilmez, bir damja suwy-da gyzdyryp bilmez.

Şweýsar syry diňe dag otlaryny iýýän sygyrlaryň süýdünden, golland syry bolsa, diňe şol ýurduň baý öri meýdanlarynda bakylýan sygyrlaryň süýdünden taýýarlanýar. Olar – öz halklarynyň hoşboý yslary.

Biz öz ýurdumyzda näme bilen meşgullanýarys? Halkymyzyň ykbalynda nähili ähmiýetimiz bar? Bu ýerde biziň hemmämiziň ýaşaýşymyzyň we işlerimiziň häsiýeti dogrusyndaky sowal ýatyr.

Günorta ýurtlarda merjen adalary bar. Merjenler – daşlaryň özboluşly üýşmegi. Kindiwanja polipler özlerinden ownujak bölejikleri bölüp çykarýarlar, olar haýallyk bilen ösüp, ahyrynda üstünde adam ýaşabermeli giden bir adalar emele gelýär. Beýleki bir tarapdan, günorta ýurtlarda ilatyň hakyky ýagysy bolan kiçijik garynjalar hem ýaşaýar. Olar tutuş jaýlary, goş-golamlary iýip kül edýärler, adamlary ýaşaýan ýerlerinden gaçmaga mejbur edýärler.

Ýurduň abadançylygynyň, döwletiň kuwwatynyň we halkyň edermenliginiň raýatlaryň öz erkine baglydygynyň iň gowy hem mese-mälim görnüp duran nusgasy kiçijik, bary-ýogy iki million ilaty bolan garypja ýurt bolup biler.

O ýurt Ýewropanyň iň demirgazyk çetinde ýerleşýär. Bu ýerde howa şertleri gazaply, ýagmyr köp ýagýar, hemişe ümür-dumanly, käte ýazyň ahyrlaryna çenli aýazly bolsa, käte eýýäm awgustda sowuk düşýär. Topragynyň hasyly pes, meýdanynyň köp ýerini daşlyk hem batgalyk ýerler tutýar. Bu ýurtda gazylyp alynýan baýlyklar ýok diýen ýalydyr, ýer işläp bejermeklik bolsa örän kyn düşýär. Ýurduň ilaty hiç wagt özbaşdak döwlet bolup ýaşap görmändir. Ýurt hemişe haýsy-da bolsa bir goňşy döwletiň golastynda bolupdyr.

Bu döwlete Finlýandiýa – finleriň topragy diýilýär, finleriň özleri bolsa sowuk, emma söýgüli watanlaryny

«Suomi» diýip atlandyrýarlar. Ol «Batgalyklaryň ýurdy» diýmegi aňladýar.[8]

[8] Finlýandiýa halk dilinde «suomi» diýlip atlandyrylypdyr. Şol döwürlerde bu söz iki bölekden ybarat bolup, suo (batgalyk) we maa (ýer, ýurt) diýen manylary aňladýar diýlip hasaplanypdyr.

## III
## «IKUÝNEN TAÝSTELU»

Ençeme ýylyň dowamynda men Finlýandiýanyň köp ýerinde boldum. Gyşynam, ýazynam, tomusdyr güýzünem gördüm. Baý söwda şäherlerine, kölleriň hem tokaýlaryň jümmüşinde oturan çolaja obalaryna hem baryp gördüm. Umuman, finleriň ýaşaýşyny her bir tarapdan synladym. Olaryň her günki zähmetini, baýramçylyklaryny, göwün açyşlaryny gördüm. Olaryň sazyny, edebiýatyny, şekillendiriş sungatyny, teatrlaryny, binagärliklerini öwrendim. Dogrymy aýtsam, men heýjana geldim. Her gezek Finlýandiýa baranymda bu az sanly, daşyndan göräýmäge dymma, tukat, jepakeş demirgazyk halkyna bolan hormat-sylagym, söýgim barha artdy.

Şeýle bir zat ýadyma düşýär, bir gezek Gelsingforsdakam şäher teatrynda dört perdeli «Ikuýnen taýstelu» («Müdimi göreş») dramasynyň görkezilýändigini okadym.

Afişada görkezilişine görä, drama Adam ata, How ene, Habyl we Kabyl, olaryň aýallary we ýene ýüzlerçe gahrymanlar gatnaşýardy. Ýerime geçip oturyşyma, boýnuma alsam, öwüt-nesihat, dini häsiýetli tukat tomaşa synçy boljakdygym hakynda pikir etdim. Ýöne düýbünden başgaça bolup çykdy. Pýesa çuňňur filosofiýa ýugrulan, ýokary derejedäki medeniýetiň önümidi.

Pýesanyň awtory, zehinli fin ýazyjysy Linnankoski[9] özüniň güýçli, özboluşly pikirlenişiniň bardygyny

---

[9] Ýohannes Linnankoski (1869-1913) – belli fin ýazyjysy we žurnalisti. Onuň «Müdimi göreş» dramasy 1903-nji ýylda neşir edilýär. G. Petrow bu pýesa Gelsingfors şäherindäki milli teatrda,

görkezipdir. Ol Kabyly adaty görnüşde, ýagny ýabany, gödek, doganynyň ganyna galan ganhor hökmünde suratlandyrmaýardy.

Linnankoskiniň pýesasynda Kabyl Prometeýe meňzeýär, ol her bir sütemkärlige garşy çykýar, depesinden basýan her bir zada gaýduwsyzlyk bilen gaýtawul berýär. Kabyl ykbalyň her gezekki urgusyna diňe naýynjar mäleýän we başyny sadyklyk bilen çapgy ýassygynda goýýan ejiz mala çalym etmeýär. Ol özünde ägirt uly döredijilik güýjüni duýýar, ol özüne ynanýar hem-de ynsanyň we ýer ýüzüniň eşretli ýaşaýşy ugrunda dünýäniň islendik güýji bilen göreşmäge taýýar.

Haçan-da gök gürläp, ýyldyrym çakyp, asmana ot düşen dek bolanda, hemmeler sandyraşyp ýere ýazylýar. Diňe Kabyl başyny belent tutup sarsman dur.

Kabyl Habyla, uýalaryna, hatda ata-enesine hem bakyp pert gürleýär:

– Topragyň kiçijik, ejizje gurçuklary, siz diňe süýşenekläp, sandyrap hemem gybyrdyklap bilýäňiz. Siz – gorkynyň çagalary, siz dine-de müdimi gorky, müdimi ýalbarmalar hem nalyşlar hökmünde garaýaňyz. Eger siz, hakykatdan hem, Ýaradanyň bendeleri bolýan bolsaňyz, onda siz hem ýaşaýyş döredediňiz, ösüp-örňärdiňiz, ýokaryk ymtylardyňyz, beýdip ýüzin düşüp, ýer bagyrtlap ýatmazdyňyz.

Öz ýakynlary tarapyndan düşünilmedik, ýazgarylan Kabyl ejir çekýär, gam-gussa batýar, öz şübheleri, şowsuzlyklary, çekýän ýitgileri bilen göreşýär. Ýaradanyň

---

1909-njy ýylda dramanyň ilkinji görkezilişinde tomaşa eden bolmaly.

jennetinden jyda düşen hossarlary geçmişe arman çekip, ah urýarkalar Kabyl ýagty geljegi arzuwlaýar. Ol ot almagyň tärini tapýar we bu açyşyna çaga ýaly begenýär, bökejekläp pyrlanýar, oda sena aýdýar:

– Indi men ýeke däl. Indi meň ýanymda sen bar, eý, kuwwatly güýç! Sen biz üçin gijäniň tümlügini ýagtyldarsyň, aňzak aýazlary kowarsyň, bize saň gaty magdanlary eredip berersiň.

Kabyl geljek hakyndaky arzuw-hyýallara çümýär. Onuň göz öňünde medeniýetiň gülläp ösüşi janlanýar. Ol buýsançly, dogumly, güýçli hem tutanýerli. Ol hemme zada taýýar. Ol tebigatyň ähli güýçlerini göreşe çagyrýar. Ol ýaşaýşa müdimi medeni göreş hökmünde düşünýär, ony tebigatyň gara güýçleri bilen, öz kalbyňda möwjeýän gödek islegler bilen göreş hökmünde kabul edýär.

Kabyl bilen Habylyň Hudaýa hem-de dine bolan garaýyşlary çapraz gelýär. Kabyl ony ýagtylyk dörediji güýç hasaplasa, Habyl boýun egip, sadyklyk bilen hyzmat etmeli güýç hökmünde kabul edýär. Ikisiniň arasyndaky göçgünli jedeliň barşynda Kabyl saklanyp bilmän Habyly heläk edýär. Ol bu eden işinden elheder alýar. Ýöne bu waka oňa medeni göreşiň içki hem daşky ýagdaýlar bilen baglanyşykly nähili tapawutly taraplarynyň bardygyny görkezýär. Bu göreş hemişelik. Medeni ýagtylygyň içki hem daşky nadanlygyň gara tümlügi bilen müdimi göreşi.

***

Kabylyň keşbiniň Linnankoskiniň pýesasynda janlandyrylyşy hakynda aýtmak, oňa baha bermek häzir meniň wezipäme girmeýär. Kabyly tutuş adamzat medeniýetiniň we müdimi medeni göreşiň atasy diýip

hasaplamak hakykata laýyk gelýärmi – bu sowal edil häzirki pursatda biz üçin esasy zat däl. Bu ýerde ähmiýetli zat pýesanyň öňe sürýän esasy pikiri bolup durýar. Şol pikiri Kabyldan başga biri, ýagny taryhy ýa-da hyýaly bir kişi hem beýan edip bilerdi. Ol pikir – ynsan hiç wagt hiç zadyň öňünde bil büküp, ýer bagyrtlamaly däldigi hakyndaky pikir. Ol pikir – ynsan ýaşaýşy bu üznüksiz medeni döredijilik, özüňdäki we daşardaky gara güýçler bilen müdimi göreş hakyndaky pikir.

Eger siz finleriň ýaşaýşyna we durmuş şertlerine üns bilen seretseňiz, «Müdimi göreşiň» bu pikiri, şeýle hem Linnankoskiniň gahrymany Kabylyň keşbi siz üçin has aýdyň bolar. Linnankoski öz pýesasynda hut Finlýandiýanyň ruhuny şöhlelendirýär. Ol erjel ruh ýagty geljegiň her bir şöhlesi, ülkäniň medeniýetiniň her ülşi ugrunda aýgytly we paýhasly göreşe girýär.

Finlýandiýanyň kiçijik deňizýaka şäherçesi bolan Abonyň[10] daşyna diwar bolup aýlanýan ýylçyr tekiz daglygyň üstünde täze gurlan çeperçilik muzeýi seleňläp otyr. Bina diýseň kaşaň gurlup, içinde hem daşynda her bir bölegi, her bir daşy, hatda basgançaklaryň tutawaçlarydyr penjireleriň çarçuwalary hem nepisligi bilen ünsüňi çekip, hoşuňa gelýär.[11]

Muzeýde diňe fin suratkeşleriniň eserleri jemlenipdir. Olar köp bolmasa hem, eserleriň çeperçilik gymmaty fin

---

[10] Abo – Finlýandiýanyň günorta-günbatarynda ýerleşýän şäher. Bu şäher tä 1812-nji ýyla çenli ýurduň paýtagty Gelsingfors şäherine (Helsinki) geçirilýänçä paýtagt şäher bolupdyr. Finler bu şäheri Turku diýip atlandyrypdyrlar.

[11] Abonyň çeperçilik muzeýi 1904-nji ýylda binagär Gustaw Nýustrýom tarapyndan milli äheňlerde gurulýar.

sungatynyň abraýyny şeksiz beýgeldýär. Çekilen suratlar hem, ýasalan heýkeller hem fin nakgaşlarynyň ýokary tehniki ussatlyklaryny we çuňňur içki duýgularyny görkez ýär. Bu ýerdäki heýkelleriň arasynda Wikstremiň «Finlýandiýa» atly[12] ullakan heýkeli aýratyn saýlanyp dur. Heýkel üçin adaty keşp ýaş, berdaşly, uzyn boýly fin zenany saýlanyp alnypdyr. Emma heýkeltaraş bu keşbe şeýle heýkellerde seýrek duşýan içki mazmuny we duýgyny berip bilipdir.

Heýkel bütin durky bilen nähilidir bir wajyp, uly hem alysdaky bir zat hakynda çuňňur oýa batypdyr. Onuň çep eli aşak goýberilipdir. Sag eli agyr pikirlerden ýaňa aşak sallanarly görünýän başyna tekge berjek bolýan ýaly, gür saçlaryna çümüpdir. Onuň ýüzünde jebir-jepa, gynanç, hatda gussa hem däl-de, öten günleriň hasratyndan galan yzlar bar.

Wikstremiň «Finlýandiýasynyň» ýüzünde öň bolup geçen kynçylyklaryň ýeňiljek, çala bildirýän sudury bar. Bu häzir bagtyýar, güýçli we geljege ynamly, emma geçmişde köp horluklary gören, agyr hem elhenç günleri başdan geçiren zenanyň keşbi. Şol günler unudylan hem bolsa, olar öz nagrasyny salypdyr. Ol günler ýurduň kalbyny daglapdyr, halkyň bedeninde yz goýupdyr.

Fin nakgaşlary Edelfeldt, Gebhard, Enkell, Westerholm, Halonen[13] we beýlekiler, özleriniň kiçijik,

---

[12] Heýkeltaraş Emil Wikstremiň (1864-1942) «Finlýandiýa» eseri Elias Lýonrota bagyşlanan ýadygärligiň (1902) allegorik heýkelleriniň biri bolupdyr.

[13] Albert Edelfeldt (1854-1905) – fin suratkeşi, tematik žiwopisiň we manzaryň ussady. Fridrih Albert Gebhard (1894-1937) – fin suratkeşi, ol portret we natýurmort çekmekde adygan.

garypja ülkelerini hyjuwly söýýän ähli finler ýaly, tebigatyň gözelliklerini söýgi bilen nagyş edýärler, emma şol nakgaşlaryň ýiti nazarlary hem tomaşaçyny bendi etjek tebigy manzarlary tapmakdan ejiz gelýär.

Fin tebigatynda ýalňyzlyk, ýekelik gussasy agdyklyk edýär, emma onda sowuk beýikligem, seriňi aýlap, meýmes edýän ýitiligem ýok. Garaharsaň biten daşlar, ýylçyr granitler. Arçadyr sosna agaçlary. Tukat batgalyklar. Agymtyl gök asmanyň astynda aksowult ýaşyl öwüsýän köller. Siz Finlýandiýanyň niresine barsaňyz hem, hemme ýerde diňe tokaýlary hem daşlyklary görersiňiz, ähli ýerde daş köwleýänlere, gant ýaly ýyldyraýan graniti gyrdaýanlara duşarsyňyz. Basylyp goýlan odunlaryň, pürsdür tagtalaryň aňyrsy görünýän däldir. Gämi duralgalarynda içi garaýagly çelekler dag ýaly bolup durandyr.

Bu garyp ülke. Ol diňe bir zada garyp däl. Ol diňe güýç-gaýrata, gaýduwsyz zähmete garyp däl. Ol özüniň hasylsyz topragyna bolan söýgä garyp däl.

Gelsingforsda, fin sungatynyň genji hazynasy saklanylýan «Ateneumda»[14] siz Ýarnfeldiň, Haloneniň, Blomstedtiň we Rissaneniň[15] finleriň bu ülkedäki

---

Magnus Enkell (1870-1925) – simwolizm ugrunyň iň meşhur wekilleriniň biri. Wiktor Westerholm (1860-1919) – fin peýzaž žiwopisiniň iň bir meşhur wekili. Pekka Halonen (1865-1933) – fin suratkeşi, ol hem edil Edelfeldt ýaly, fin žiwopisiniň «altyn asyrynyň» (1800-1900) iň görnükli wekilleriniň biri hasaplanýar.

[14] Ateneum – Finlýandiýanyň esasy çeperçilik muzeýi. Muzeý 1887-nji ýylda, neorenessans usulynda gurulýar.

[15] Eero Ýarnfelt (1863-1937) – fin žiwopisiniň «altyn asyrynyň» görnükli wekilleriniň biri. Wýaýnýo Blomstedt (1871-1947) – fin suratkeşi, simwolizm usulynyň wekili. Ýuho Rissanen

ýaşaýyşlarynyň nähili güýç-gaýrat, zähmet hem jebir-jepa talap edýändigini aýdyň suratlandyrýan eserlerini taparsyňyz. Ol suratlaryň köpüsi şol bir görnüşi janlandyrýar. Daýhan öz maşgalasy bilen ekin üçin meýdan arassalap ýör. Agaçlary çapyp aýyrýarlar, töňňeleri köwleýärler hem ýakýarlar, harsaň daşlary gazyp çykarýarlar. Ot-çöp bitmeýän daşlyk meýdanlara toprak daşaýarlar.

Bu ýerde topragyň her bir dabany giden bir nesliň zähmetini talap edýär. Göýä, tebigat ynsanyň üstünden gülmek isläne çalym edýär: ol ony batgalyklaryň hem ýalaňaç daşlyklaryň arasyna taşlapdyr. Emma ynsan tebigatdan çekinmändir. Ol onuň garşysynda döş geripdir we üstün çykypdyr.

Finlýandiýanyň şäherleriniň köpüsiniň köçelerinde gezip ýörkäňiz somalyp oturan granit daşlaryny görersiňiz. Daş üýşmekleri hatar tutup, giden bir meýdana uzap ýatandyr. Kim Gersogowinanyň ýylçyr depelerini gören bolsa, şol finleriň çekýän zähmetine düşüner. Biziň Russiýamyzda, Nowgorod we Pskow guberniýalarynda hem şoňa meňzeş harsaň daşlyklar duşýar. O ýerde olary «melgunyň gantdany» diýip atlandyrýarlar. Finler öz «gantdanlaryny» bagy-bossanlyga we seýilgählere öwrüpdirler. Olar ýalaňaç daşlyklaryň üstüni toprak bilen örtüpdirler, bagdyr gülleri ekipdirler.

– Maňa Kabyly beriň – diýip, «Ikuýnen taýstelu» eseriniň awtory Ý. Linnankoski aýdýar – men ony öz

---

(1873-1950) – fin žiwopisiniň «altyn asyrynyň» görnükli wekilleriniň biri, onuň döredijiligi, esasan, halkyň durmuşyny suratlandyrypdyr.

ylhamym bilen medeni ösüşiň müdimi göreşijisine öwreýin.

Finlýandiýalylar:

– Bize batgalyklar hem daşlyklar ýetipdir, biz ony ösen, medeni ülkä öwürdik – diýipdirler. Olar muny öz asyrlap çeken zähmetleriniň, tutanýerli işleriniň üsti bilen aýdypdyrlar.

Bularyň hemmesini kiçijik, ilat sany üç million töweregi bolan, has takygy, iki million üç ýüz müň finden we dört ýüz müň şwedden ybarat halk amala aşyrypdyr.[16]

***

Suomi bilen tanşanyňdan soňra oňa gözüň gidýär. Bu ýurtda hemme zat kiçijik: şäherlerem, obalaram, tebigy baýlyklaram, emma abadançylyk welin örän uly. Weýrançylyklardan, harabaçylyklardan, hapaçylyklardan, eden-etdiliklerden bu ýerde nam-nyşan ýok.

Peterburgdan bary-ýogy üç ýarym sagat uzaklykda ýerleşýän Wyborgdan başlap siz özüňizi başga bir dünýä düşen dek duýarsyňyz. Wyborg, Kuopio, Uleaborg, Wasa, Tawastgus[17] – bu şäherleriň hemmesi hem, göýä, eliň aýasyna ýerleşäýjek ýaly bolup görünýär, ýöne olaryň ählisi gurjak ýaly owadan şäherler. Jaýlar edil sergide goýlan suratlara çalym edýär.

---

[16] Finlýandiýa hakyndaky statistik maglumatlar G. Petrowyň 1910-njy ýylda neşir edilen «Batgalyklaryň ýurdy» kitabyndan alynýar.

[17] Finlýandiýanyň şäherleri. Kada görä, her bir şäheriň iki sany ady: fin we şwed dillerindäki ady bolupdyr. Meselem, fin dilinde Wyborg (Vyborg, bu şäher 1939-njy ýyldan SSSR-iň düzümine girip, häzirki wagtda Russiýa federasiýasynyň düzümindedir) atlandyrylyp, şwed dilinde Wiipuri (Viipuri) diýlipdir.

Köçeler giň, arassa hem oňat edilip daşlanan. Howlular gül pürkülen ýaly päkize, öýler rahat hem amatly. Myhmanhanalar, poçta menzilleri, duralgalaryň töweregi – diýseň arassalygy hem tertibi, täzeje iýmiti, amatly şertleri hem zatlaryň arzanlygy bilen haýran galdyrýar. Bularyň üstüne ýerli halkyň her bir daşary ýurtlyny aňk edýän ynsabyny hem goşmak gerek.

Ýurduň esasy şäheri Gelsingfors barada-ha aýdybam oturmaly däl. Biz, slawýanlar üçin ol göze görnüp duran nusga bolup biler. Hiç hili zynat, ýerliksiz harç edilen serişde, göz üçin edilen zat görmersiň, oňa derek hemme zat berk, ýerbe-ýer, owadan hem arassa. Täze gurlan otly menzili hem şonuň ýaly. Ol şäheriň merkezindäki esasy meýdançada bina edilipdir. Onuň gapdalynda Fin milli teatry, sungat mekdebi bilen birlikde «Ateneum» hem-de halk seýminiň binasy ýerleşýär.[18]

Otly menziliniň daş görnüşi özüniň ýönekeýden gelen merdemsi owadanlygy bilen täsin galdyrýar. Binanyň ýekeje-de çylşyrymly, artykmaç epilip bükülen ýeri ýok, şeýle hem siz onda ýekeje-de başdansowma, manysyz edilen zady görmersiňiz. Binanyň içinde hemme zat eliň aşagynda: poçta, telegraf, ýükler, petek satylýan kassalar.

Fin milli teatry – täze fin binagärliginiň miwesi. Fin şäherleri indi özleriniň täze desgalarynyň binagärlik durky bilen hem gözelleşýärler.

Bu babatda alanyňda, hiç hili ulaltmazdan, häzir finler orta asyrlaryň florensiýalylaryny ýada salýar diýseň hem boljak. Siz diňe Florensiýada, hatda onuň iň bir çolaja

---

[18] G. Petrow bu ýerde Helsinkiniň Demirýol menziliniň meýdançasynda gurlan binalary suratlandyrýar.

köçelerinde hem aňkaryp synlap durmaly owadan jaýlara ýygy-ýygydan duşarsyňyz. Finlerde hem edil şonuň ýaly.

Içgysgynç batgalyklaryň, birmeňzeş daşlyklaryň hem tokaýlaryň arasynda ýaşaýan bu taýpada güýçli gözellik duýgusy nireden döreýärkä, ol duýgynyň nähili çalt ösýändigine, ers-mers bolup barýandygyna bir seretseňizläň!

Gelsingforsyň hem-de Abonyň çeperçilik muzeýleri aýratyn üns bereniňe degýän ýerler. Olar şeýlebir baý bolmasalar hem, bar bolanja zatlary oňat, çeperçilik taýdan gymmatly zatlar. Olardaky nakgaşlyk eserleri hem gowy welin, heýkelleri has hem oňat, binagärlik eserlerihä hemmesinden hem gözel. Finler hem edil demirgazyklylar ýaly, ilki bilen jaýyň daşky diwaryndan başlap, soňra içki gurluşyna geçýäne çalym edýär.

Gelsingforsda bir bolgar ýazyjysy bilen bile boldum.[19] Bir gezek ol esasy meýdançada durup, esli wagtlap Fin milli teatryny synlady. Soň binanyň ýakynyna bardy-da, ony birlaý gözden geçirip, gözügidijilik bilen dillendi:

– Hawa, onuň öz keşbiniň bardygyna düşünýän. Ony häzir synlamagam ýakymly welin, soňam unutmarsyň. Biziň Sofiýamyzdaky ýaly däl. Halk teatryny gurdular, giden pul harç etdiler, bina bolsa – ullakan sandyk.

Teatr – bu ýeke-täk nusgalyk däl. Eger finler isleseler, ýurduň dürli künjeginde diýseň ussatlyk bilen gurlan binalaryň ullakan bir albomyny neşir edip bilerdiler. Meselem, Abodaky çeperçilik muzeýini, Tammerforsdaky

[19] Bolgar ýazyjysy diýip, G. Petrow, megerem, bolgar publisisti hem-de soňra öz kitaplaryny bolgar diline terjime eden terjimeçi Dino Božkowy göz öňünde tutan bolsa gerek.

täze ybadathanany almak bolar.[20] Täze ybadathanadan gözüňi aýrar ýaly däl. Bina diňebir tutuşlaýyn alanyňda owadan bolman, onuň her bir bölegi uly bir sungat eseri bolup durýar. Gapylar, penjireler, gümmezler, ýagyş suwlary üçin ýapjagazlar, oklaw ýaly burçlar, karnizler... Her bir daş işçiniň däl-de, ussat nakgaşyň eli bilen goýlana meňzeýär.

Abonyň depäniň üstünde gurlan muzeýine daş basgançaklar bilen barylýar. Tammerforsyň ybadathanasynyň çar künjünde kiçeňräk daş haýatlar bar. Daş haýatlaryň we basgançaklaryň tutawaçlarynyň uzynlygy alty-on metr, beýikligi bir ýarym, iki metr. Ýöne ýene daşlaryň örülişini, çerepisa bilen örtülişini aýtsana! Olaryň her bir bölejigi suratyny çekmäge höweslendirýär.

Muzeýiň içi has hem gözel, has hem çeper sungatyň önümi bolup durýar. Agaç basgançaklar, diwar örtükleri, surat çarçuwalary, kindiwanja küýzejikleriň içinde ösüp oturan enaýyja ösümlikler – bularyň hemmesi ýekelikde hem, bitewülikde hem diýseň ajaýyp.

Bularyň hemmesiniň hiç bir babatda bolelinçiligiň ýok ýerinde, garypja ülkede amala aşyp durandygyny hem unutmaň. Uly baýlyklar Finlýandiýanyň özünde-de, onuň hiç bir raýatynda-da ýok. Onsoňam zehinleri çöpläbermeli atyzlar hem köplük edip baranok: ýurduň bary-ýogy üç million töweregi ilaty bar. Ýöne, barybir, tutuş Finlýandiýany bitewi bir abadançylyk muzeýi hasap etmek boljak.

---

[20] Tammerforsyň ybadathanasy binagär Lars Sonkanyň iň meşhur işleriniň biri bolup, 1902-1907-nji ýyllarda milli romantizm usulynda gurlupdyr.

***

Munuň syry nämede? Ýerli ilatyň üýtgeşik ukyby, zehini barmy? Ýöne iň bir watançy fin hem munuň beýledigini aýtmaz. Ukyp zehin babatda hem, zähmetsöýerlik babatda hem slawýanlar finlerden, asla ýer ýüzünde hiç kimden pes oturmaýarlar. Bu ýerde tapawut başga zatda.

Zähmet bar, zähmet. Gödek zähmet, öküziň, iş ýabysynyň zähmeti, bar – akyl-paýhasa, ylym bilime, tejribä daýanýan zähmet bar, akyl paý has bilen on, ýüz, müň mertebe güýçlendirilen, artdyrylan zähmet bar.

Erk-ygtyýarsyz, elgarama, kesekiniň kellesine görä, kesekiniň eli bilen edilýän zähmet hem bar. Beýle zähmet diňe ejir berýär. Kuwwat berýän, janyňa jan goşýan zähmet hem bar. Erkin, öz bildigiňden edilýän zähmet hem bar. Janly, döredijilikli zähmet hem bar. Bürgüt ganatly zähmet hem bar. Bu ýerde finler bilen biziň aramyzda, olar Russiýa goşulanlary bäri we häzirki güne çenli, zähmetiň hilinde uly tapawut bar.

Finlýandiýanyň hasylsyz, daşly hem az sanly ekin meýdanlary hiç wagt hem öz ýaşaýjylaryny çörek bilen ýeterlik üpjün edip bilmändir. Ýurt asyrlarboýy daşyndan satyn alynýan galla bilen eklenip gelipdir. Häzirki wagtda ýurduň daşyndan getirilýän azyklyk galla daşardan getirilýän ähli harytlaryň üçden birine golaýdyr. Emma Finlýandiýa açlygam, gedaýçylygam bilmeýär.

Oňa derek ýurtda, Bosniýanyň ýa-da Dalmasiýanyň çägi ýaly çäkde, bir uniwersitet, bir politehnikum, 51 sany gimnaziýa, 23 sany uçilişşe, 8 sany mugallymlar

seminariýasy[21], 7 sany deňiz, 9 sany söwda, 10 sany tehniki, 24 sany oba hojalyk we beýleki uçilişşeler bar. Haçanda, siz ýerine baryp, bu mekdepleriň nähili gurlandygyny we olaryň ýurduň çäklerinde nähili tertipde ýerleşdirilendigini öz gözüňiz bilen görseňiz, has hem haýran galarsyňyz.

Mekdepler diňebir daş görnüşleri bilen däl-de, arassalygy, mähnet penjireleri, beýik petikli synp otaglary, giň dälizleri, birkemsiz ýelejirediji ulgamy, gelşikli goýlan rahat mebelleri, dürli oýunlar üçin niýetlenen arassa we giň howlulary, oňat enjamlaşdyrylan sport zallary bilen hem mazamlanýar.

Bu tutuş Finlýandiýa mahsus ýagdaýdyr. Wyborg şäherinde rus, şwed we fin aýallar gimnaziýalary, rus we şwed uçilişşeleri, şwed we fin liseýleri, şeýle hem, doly däl liseý, fin ýaşlar mekdebi, rus we fin milli mekdepleri, deňiz, söwda we ýokary hünärmentçilik uçilişşeleri, aýallar gurnaklary, şwed we iki sany fin taýýarlaýyş uçilişşesi hem-de başlangyç hünärmentçilik uçilişşesi hereket edýär.

On bäş müň ilaty bolan Kuopioda seminariýa mekdebi, liseý, tehniki uçilişşe, kerler we körler üçin uçilişşe, senagat mekdebi, aýallar gimnaziýasy, söwda mekdebi, birnäçe milli mekdep, ýetginjek oglan-gyzlar üçin dokuz ýyllyk şwed we ýedi ýyllyk fin mekdepleri bar.

Tawastgusyň bary-ýogy alty müň töweregi ilaty bar. Daşyndan göräýmäge ol çolaja şäherçe ýaly görünýär.

---

[21] Seminariýa – ýörite orta mekdepler bolup, dini seminariýalar ruhanylary, mugallymlar seminariýasy başlangyç mekdepler üçin mugallymlary taýýarlapdyr.

Men ony uzaboýuna-da, keseligine-de sähel salymyň içinde söküp çykdym. Tutuş şäher boýunça birje myhmanhana bilen birje restoran («Teatralnyý») bar. Restoranyň uly zalynda kämahal sahna oýunlary görkezilýär eken. Emma mekdepler welin hatar-hatar diýseň hem boljak. Şäherçede sekiz ýyllyk oglanlar gimnaziýasy, mugallymlar seminariýasy, ýokary dokmaçylyk mekdebi, iki sany aýallar gimnaziýasy, iki sany ýokary milli mekdep, başlangyç mekdep, işçiler üçin agşamky mekdep, «Erkin ybadathana» mekdebi, düzediş mekdebi, taýýarlaýyş we rus mekdepleri hereket edýär.

Bizde şunça mekdebi bolan alty müň ilatly şäherçäni tapjak bolup görüň!

Abo şäheriniň bolsa bir million bir ýüz elli müň rubl bolan ýyllyk girdejisiniň iki ýüz müň rubla golaý serişdesi mekdeplere harç edilýär. Mekdepleriň gurluşyny dagy görseňizläň!

Ýaş wagtlarym Peterburgyň gimnaziýalarynda ençe ýyl mugallymçylyk edipdim. Synp otaglary dardy hem-de okuwçylardan gyra-gyrma dolýardy. Sagat 12-den soň synp otaglarynda dem almaga howa galmaýardy. Okuwçylaryň diňlemäge ýagdaýlary galman, ünslerini jemläp bilmezdiler. Mugallymlar gaharlanardy. Okuwçylar yzly-yzyna daş çykmaga rugsat sorap başlardylar. Özem bu paýtagt şäherde şeýledi.

Wyborgdaky we Tawastgusdaky liseýler, Gelsingforsdaky aýallar gimnaziýasy – daş görnüşleri boýunça kiçeňräk köşklerdi. Mekdep jaýlary – fin şäherleriniň gelşigi. Meselem, Aboda, şäheriň üstüne abanyp duran dagyň depesinde, kanalyň kenarynda kiçijik

gala, minara çalymdaş jaý seleňläp otyr. Ol jaý deňizçilik mekdebi.[22] Beýleki bir tarapa, lowurdap oturan muzeý jaýyna tarap gitseňiz, ýeke duran ak binany görersiňiz. Bu haýsydyr bir sungat muşdagy bolan baýyň öýüdir öýdersiňiz. Emma bu hem mekdep, söwda mekdebi.[23]

Wyborgda mekdepler bir ýere jemlenip, petigi beýik otagly, ullakan penjireli, ýagty zally jaýlar hatar tutup otyr.

Mekdeplerde sapaklar aýratyn tertipde okadylýar. Ir sagat 8-den 10-a çenli iki sagat, öýlän sagat 2-den 4-e çenli hem iki sagat. Şonuň üçin okuwçylar hiç mahal dymyk howaly synp otaglarynda oturyp ýadamaýarlar. Synp otaglary hemişe ýelejiredilip durulýar.

Fin ýaşlary boş wagtlary gyşyna konkili hem lyžaly typsalar, tomsuna göreşýärler, suwa düşýärler, top oýnaýarlar, ylgamakda ýaryşýarlar, saglyklaryny we bedenlerini berkidýärler.

Eýýäm alabaharda siz köçelerde oýnaşyp ýören aýakýalaň çagajyklary görersiňiz. Çagalaryň üst-başlarynyň gurgunlygy olaryň aýaklarynyň ýalaňaçlygynyň garyplyk zerarly däldiginden habar berýär. Mekdep okuwçylary-ha has hem hoşuňa gelýär. Biziň çagalarymyzyňky ýaly hor, igli bedenleri, solgun ýüzleri görjek gümanyň ýok. Olar, göýä, ýugrumy ýeten hamyrdan taýýarlanan ýaly maňzy bitin, tokarja görünýärler.

---

[22] Abo şäherinde nemes binagäri Karl Engel tarapyndan 1817-nji ýylda gurlan bina. Dogrudan hem, binanyň daşky görnüşi minarany ýatladýar.

[23] Söwda mekdebiniň üç gatly jaýy 1908-nji ýylda binagär Hendersson tarapyndan ýugend usulynda gurlupdyr.

– Mekdepler – biziň esasy baýlygymyz – diýip, finlýandiýalylar aýdýarlar. – Bizde siziň Uralyňyzdaky ýaly känlerem, Sibriňizdäki ýaly altyn alynýan ýerlerem ýok. Tebigat bize öz peşgeşlerini eçilmändir. Biz hemme zady öz güýjümiz bilen gazanmaly bolýarys. Raýatlarymyzdan näme başarýan bolsalar, şony talap etmäge mejbur bolýarys. Biz öz mekdeplerimizde ýaşlarymyzy hut zawodlarda iňlis poladynyň taplanylyşy ýaly taplaýarys. Biz mekdeplerimiz arkaly öz daşlyk hem batgalyk ülkämizde Russiýanyň hataryna girýän beýleki halklaryň heniz has daşda bolan bolelin durmuşyny döretdik. Mekdeplerimizi elimizden alaýsalar – biz heläk bolarys. Hamyrmaýasyz hamyr ýaly myssararys.

Tutuş ýurtda bilimiň şeýle giň gerim bilen ýaýrany sebäpli ilat hem okamaga, kitaba, gazet-žurnala imrinipdir.

Abonyň muzeýinde Aksel Galleniň ajaýyp surat eseri saklanýar.[24] Onda balykçynyň pukaraja çatmasy şekillendirilipdir. Öýüň ýalaňaç diwarlary, gaty oturgyçlar, agaç stol görünýär. Ýerde sary giden torlar ýatyr. Ýokardan asylyp goýlan syrykdan çörege derek çowdary külçeleri sallanyşyp dur. Goja balykçy torlaryny ýamaýar. Stoluň başynda egni köýnekçe oturan ýedi ýaşyndaky agtyjagy sözleri kynlyk bilen aýdyp, atasyna kitap okap berýär. Maşgalanyň beýleki agzalary iş aladalary bilen gidipdirler. Öýde diňe goja bilen agtygy bar, olaryň ikisi hem kitaba gümra.

[24] Bu iş A. Galleniň iň belli eserleriniň biri bolup, «Ilkinji sapak» diýlip atlandyrylýar. Bu eser häzirki wagtda Helsinkiniň Ateneum muzeýinde saklanylýar.

Ýurtda gazetler hem mekdepler ýaly örän köp. Her bir şäherçäniň öz gazeti bar. On sekiz müň ilaty bolan Wyborgda dört sany gazet: iki sany fin we iki sany şwed gazeti çap edilýär. Obalarda her bir maşgala diýen ýaly gazete ýazylýar.

Men şeýle bir mysaly bilýärin. Obalaryň birinde iki sany pukaraja, emma, adatça, arassaja külbe bar. Olaryň birinde ýalňyz çolak goja, beýlekisinde kör kempir özüniň on ýaşly gyz agtygy bilen ýaşaýar. Bu sandan galan iki garry bileleşip gazete ýazylýarlar. Garry kempiriň agtyjagy bolsa her gün poçtadan gazet alyp gelýär hem-de kör enesini idip, aýaksyz gojaň öýüne äkidýär we o ýerde olara tutuş gazeti okap berýär.

Şonuň üçin bu ýerde halkyň iň bir ýönekeý gatlagy hem gaflat ukusyna batyp, gury şaha ýaly çüýräp gitmeýär. Adamlar öz pakyr-pukaralyklaryna boýun bolup, başga biriniň edip eýlänine, erk-islegine kaýyllyk bilen, «Näme bolsa görübereris-dä» diýip gezip ýörmeýärler.

Ýok, göýä, tokaýyň ter, ýaşyl otlarynyň gury ýapraklaryň astyndan dürterip çykyşy dek, bu ýerde hemmeler we her kim öz sowatsyzlygynyň, bilimsizliginiň, hünärsizliginiň astyndan güberçekläp çykýar. Ülke başdanaýak, tutuşlygyna ýaşaýyş hyjuwy bilen gaýnap-joşýar.

Ýaňy ýakynda hem aşpez bolup işläp ýören Miina Sillanpýaýa[25] öz-özi okap-öwrenip, indi makala ýazýar, aýallar jemgyýetini döredýär, birtopar wajyp

[25] Miina Sillanpýa (1866-1952) – ilkinji fin zenan syýasatçylarynyň biri, Finlýandiýada ilkinji zenan ministr.

jemgyýetçilik meselelerini gozgaýar, ýurduň syýasy durmuşynda görnükli orun eýeleýär, parlamentiň deputatlygyna saýlanýar.

Finlýandiýada parlament saýlawlaryna diňe bir erkek adamlar gatnaşman, eýsem, aýallar hem halk wekilleri hökmünde saýlanýar.[26] Olar kanun çykaryjy mejlislerde, adatça, hasaba hem alynman, göz ýumulýan meseleler hakynda batyrgaýlyk bilen aýdyp başlaýarlar.

Maşgala, nika, aýallaryň jemgyýetdäki ýagdaýy hakyndaky kanunlara täzeden seredilýär.

Serhoşlyga garşy ýiti göreş alnyp barylýar. Finlýandiýada gazna sandygyny serhoş ediji içgileri satmakdan gelýän girdeji bilen doldurmaýarlar-da, şol içgiler halk gözünden daşrakda bolar ýaly, olary sandyga salyp, daşyndan gulp urýarlar. Finlýandiýanyň ähli ýerinde serhoş ediji içgileri diňe ullakan gaplarda, 5 markadan satyn alyp bolýar. Şeýle bahadan aňsat satyn alaýmasaň gerek.

Finlýandiýanyň halkynyň sosial durmuşy, ykdysadyýeti, syýasy hem-de ylym-bilim ulgamy şeýle ajaýyp gurnalypdyr. Finlýandiýanyň ýa-da finleriň öz watanlaryny atlandyryşlary ýaly «Suominiň» ilatynyň dogruçyllyklary aýratyn bir kyssa. Kim Finlýandiýada bolup görmedik bolsa, onuň fin dogruçyllygyna ynanmazlygy, düşünmezligi hem ahmal.

Finlýandiýadan başga hiç ýerde siz beýle zada gabat gelmersiňiz.

---

[26] 1906-njy ýyldan başlap Finlýandiýada parlament saýlawlaryna ählumumy hukugy kepillendirýän kanun hereket edip ugraýar. Bu kanunyň esasynda aýallar hem saýlamaga we saýlanmaga hukuk gazanýar.

Bu zatlaryň hemmesi özgeler bilen deňeşdireniňde has ýaş Finlýandiýanyň tutanýerli zähmeti arkaly bary-ýogy 70-90 ýylyň içinde gazanylypdyr. *Olaryň ýokary medeni derejesi – tutuş halkyň işidir.*

## IV
## SUOMI

Finlýandiýalylar Russiýanyň demirgazyk-günbatar çetinde oturýar. Finlýandiýanyň aňry tarapynda Şwesiýa ýerleşýär. Tä 1811-nji ýyla çenli finlýandiýalylar Şwesiýanyň tabynlygynda bolýar.[27] Şwesiýa bilen finlýandiýalylaryň arasyndaky gatnaşyk Awstriýa bilen Woýewodinadaky ýa-da Bosniýa we Gersogowinadaky serbleriň aragatnaşygyna meňzeýär. Bütin häkimiýet, ähli söwda we senetçilik işleri, mekdep, hatda ybadathana hem şwedleriň elinde eken. Dolandyryjy işgärleriň, intelligensiýanyň ählisi – kazylar, emeldarlar, lukmanlar, serkerdeler, ruhanylar, mugallymlar şwedler bolupdyr. Ýokary gatlagyň pes gatlagy äsgermeýşi ýaly, şwedler hem finlere äsgermezçilik bilen seredipdirler. Finleriň hem edil şwedleriňki ýaly syýasy erkinlikleri bolsa-da, olar aň-bilim, ykdysady, hatda ruhy taýdan hem tabynlykda bolupdyrlar.

Bu ýagdaý fin halkynyň medeni ösüşine ýaramaz täsir edipdir. On sekizinji asyryň ahyrlaryna çenli, has takygy, on dokuzynjy asyryň kyrkynjy ýyllaryna çenli fin medeniýeti edil kapas, howasyz ýerzeminde ösüp oturan solgun hem iglije ösümlige çalym edýär. Finleriň bilimi okap-ýazmakdan aňry geçmändir.

1808-nji ýylda, rus şwed urşunyň barşynda rus patyşasy Aleksandr I öz goşunlary bilen Finlýandiýanyň

---

[27] G. Petrow bu ýerde ýalňyşýar. Finlýandiýanyň Russiýa birikmegi 1811-nji ýylda däl-de, 1808-1809-njy ýyllaryň rus-şwed urşunda Russiýanyň ýeňmegi netijesinde 1809-njy ýylda bolup geçýär.

ýarysyny eýeländen soňra, finleriň Borgo şäherinde bütin Suominiň wekillerini çagyrypdyr we olardan sorapdyr:

– Siz öňkiňiz ýaly şwedleriň tabynlygynda galmak isleýärsiňizmi? Ýa-da fin halkynyň öňki öz-özüňi dolandyryş hukuklarynyň ählisini saklap galmak şerti bilen, Russiýa birleşmäge razymysyňyz?

Fin halkynyň wekilleri Finlýandiýanyň Russiýa birleşmegine razylaşypdyrlar, imperator Aleksandr I bolsa özüniň hem-de öz mirasdüşerleriniň adyndan finleriň şwed agalygy döwründäki konstitusiýasyny berjaý etjekdigine *ant içipdir.*

Finlýandiýanyň Russiýa birikmegi iki tarap üçin hem bähbitli bolupdyr. Finlýandiýanyň özi Russiýa üçin gerek bolmandyr. Çünki Finlýandiýa garyp ýurt. Finlýandiýany özüne birikdirmekden Russiýa hiç hili maddy bähbit aramaýar. Finlýandiýa Russiýa başga sebäpden zerurdy.

Finlýandiýa bilen araçäk rus paýtagtyna, Petrograd şäherine golaý geçýär. Demirýol bilen bary-ýogy iki sagatlyk ýol. Islendik tarap bilen uruş turan ýagdaýynda duşmanyň Finlýandiýany aňsatlyk bilen eýeläp, şol ýerden hem hut paýtagta howp salyp biljekdigi aýdyň zat. Şol sebäpli araçägi Petrograddan daşlaşdyrmak üçin Finlýandiýany tabynlygyňa salmak zerurdy. Finler bolsa Russiýa birikmek arkaly özboluşly medeniýetlerini ösdürmäge mümkinçilik alypdylar. Şwedleriň köpüsi öz ýurduna gitmän, Finlýandiýada rus häkimiýeti astynda galýar, emma olar eýýäm ýurduň syýasy hojaýynlary däldi. Indi finler öz intelligensiýalaryny, öz emeldarlaryny döredip biljekdiler. Şeýlelikde, olar ýeňlerini çyzgap,

medeni ösüşi gazanmak ugrunda yhlas bilen işe girişýärler.

Ilkibaşda güýçler kemterlik edýär. Fin mugallymlary, fin ruhanylary, fin intelligensiýasy sanaýmaly sähelçe adamdy. Emma bu olaryň hyjuwyny gowşatmaýar, tersine, olaryň güýç-gaýratyny, yhlasyny goşalandyrýar.

Heniz Aleksandr I döwründe fin medeniýetiniň öňbaşçysy Snelman bolýar.[28]

[28] Ýuhan Wilhelm Snelman (1808-1881) – filosof, publisist, döwlet işgäri. Fin milletiniň kemala gelmeginiň ruhy howandary.

## V
## SNELMAN

Snelman täze, ýaş fin intelligensiýasynyň iň gowy wekili bolupdyr. Ýaş mugallymlaryň, ruhanylaryň, adwokatlaryň we emeldarlaryň birnäçesi Finlýandiýada halk köpçüliginiň aň-düşünjesi, sowgady ugrunda öwüt-ündewe başlapdyr. Olar hemişe şulary nygtapdyrlar:

– Intelligentlik – bu oňatja geýnip, ýakaň krahmallyja, başyň şlýapalyja gezip ýörmek däldir. Intelligensiýa – halkyň beýnisidir. Halk sizi bilim alyp, gowy aýlyk alyp, agşamlaryna restoranlarda oturmagyňyz, kartdyr domino oýnap ýörmegiňiz üçin ýetişdirmedi. Eger şeýle bolsa siz intelligensiýa däl, siz intelligensiýanyň zeňi. Siz halkyň aňyny, halkyň erkini we güýç gaýratyny, halkyň ynsabyny oýarmaga borçlusyňyz. Halkyň pikirini oýarmalysyňyz. Halka – daýhanlara, işçilere, jemgyýetiň aşaky gatlaklaryna nähili gowy ýaşamalydygyny, gowy durmuşy nähili gurmalydygyny öwretmelisiňiz.

– Halka nähili işlemelidigini, pukara-da bolsa sagdyn ýaşaýşyny nähili gurmalydygyny öwrediň. Bagtyýar, abadan maşgala durmuşyny döretmegi: adamsynyň aýalyna sarpa goýmagyny, aýalynyň adamsyny hormatlamagyny, çagalary terbiýelemegi öwrediň.

– Halky dogrulyga, tertip-düzgüne öwrenişdiriň. Onuň ynsabyny kämilleşdiriň. Oňa tertip-düzgüniň gadyryny bilmegi, özüniň we kesekiniň hukuklaryny hormatlamagy öwrediň.

– Şu zatlarda halka görelde boluň.

– Halka bolan gatnaşygyňyz, sözüňiz hem işiňiz bilen özüňiziň onuň tälim-terbiýeçisidigiňizi görkeziň.

– Bütin Suomimiziň ullakan bir maşgaladygyny, tutuş fin halkynyň bolsa, goý, ol garyp tokaý çapyjy bolsun, ýa haýsydyr bir işçi, ýa-da dul galan kir ýuwujy bolsa bolsun, öz doganlaryňyzdyr uýalaryňyzdygyny unutmaň.

– Siziň wezipäňiz olary terbiýelemekdir. Olary uly, medeniýetli halklaryň hataryna goşmakdyr.

– Halkyňyzyň bisowatlygynyň, nadanlygynyň, biweçliginiň, näsaglygynyň, garyplygynyň – siziň masgaraçylygyňyzdygyny, jenaýatyňyzdygyny unutmaň.

Halkyň arasyndan çykan az sanly ýaş mugallymlar, ruhanylar, lukmanlar şeýle pikir edipdirler, şeýle diýipdirler we ýazypdyrlar. Olaryň arasyndan Snelman dyzmaç hyjuwy, güýç-gaýraty bilen saýlanypdyr.

Snelman gyşyň güni lyžaly, bahar hem tomus pasyllarynda gaýykly ýa-da paýu-pyýada Finlýandiýany obama-oba, şäherme-şäher aýlanypdyr. Ol dürli adamlar: tebigaty boýunça aýratyn zehinli daýhanlar, tokaýdyr şahtalarda zähmet çekýän işçiler bilen duşuşypdyr. Iň terbiýeli, akylly başly oglan gyzlar bilen tanşypdyr. Olar bilen gürrüňdeş bolupdyr. Olara kitapdyr gazet-žurnallary beripdir. Olaryň salgysyny alyp, olar bilen hat alşypdyr. Snelman:

– Men garaňky künçlerde janly çyraglary ýakdym. Has oňat şöhle saçar ýaly, olara ýag guýup durdum – diýmegi halar eken. Ol:

– Goý, uly bolsa bolubersin, emma bir, iki ýa-da üç sany derýa bilen tutuş ýurduň ilatyny suwdan gandyryp bilmersiň. Iň bir kiçijik, çolaja obajygyň hem öz gözbaşy – köli, çeşmesi, guýusy bolmaly. Halkyň ruhy teşneligi babatda hem şeýle. Her bir künjegiň öz parasatly

ynsanlaryna, dirilik suwuny paýlaýan guýularyna mätäçligi bar – diýipdir.

Snelman şeýle adamlara hat ýazypdyr, soňra ol hatlar bir ýerden beýleki ýerlere ugradylypdyr. Snelman şol hatlarynda (dost-ýarlary olary apostollaryň hatlaryna meňzedip degşipdirler) kimleri ruhlandyrypdyr, gaýrata galdyrypdyr, kimleri bolsa köteklăpdir. Başga birlerine maslahat beripdir, täze ýumuşlary buýrupdyr, görelde alarlyk mysallary getiripdir.

Ol hatda başga bir ýere geçip barýan hem bolsa, säginen ýerinde halkyň aň-bilimi bilen iş salyşýan adamlary toplap, olara şeýle diýipdir:

– Siz kendirden tanapyň nähili edilýändigini bilýäňizmi? Ilki bilen şahalardan süýüm alynýar, şol süýümden hem inçejik sapaklar egrilýär, soňra olar işilip, ýüp edilýär, şol ýüpleriň birnäçesini bilelikde işibem, mähnet deňiz gämileri baglanylýan ýogyn tanaplar örülýär. Biziň işimizde-de şonuň ýaly. Biz hem her dürli haýyrly maksat-niýetlerden iki millionlyk halkymyzyň kuwwatly magaryfçylyk güýjüni işip bileris, işmäge borçludyrys.

Tomus dynç alşy döwründe Snelman her ýerde, her ýerde tutuş etrabyň mugallymlaryny iki-üç hepdelik kämilleşdiriş toparlaryna ýygnapdyr. Toparlara ýüzlerçe adam jemlenipdir. Ilkibaşda bu toparlara höwessiz, zoraýakdan gelipdirler. Köpler özleriniň idegi-soragy bolmadyk çolaja künjeklerinde gyşyň agyr zähmetinden halys bolup, mugallymlaryň çekýän kynçylyklaryndan zeýrenipdir. Käbirleri bolsa:

– Bu nähili kelesaňlyk bolýar-aý? Nämäň gurnagy? Bizi, mugallymlary okatmalymy?! – diýip hüňürdeşipdir.

Snelman bu ýagdaýlaryň hemmesinden habarly bolupdyr, ýagdaýa düşünipdir hemem hiç hili öýke kine etmändir. Ol adamlara lukmanyň näsaga seredişi ýaly seredipdir: näsaglary bolsa bejermek zerur. Ilkinji tomusky gurnakda Snelman mugallymlara ýüzlenip, şeýle diýipdir:

– Gadyrly dostlar, men siziň işiňiziň nähili agyrdygyny bilýän. Sowatsyz ilatyň siziň zähmetiňize gadyr-gymmat goýmaýan çolaja künjeklerinde nähili ýaşaýandygyňyzy bilýän. Siziň maliýe ýagdaýyňyzyň agyrdygyna hem düşünýän. Ýöne etjek alajyň näme?! Bir zady ýatda saklaň: biz halky oýarmagyň beýik ýoluna ilkinjiler bolup gadam urýas. Biz täze ýurtdaky pionerlerdiris. Biz halkyň sowatsyzlygyny ýok etmek ugrundaky ähli ýüki öz gerdenimizde çekmelidiris. Munuň üçin bize öwgüdir odalar, dözmezçilikdir rehim-şepagat däl-de, agyr pidalar garaşýar. Men size şol hakynda aýdýan. Şol pidalaryň zerurdygy, olaryň gutulgysyzdygy hakynda aýdýan.

– Sizi pidakärlige çagyrýan! Hemmeleri çagyramok. Diňe pida çekmäge razylary we ony başarjaklary çagyrýan. Bagyşlaň, size açyk aýtmakçy: her bir kärde bolşy ýaly, mugallymlaryň arasynda hem öz zandy boýunça mugallym, terbiýeçi däller köp. Olar hatda senetkär hem däl. Olar kärlerini söýmeýän, öz mugallymçylyk zähmetlerini näletleýän adamlar. Men olara mekdebi taşlamagy maslahat berýän. Başga kär tapynyň. Edara gidiň, söwda bilen meşgullanyň, islän

işiňizi ediň, emma yhlasy joşup duran, bilimi zor kişileriň ornuny eýeläp oturmaň... Meň öňki haýyşyma halkymyzyň iň medeniýetli ynsanlary, fin alymlary seslendiler. Goý, daşdan hem bolsa, her hili ylymlaryň gözelliklerini açyp görkezmek hem-de soňra siziň öz okuwçylaryňyzyň kalbynda ylym-bilime söýgini, teşneligi oýarmagyňyz üçin olaryň her biri siziň öňüňizde bäş, alty, on leksiýa bilen çykyş etmäge söz berdiler.

Halk mugallymlarynyň köpüsi Snelmanyň sözlerinden ruhlanyp, onuň kömekçileri bolmaga höweslenipdirler. Olar özbaşdak okap-öwrenip, kämilleşip başlapdyrlar. Soňlugy bilen olaryň her biri görnükli medeniýet işgäri bolup ýetişipdir.

Ýurtda onlarça, soňra ýüzlerçe uly hem kiçi Snelmanlar peýda bolupdyr.

## VI
## BUTHANA

Snelman öz söýgüli watanyny gaflat ukusyndan oýarmak üçin diňe bir halk mugallymlary bilen gürrüňdeş bolup oňmandyr. Haýsy ýerde emeldarlaryň, lukmanlaryň, ruhanylaryň, söwdagärleriň, mugallymlaryň, serkerdeleriň ýygnaklary geçirilse, Snelman şol ýerlerde hyjuwly çykyşlar edipdir:

– Halk ýadyňyzda bolsun! Siziň hemmäňiz halkyň arasyndan çykdyňyz. Ahyrda kim bolarsyňyz? Öz sowatsyz doganlaryňyzdan çetleşersiňizmi? Ýa öz halkyňyzyň abadan durmuşyny gurmagyň pikirini edersiňizmi? Siz halk köpçüliginiň medeni özgerişi ugrunda näme iş etdiňiz?

Snelman ruhanylara şeýle diýýär:

– Hormatly atalarymyz, Buthana hadymlary! Siziň duşmanyňyz bolup däl-de, Buthananyň bendesi, dindar adam hökmünde sizden haýyş edýärin, öz halkyňyzyň hakyky ruhanylary boluň! Ruhanylar ybadathananyň emeldarlary däl. Siziň wezipäňiz diňe ybadatlary geçirmek, däp-dessurlary berjaý etmek däl. Siziň wezipäňiz diňe ybadathananyň gullugyny berjaý etmek bilen bitmeýär. Isa pygamber ilki bilen halka arassa, ynsaply ylahy ýaşaýşy öwredipdir. Ynsanlaryň wyždanyny oýarypdyr. Olarda öz ýakynlaryna bolan mähir-muhabbeti oýarypdyr. Olara ýagşy işleri etmegi öwredipdir. Olara haýwantaň, wagşyýana adamlary nädip Hudaýyň bendelerine öwürmelidigini öwredipdir. Sizem halkyň arasyna jana derman öwüt-ündewleriňiz bilen baryň. Özüňiziň içgysgynç, ýüzlerçe ýyllap şol bir jansyz sözleri

gaýtalaýan diliňiz bilen däl-de, «Isa pygamber halkymyz bilen şeýle gepleşerdi» diýip gepleşiň.

– Atalarymyz, din hadymlary, gözlerimi ýaşlap, iki million fin halkynyň adyndan sizden haýyş edýärin: öz guraksy taglymatlaryňyzyň galyň tozanyny Isanyň janly sözleriniň üstünden syryp aýryň, halka Isanyň hakykatyna düşünmegi öwrediň. Garrydyr ýaşlarda, uludyr kiçilerde ýagşy erk-islegi oýaryň hem-de Injiliň öwredişi ýaly ýaşaň.

Finlýandiýanyň paýtagty Gelsingforsda din hadymlarynyň ýygnagy bolýar. Onda aşakdaky meselelere garalýar:

– Halk köpçüliginiň dinden çetleşmegi;

– Buthana ähmiýet berilmezligi we din hadymlaryna sarpa goýulmazlygy;

– Şulara garşy göreş çäreleri.

Snelman ýygnakda çykyş etmäge rugsat berilmegini haýyş edipdir. Ilkibada onuň haýyşyny ret edipdirler.

– Bu ruhanylaryň ýygnagy, dünýewi kişileriň onda işi ýok. Onsoňam ylahyýet bilimi bolmadyk Snelman Buthananyň iň ýokary derejeli adamlaryna näme aýdyp biler?

Şonda Snelman ýygnaga açyk hat ugradypdyr:

– Meň size akyl öwretmek niýetim ýok. Men dünýewi adam, men diňe näme sebäpden siziň giň hem baý ybadathanalaryňyzyň biz ýaly dünýewi adamlar üçin sowukdygyny aýtmak isledim. Siz halkyň dinden hem ybadathanadan sowaşandygyny aýdýarsyňyz, men bolsa size munuň näme üçin şeýle bolýandygyny aýtmak isleýärin. Men sizden «meni halkyň sesi hökmünde

diňläň!» diýip haýyş edýärin. Siz bolsa meni ýygnagyňyza goýbermek islemeýärsiňiz. Siz ilki näsagy diňlemän, ony nädip bejerip biljek?

Şundan soňra Snelmany ýygnaga çagyrypdyrlar. Ol ýokary derejeli ruhanylara şeýle diýipdir:

– Men sizi günäkärlejegem, köteklejegem bolamok. Ruhanylary ýazgarýanlar mensizem ýeterlik. Men olary günäkärlemeýärin. Men özümi günäkärleýän, jemgyýeti günäkärleýän, tutuş halky günäkärleýän. Ruhanylar asmandan inmeýär, şemal olary batgalyklardan getirmeýär. Biziň din hadymlarymyz – biziň bedenimiziň bir bölegi. Ruhanylarymyz gowy hem bolsa, ýaramaz hem bolsa – olar biziň özümizden. Olar biziň aramyzdan çykdylar. Şol sebäpden haçanda, din hadymlarymyzy kötekläp başlanlarynda, men şol aýyplaýanlara şeýle diýýän:

– Siziň öz araňyzda halal, arassa söwdagär näçeräkdir öýdýärsiňiz? Siziň araňyzda arassa aşpezler, ynsaply daşçylar, demirçi ussalar, binagärler barmy? Haýsy käriň wekilleri siziň göwnüňizden turýar? Siziň adwokatlaryňyzy, parlament agzalaryňyzy, žurnalistleriňizi ýurduň ýüzi saýyp bolarmy? Siz näme isleýäňiz? Eger öz araňyzdan ýekeje arassa çopany tapyp bilmeýän bolsaňyz, näme üçin öz içiňizden Buthana hadymynyň ýokdugyna geň galýaňyz? Siziň Buthanaňyz – bu siziň özüňiz. Siziň ruhanylaryňyz – bu siziň özüňiz. Olar siziň hamyryňyzdan bişirilen.

– Şonuň üçin men bu ýere sizi aýyplamaga gelmedim – diýip, Snelman bütin Finlýandiýanyň din hadymlaryna aýdypdyr. – Näsagyň lukmanyň ýanyna gelşi ýaly, meň

özüm siziň ýanyňyza geldim. Size: – Halk nadan, halk rehimsiz, halk ýalançy, halk nebsewür diýmäge geldim. Halk hiç kime we hiç zada hormat-sylag etmeýär. Halk hiç kime ynanmaýar. Ol hemmelere we hemme zada şübhe bilen garaýar. Bu ýerde hiý dine orun barmy? Bu ýerde nädip din bolup bilsin? Halkda diňe käbir gadymdan galan dini däp-dessurlar, ýek-ýarym yrymlar kök urup galypdyr.

– Eýsem, bu halkyň günäsimi? Halka din hakynda kim, nirede we näme gürrüň beripdir? Isa pygamber, soňra onuň şägirtleri – apostollar halkyň arasyna barypdyrlar. Oňa ýönekeý hem düşnükli dilde düşündiripdirler. Mysallary, rowaýatlary aýdyp beripdirler. Kalplary, akyl huşy heýjana salypdyrlar.

– Müňlerçe ynsan Isanyň, onuň şägirtleriniň yzyna eýeripdir. Häzir bolsa iň uly dini baýramlarda hem ybadathanalar boş dur! Adamlaryň gaçgyny dini öwüt-ündewler. Näme üçin beýle? Sebäbi ruhy göýdük ynsanlar akyla hem, kalba hem baryp ýetmeýän jansyz sözleri sözleýärler. Oýlanyň, nädip bu betbagtçylygyň öňüni alyp bolar. Bu siziň wezipäňiz. Siziň borjuňyz.

– Men size – Snelman sözüni dowam edipdir – halkyň ruhy taýdan agyr hassadygyny aýdýaryn. Onuň keseli – howply kesel. Din – bu ynsanyň şu dünýä, adamlar, meýdandaky her bir ösümlik bilen arabaglanyşygyny duýduryp duran duýgy. Eger şeýle baglanyşyk bolmadyk bolsa, onda döwletem, jemgyýetem, maşgala-da, hatda ynsan hem bolmazdy. Halkyň dini ynanjynyň kemligi – bu buthananyň meselesi däl. Bu döwlet üçin howp. Halk köpçüliginiň dine bolan biperwaýlygy halkyň howply keseline öwrülip biler. Akyly goýalmadyk ýaşlardyr akyly

kelte liberal danalary hudaýsyzlygy pikir azatlygy sanyp, bolgusyz pikirlere eýerýärler. Hudaýsyzlyk – bu kalbyň garyplygy, ruhuň hassalygydyr. Hudaýsyzlyk – bu halkyň aslyndaky ähli mukaddeslikleriň ýok edilmegidir, onuň netijesi bolsa wagşyýana adamlar, ahlaksyzlyk, azgynlyk, gödek men-menlik, talaňçylyk, bozuklykdyr.

– Men dünýewi adam, size, Buthana hadymlaryna aýdýaryn: Hudaý halkyň ýüreginde heläk bolýar! Hiý, şu heläkçilikden elhenç zat bolup bilermi? Eger siz öz öňüňizde, Taňrynyň hem-de öz halkyňyzyň öňünde dogruçyl bolmak isleseňiz, günäkärleri öz daş-töweregiňizden gözlemäň. Ähli dinlerdäki yňdarmalaryň häzirki güne çenli, şu gün hem edişleri ýaly, ylmy, filosofiýany, intelligensiýany günäkärlemäň.

– Özüňizi günäkärläň!

– Özüňizi bejeriň!

– Halka nädip öwüt-ündew etmelidigini öwreniň!

– Hudaýy özüňiz gözläň. Özüňizden gözläň. Özüňiz üçin gözläň. Soňra Hudaýa barýan ýoly halka görkeziň!

– Ýene aýdýan, kalby Hudaýsyz halk halas bolup bilmez. Men öz çykyşymy sizi kömege çagyrmak bilen soňlaýaryn:

– Halkymyzy halas ediň! Onuň kalbyny Ylahy nur bilen ýagtyldyň! Onuň ýüregini diniň guraksy kadalary bilen däl-de, Hudaýa bolan gyzgyn söýgi bilen dolduryň!

Snelman sözüni soňlap, din hadymlaryna baş egdi. Onuň çykyşy her kime birhili täsir etdi. Käbir ruhanylar dergazap boldular. Olar hüňürdeşip başladylar:

– Biedeplik! Gödeklik! Bu buthanany masgaralamak! Bu biziň üstümizden gülmek!

Ýöne köpler dymýardy, olaryň dymyşlygy Snelmanyň sözleriniň dogrulygynyň iň gowy ykrar edilmesidi. Olar öz geçmişlerinden utanýardylar, şol bir wagtda hem gelejege begenýärdiler. Snelmanyň çagalyk ýyllarynda onuň mugallymy bolan, ruhanylaryň iň garrylarynyň biri münbere baryp, Snelmany berk gujaklady we aýtdy:

– Sag bol! Sen öz garry mugallymyňy begendirdiň! Indi men Hudaýdan öz guluňy ýanyňa ýygna diýip biljek, çünki gözlerim halkymyzyň halas bolşuny gördi. Hudaý ýardamçyň bolsun! Halkyň goltugyndan galdyr, ony kämillige ýetir! Sag bol!

Din hadymlarynyň birnäçesi öz ýerlerine baryp, tabynlygyndaky ruhanylary ýygnapdyrlar. Olar öz öwüt-ündewlerini kämilleşdirmek, din hadymlaryny halka ýakynlaşdyrmak hakynda uzak wagtlap ýürekdeş gürrüň edipdirler.

Birtopar ýerlerde ruhanylar özara duşuşyklary gurnapdyrlar. Bir ýere jemlenişip, Injili bilelikde okapdyrlar, mukaddes kitabyň ylahy manylaryna has çuňňur aralaşmaga çalşypdyrlar. Olar öz duşuşyklaryna dünýewi adamlary hem çagyrypdyrlar, täze temalar, täze meseleler hakynda halk bilen täze, has aýdyň dilde gürleşip ugrapdyrlar. Olar ýaşlary we çagalary üýşürip, olara täsirli öwüt-ündewleri edipdirler. Indi olar akyl paýhasy hem, ylmy hem, durmuşyň şatlyk-şagalaňyny hem ýazgarmandyrlar, diňe hemme zada çaga kalbynyň päkligi, ýaş juwanyň arzuwlary ýaly hyjuw bilen ýapyşmagy haýyş edipdirler.

Şeýlelikde, halk köpçüligi hem galkynypdyr. Adamlar gowy ýaşaýşa, abadan durmuşa ymtylyp başlapdyrlar.

Kömleriň kalby ýeňlän ýaly bolupdyr, ýürekleri ýumşapdyr, gözler has aýdyňlyk, hoşamaýlyk bilen bakypdyr.

Snelman we onuň ýoldaşlary begenişipdirler. Olar:

– Biziň sanymyz artýar. Halk magaryfy meýdanynda täze, iň gymmatly işgärler biziň hatarymyza goşuldy – diýipdirler.

## VII
## EMELDARLAR

1816-njy ýylda Finlýandiýanyň Russiýa birikmegi hakyndaky şertnama laýyklykda, parlament hakynda täze düzgünler girizilen täze konstitusiýa kabul edilýär. Aleksandr I patyşa manifestinde: «...biz ...bu ülkäniň özüne mahsus bolan konstitusiýasyny Özümiziň we Öz mirasdüşerlerimiziň hökümdarlygy astynda berk gorajakdygymyz hakynda Biz tarapdan berlen wadany hemişelik ykrar edýäris» diýlip beýan edilenleri ýene bir gezek tassyklapdyr.

Gelsingforsda täze bina edilen parlament jaýynyň açylyşyna Finlýandiýanyň ähli künjeginden döwlet emeldarlary ýygnanypdyr. Snelman ýygnananlaryň öňünde çykyş edipdir. Ol öz çykyşyny şwedleriň agalygy döwründäki Finlýandiýanyň emeldarlaryna baha bermek bilen başlapdyr:

– Şwedler: akylly, dogruçyl, asylly, göwnaçyk hem medeniýetli ajaýyp halk. Men şwedlere hormat goýýan. Olaryň arasynda meň dostlarym köp. Men Şwesiýa iň gowy zatlary arzuw edýärin. Ýöne men garyp, gözgyny ýurdumyzyň mundan beýläk şwedleriň agalygy astynda däldigi üçin özümi diýseň bagtyýar duýýaryn. Men halkymyzyň şwed döwletiniň däl-de, şwed emeldarlarynyň agalygyndan halas bolanyna begenýän.

Şwed emeldarlary Finlýandiýada nähili ýolbaşçylyk etdiler? Olar biziň halkymyzyň hemem şwed häkimiýetiniň başyna düşen towkudy. Onuň islendik häkimiýet üçin hem bela-beter kemi ýok. Şwesiýada emeldarlar akyl-paýhasly, dogruçyl, zähmetsöýer adamlar,

emma, gynansak-da, olar bizde-hä beýle bolmadylar. Şwed hökümeti beýleki köp sanly häkimiýetleriň ýalňyşyny gaýtalady. Ol ýurduň öz içi üçin emeldarlary paýhas eleginde eläp saýlasa-da, tabynlygyndaky beýleki ülkelerde emelsizleri, kezzaplary wezipä belledi.

Her bir halkda bolşy ýaly, baý hem abraýly şwed maşgalalarynda hem ýaramaz çagalar: ýaltalar, bihepbeler, samsyklar, aňy zaýalanan ýaşlar bardy. Olary ähli mekdepler kowupdyr, ne-hä jemgyýetçilik, ne-de söwda edarasy, olary hiç bir gulluk kabul etmändir. Olar hiç bir işi özbaşdak ýerine ýetirmegi başarmandyrlar: işläsleri gelmändir, günlerini diňe meý-meslikde, pul sowurmak bilen geçiripdirler.

Şolar ýaly nadanlary, ýaltalary näme etmeli? Eger olaryň ata-eneleriniň arasynda sözi geçýänleri bolsa, şol başynagiden çagalarynyň Finlýandiýada emeldar edilip bellenmegini gazanypdyrlar.

Şeýle emeldarlaryň müňüsiniň, mümkin hem, iki müňüsiniň nämeler edip biljegini göz öňüne getirip bilýäňizmi? Gimnaziýanyň bary-ýogy iki ýa üç synpyny gutaran, ýalta, ahlak taýdan bozuk şol emeldarlar Finlýandiýada wagtlarynyň köpüsini işde däl-de, restoranlarda we şoňa meňzeş her dürli keýpi-sapaly ýerlerde geçirerdiler. Olaryň işläslerem gelenokdy, işem başaranokdylar. Gödek hem nadandylar. Işde tertip-düzgünleri ýokdy. Ýerli halka gezek gelende, diýseň ulumsydylar. Olaryň ýanyna iş bilen gelenler hemişe kabulhanada garaşyp, irikge bolmaga mejbur bolýardylar. Gödek kömekçileri bolsa: «Başlyk işli, garaşyň!» diýip, adamlaryň üstüne heňkirerdiler.

Şeýle «başlyksumaklaryň» ýanyna girmek başardaýsa hem, köplenç ýagdaýda başy sämäp duran, ukuly halda, hindiguş ýaly gabarylyp kabul ederdi. Adatça, ol haýyş bilen gelen kişiniň sözüni soňuna çenli diňlemän, gödeklik bilen:

– Ertir geliň! Bu gün işim köp – diýer.

– Gulak asyň, men daşdan geldim.

– Ertir! – Ol öňküdenem beter sesini gataldar.

– Meň bärde eglenmäge pulum ýok.

– Size ertir diýildi ahyry, çykyň!

Olaryň meýhanalarda we beýleki ýerlerde çendenaşa keýp çekişlerini görýän adamlar:

– Bu näme boldugy? Stokgolm beýle zada nädip ýol berýärkä?! Bu haçana çenli şeýle bolup durjakka? – diýşip janlaryny ýakardylar.

Ilat ejir çekerdi, arz ederdi, nägile bolardy, gahar gazaba münerdi. Soňra özi hem ahlaksyz, pes kişä öwrülerdi. Onsoň: «Eger häkimiýet şeýdýän bolsa, menem gabat gelen amatly pursaty elden bermen» diýerdi.

– Häzir, Hudaýa şükür, beýle zat ýok – diýip, Snelman sözüni dowam edýär. – Biz kem-kemden hemme ýerde öz fin emeldarlarymyzy wezipä belleýäris ýa-da ýerli şwedleriň arasyndan iň gowy kişileri saýlap alýarys. Täze döwrüň gadyryny biliň. Turuwbaşdan dogry durup işläň. Könäniň hapa-hupasyny doly zyňyp taşlaň. Täze, biziň öz fin däplerimizi emele getiriň. Goý, ilat siziň iýiji gurt dälde, öz hyzmatkäridigiňizi, halkyň janköýeridigiňizi görsün. Özüňize ýüz tutýan kişilere ýüregedüşgünç siňek hökmünde garamaň, öz mümkinçilikleriňize görä, her kime we hemişe kömek etmäge çalşyň. Goý, adamlar öz

haýyşlary bitmedik halatynda hem, munuň siziň etmek islemändigiňiz üçin däl-de, edip bilmändigiňiz üçindigini bilsin. Ýadyňyzda saklaň, edil ruhanylar, halk mugallymlary ýaly, emeldarlar hem şol bir wagtda halky terbiýeleýjilerdir.

Şonuň üçin täze Finlýandiýanyň adyndan men sizden, kanunyň wekillerinden, raýatlarymyzda kanunçylyk duýgusyny terbiýelemäge kömek etmegiňizi haýyş edýärin. Ýa-da ondanam artygyny – onuň kalbynyň töründe adyllyk duýgusyny emele getirmäge ýardam bermegiňizi soraýaryn.

Snelmanyň bu çykyşy ýele gitmeýär. Bütin ýurtda halk öz emeldarlaryna talabedijilik, şol bir wagtda hem ynam bilen garap ugraýar. Eýýäm birki arkadan soňra fin emeldarlarynyň täze nesli kemala gelýär. Ol has akyl-paýhasly hem ahlakly bolup, nusga alarlyk derejä ýetýär. Ilat bolsa olara buýsanýar we olary hormatlaýar.

## VIII
## KAZARMA

Konstitusiýa boýunça Finlýandiýanyň heniz şwedler döwründe öz poçtasy, pul dolanyşygy we goşuny bardy.

Bu ýagdaý Finlýandiýa Russiýanyň düzümine girenden soňra hem şonlugyna galdy. Pul dolanyşygy, poçta, has soňrak demir ýol, welaýat we ýerli öz-özüňi dolandyryş häkimiýeti – bularyň hemmesi finleriň eline geçdi. Az sanly fin goşuny hem saklanyp galdy.

Bu zatlaryň bir tapawutly tarapy şwedler döwründe ähli zat şwedleriň garamagynda bolup, şwed ruhuna ýugrulypdy. Finlýandiýalylar diňe şwed häkimiýetleriniň we şwed medeniýetiniň çig maly bolup durýardy.

Suomi Russiýanyň golastyna geçenden soňra finlýandiýalylar ýurt eýeleri hökmünde özlerine degişli bolan orunlara ýuwaş-ýuwaşdan, emma tutanýerlilik bilen eýe çykyp ugradylar.

Hemme zat aşakdan başlanýar. Ilki bilen, başlangyç mekdeplerde, soňra orta we ýokary okuw jaýlarynda şwed mugallymlarynyň ýerini finlýandiýaly mugallymlar eýeleýär. Fin ruhanylarynyň, kazylarynyň, lukmanlarynyň we emeldarlarynyň sany barha artýar.

Kiçeňräk fin goşuny hem milli goşuna öwrülýär. Şwedleriň dolandyran döwründe bu goşunyň esgerleriniň köpüsi finler bolsa hem, ol şwed harby ädigi üçin ulanylýan fin gönüne çalym edýärdi. Goşunyň ýokary derejeli serkerdeleri hem, ruhy hem, serkerdeleriň esgerlere bolan gatnaşygy hem – ähli zat şwedleriňkidi.

Şwed halky batyr halk. Şwed koroly Gustaw Adolf hem edil Russiýada Beýik Pýotryň höküm süren

döwürlerinde şwed koroly Karlyň XII edişi ýaly, Reformasiýa döwründe şwed goşunyny bütin Ýewropa meşhur edýär.[29] Ýöne edil beýleki ýurtlarda bolşy ýaly, Şwesiýada hem harby häkimiýet aristokratiýa, aýratyn saýlantgy gatlaga degişlidi. Ýokary gatlaga degişli serkerdeler emeldarlara hem, täjirlere hem, intelligensiýanyň wekillerine hem göwnüýetmezçilik bilen seredýärdiler. Olar üçin halk – pes gatlak, esgerler bolsa – gödek, gazaply tertip düzgünde saklanylmagy zerur bolan ýarag hökmündedi. Goşun serkerdeleri frontdan, harby ýörişlerden we kazarmadan başga zat hakynda bilmek hem islemeýärdiler. Olar ähli boş wagtlaryny serhoşlykda, kart oýnap, iň gowy ýagdaýlarynda bolsa tans edip geçirýärdiler.

Serkerdeleriň köpüsiniň bilimi pesdi, hiç zat okamaýardylar diýen ýalydy. Jemgyýetiň, halkyň bähbidi hakynda asla gyzyklanmaýardylar. Olar, esasan, ýaraglaryny güjeňläp haýbat atmagy halaýardylar. Diýseň jalaýdylar. Bezenip beslenmekde, tans etmekde ussatdylar. Ýöne olaryň iň söýgüli pişesi kart oýnamakdy. Esgerlere gezek gelende özlerini diýseň gödek, köplenç halatda bolsa, gazaply alyp barýardylar. Esgerleri ýigrenç bilen «kazarmanyň haýwanlary» diýip atlandyrýardylar.

Snelmanyň baştutanlygyndaky ýaş fin intelligensiýasy fin goşunynyň we esgerleriň ýagdaýy bilen içgin gyzyklanyp başlaýar. Gimnaziýalaryň, hatda

---

29 Gustaw II Adolf (1594-1632) – talantly serkerde hem harby reformator hökmünde meşhurlyk gazanan şwed koroly. Ol birnäçe uruşda ýeňiş gazanyp, Şwesiýanyň güýç-kuwwatyny artdyrýar. Otuz ýyllyk uruşda ýeňiş gazanmagy netijesinde oňa «Demirgazyk şiri» diýen lakam berilýär.

uniwersitetleriň hem iň gowy uçurymlarynyň birentegi okuwlaryny tamamlanlaryndan soňra goşun gullugyna gidip, şol bir wagtda ol ýerde öz ylymlaryny hem artdyrmak bilen, bäş, alty, hatda on ýyl gulluk edipdirler.

Okuwçylardyr ýaş serkerdeler bilen bolýan duşuşyklarda Snelman olaryň pikirlerini we duýgularyny beýan ediji bolupdyr.

– Halk üçin goşun iň gowy, iň asylly we iň jogapkärli mekdep bolup biler. Ýatdan çykarmaň: ýurduň ähli ilatynyň içinden, köplenç halatda iň bir çolaja ýerlerden, iň sagdyn kişileriň müňlerçesini ömürleriniň gül açýan wagty goşun gullugyna diýip alýarlar.

– Olary maşgalalaryndan, adaty iş-güýçlerinden aýyrýarlar we topar-topar edip, uzak möhletleýin kazarmalara gabap goýýarlar. O ýerde olary naharlaýarlar, geýindirýärler, beýleki gerek-ýarak zatlary bilen üpjün edýärler. Eger olar işlemäge, kähalatda bolsa çendenaşa işlemäge mejbur ediläýseler hem, gaýdyp gelenlerinden soňra olara şol endikleriniň peýdasy degmeýär.

– Nähili gynandyryjy bolsa hem, iň bir medeniýetli halklar hem heniz parahatçylykda ýaşamagy başarmaýar – Snelman sözüni dowam edýär. – Geçmişden galan öýke-kineler we talaňçylyga meýilli hyjuwlar birden deňiz daşgyny ýaly möwç urup, öz kenaryny ýykyp ýumurýar. Şol daşgyndan bolsa bent gurup goranmaly bolýar. Islendik goşun – bu öz müňlerçe gahrymanlarynyň döşleri arkaly watany goraýan örän gymmat bahaly, janly bentdir. Şol bent öz arkasyndaky halkyň parahatçylygyny, azat zähmetini goraýar.

– Goşun – bu pidakärlige höküm edilen gatlak. Biz, erkin raýatlar bolsa, her bir zerresi janly ynsan bolan şol bendi ýeterlik derejede hormatlamagy, gadyr gymmat goýmagy başarmaýarys. Eger zerur bolsa, şol bendiň müňlerçe zerresi jeň meýdanyna ugrap, biz üçin, biziň parahat ýaşaýşymyz üçin janlaryny gurban ederdiler.

– Eger nirededir bir ýerde, köçede bolsun, ýa dükanda serkerdelere ýa-da esgerlere duşsam, olar bilen gadyrly görşesim, hal-ahwal soraşasym gelýär. Olara mähirli ýylgyryp: – Mähribanlarym, ezizlerim, gadyrdanlarym! Siz biziň üçin, meň üçin harby gullugyň kynçylyklaryna döz gelýärsiňiz – watany goraýarsyňyz. Sizi Ýaradan öz penasynda saklasyn! – diýesim gelýär.

– Özüňiz pikir edip görüň. – Snelman sözüni dowam edýär. – Kazarmadaky her bir esger – bu janly gymmatbaha daş ahyryn. Şeýle gymmatbaha daşlaryň her ýylda ençeme müňüsi toplanýar. Olary köp wagtlap bir ýerde üýşürip saklaýarlar... Onsoň biziň gapdalymyzda bolup giden şol gymmatbaha göwher daşlary öýlerine gaýdyp baranlarynda çyzylan ýa hatda döwlen bolsa, bu biziň üçin diňe bir peslik däl-de, günä bolardy.

– Biziň täze fin goşunymyz öz ruhy boýunça-da, ahlagy boýunça-da, ösüşi boýunça-da, esger gullugynyň netijeliligi boýunça-da täze goşun bolmalydyr – diýip, Snelmanyň ruhy şägirtleri bolan ýaş fin serkerdeleri hyjuwly gürleýärler. – Esger kazarma haýwany däl. Esger – bu bilimi pes, ata watanyň tälim bermek üçin biziň ýanymyza ugradan kiçi doganymyz. Haçanda, ol gullugyny gutaryp, öýüne dolanyp baranda, watan menden sorar:

– Sen kimi taýýarladyň? Meniň saňa ynanan müňlerçe gögele ýigdekçelerimi kim edip ýetişdirdiň?

– Serkerde esgeriň diňe bir agasy däl, jeň meýdanynda baştutan däl, ol esgeriň mugallymydyr. Ol onuň terbiýeçisi, ussadydyr. Esgeriň bedeni (onuň saglygy), kellesi (akyly, beýnisi), kalby, ýüregi (onuň ahlagy), onuň ynsaby, dünýägaraýşy, ene-atasyna, adamlara we ýaşaýşa bolan gatnaşygy serkerdäniň ynsabyna baglydyr.

Şeýlelikde, täze fin goşunynyň binagärleri bolan ýaş fin serkerdeleri özleriniň täze borçlaryna dogry düşünip, harby gullugyň kynçylyklary hakyndaky pikirleri zyňyp taşlap, ruhubelentlik bilen hyjuwly gürleýärdiler:

– Onda näme? Biz öz watanymyz üçin diňe bir uruş döwründe peýdaly boljak däl ekenik-dä. Biz hemişe kazarmalarda bolmak bilen hem, her bir esgere tälim-terbiýe bermek bilen hem öz halkymyza gulluk edip biljek ekenik.

Öňler «kazarma» sözüniň özi köplenç halatda sögünji aňladardy:

– Özüňizi gowy alyp baryň, siz kazarmada däl!

– Kazarmaň ysy gelýär.

– Kazarma ony zaýalapdyr...

– Indi kazarma başgaça bolup biler, hökman başgaça bolmalydyr – diýip, ýaş fin serkerdeleri hyjuwly aýdýardylar. – Biz kazarmany halk mekdebine öwreris. Halk uniwersiteti ederis. Esgerler öz kazarmalaryny hoşluk bilen ýatlarlar. Adamlar kazarmalar hakynda buýsanç bilen gürlärler:

– Kazarma ony düzedipdir.

– Ony kazarma terbiýeläpdir: ony kämilleşdiripdir, çalasyn, dogruçyl, yhlasly, sypaýy, hyzmata gaýym, gelşikli edipdir.

Şeýlelikde, finlýandiýaly serkerdeler kazarmalary özgertmek ugrundaky beýik işlerine başlapdyrlar. Olar özlerini kämilleşdirmek üçin hem yhlas baryny edipdirler, özleriniň her bir gadamlaryny oýlanyşykly ätmäge çalşypdyrlar. Özleriniň kazarmadaky durmuşlaryny düýpgöter üýtgedipdirler.

Öňler kazarmalaryň agyr hem dymyljyk howasy bolardy. Esgerleriň egin-eşikleri ýaramazdy, doýa garna naharlanmazdylar. Ýaramaz iýmitden dert çekýänleri köp bolardy. Derejeli harbylaryň esgerleriň iýmitine, egin-eşiklerine, hatda kazarmanyň enjamlaryna hem göz dikýänleri az däldi.

Indi bolsa ähli zat başgaça. Kazarmalar her gün arassalanyp, tertip-düzgüne salynýar, howalandyrylýar. Esgerler boş wagtlary daş-töwerekde her dürli otlary we gülleri ekýärler. Kazarmalaryň içinde goýlan güldanlarda hem güller ösüp otyr. Penjireler arassa tutular bilen örtülen. Ýörelýän ýerlere we gapynyň agzyna halyçalar düşelipdir. Serkerdelerdir esgerler kazarma girmekçi bolanlarynda aýaklaryny mazaly süpürýärler. Egin-eşikler we aýakgaplar wagtly-wagtyna arassalanyp durulýar. Esgerleri hepdede bir gezek hammama äkidýärler.

Esgerleriň üst-başlary bilen birlikde olaryň içki dünýäleriniň arassalygyna hem üns berilýär.

Ýaş serkerdeler kazarmalarda sabyn ulanyp başlaýarlar. Olar esgerlere irden we agşamyna, her nahardan öň ellerini sabynlap ýuwmagy öwredýärler.

Süpürgiçleri we diş arassalaýjy serişdeleri ulanyşa girizýärler. Esgerleriň agyzlary arassalanandan soňra olara dilleriniň, aýdýan sözleriniň arassalygy hakynda aýdyp başlaýarlar. Ilki bilen, hiç hili sögünç söz bolmaly däl. Serkerdeler berk tertip-düzgüni ýola goýýarlar, düzgün-nyzamy bozan esgeriň bolsa ýüzünden sypalmaýar.

Indi ýaş serkerdeler täze-täze ýörelgeleri batyrgaýlyk bilen durmuşa ornaşdyrypdyrlar.

Olar aýdypdyrlar:

– Kazarma – bu biziň umumy öýümiz. Bu biziň ojagymyz. *Ruhanylar üçin ybadathana nähili bolýan bolsa, biziň üçin hem kazarma şonuň ýaly.* Bu ýerde özüňi edepli, tertipli alyp barmaly.

Ýaş serkerdeler sözleri bilen hem, özlerini alyp baryşlary bilen hem esgerlere görelde bolupdyrlar:

– Kazarmany arassa saklaň. Öz diliňizi we ýoldaşlaryňyzyň gulaklaryny ýaramaz sözlerden goraň. Sögünç it üýrenden hem beterdir. Ol ruhy hem-de ahlak taýdan medeniýetsizligi görkezýär. Eger siz öz gaýratyňyzy, edermenligiňizi görkezmek isleseňiz, oňa başga has haýyrly bir ýol tapyň:

– Sport bilen meşgullanyň. Uzak aralyga ýüzmegi, lyžada typmagy, göreş tärlerini, ýokarlygyna we uzynlygyna bökmegi öwreniň.

– Aýdym aýtmagy, saz gurallaryny çalmagy, tans etmegi öwreniň.

– Özüňizi köpçülikde alyp barmagy öwreniň. Gyzykly söhbetdeş bolmagy başaryň. Okaň, berilýän maslahatlara gulak asyň, olary ýatda saklaň.

Şeýlelikde, ýaş serkerdeler esgerleriň tälim-terbiýeçisi bolupdyrlar. Olaryň her biri harby tälim bilen birlikde esgerlere terbiýe bermäge hem wagtlaryny sarp edipdirler. Harby oýunlary, agşamlary, her dürli tomaşalary gurnapdyrlar. Esgerlere aýdym-saz hem tans, surat gurnaklaryny gurnamagy öwredipdirler.

Sowady ýabygorly bolan esgerlere okuwçy hökmünde çemeleşipdirler. Olary agşamlaryna okadypdyrlar. Olar bilen gürrüňdeşlik geçiripdirler, iň gowy halk ertekilerini, gahrymanlaryň edermenlikleri we başdangeçirmeler hakyndaky gyzykly hekaýatlary okap beripdirler. Ekran arkaly öz ýurtlarynyň we dünýäniň taryhyna degişli şekilleri, Suominiň we beýleki ýurtlaryň şäherlerini we tebigy gözelliklerini görkezipdirler.

Olar her bir esgeriň öz öýüne dolanyp barandan soňra öz watany üçin peýdaly bolup biljekdigi hakynda köp nygtapdyrlar.

– Ol ýerde adamlar edil hinde ýaly ýaşaýarlar. Olar näme görýärler, näme eşidýärler? Näme, sizem hine girip, hinde ýaly ýaşarmysyňyz? Siz ýene şeýle ýaşap başlasaňyz, bu siz üçin utanç bolar. Täze durmuşyň buşlukçylary boluň. Ülkämiziň çolaja ýerlerinde uklap ýatan halk aňyny oýaryjylar boluň. Täze goşun – medeni ösüşiň goşuny boluň.

Her bir goşunda aýratyn tapawutlanan polklar bolýar. Gahrymanlaryň polklary. Ol polklar gerek bolanda iň soňky esgerine çenli jeň meýdanynda baş goýmaga taýýar polklar. Olar hakyky gahrymanlar. Ýöne watan üçin ýaşamak hem watan üçin janyňy pida etmekden pes

gahrymançylyk däl. Watanyň gülläp ösmegi ugrunda halky okatmak, işlemegi öwretmek hem az zat däl.

– Sizde topragy nähili işläp bejerýärler, tohumy nähili sepýärler, gallany nähili ýygnaýarlar?

– Sizde süýt önümlerini nähili öndürýärler, tokaý miwelerini nähili taýýarlaýarlar?

– Senetçilik bilen nähili meşgullanýarlar?

– Erkek kişileriň öz aýallaryna hormat-sylagy nähili?

– Ata-eneler çagalaryny nähili terbiýeleýärler.

Gündelik amallaryna akyl-paýhas bilen çemeleşýän halklar bolsa, bu zatlary, ine, şeýle edýärler. Näme üçin hemmeler iňlis mawudyny, çeh aýnasyny, golland balygyny, irland goýnuny, daniýa ýagyny, brýussel kružewalaryny, şweýsar sygryny, rus sütügini we gönüni, şwed kartonyny we otluçöpüni öwýärler hem-de gymmat bahadan satyn alýarlar? Sebäbi şol ýerlerde o zatlar kämil, iň gowy görnüşde öndürilýär, ösdürilip ýetişdirilýär.

– Bizde hem şonuň ýaly bolmagy üçin jan çekiň – diýip, ýaş serkerdeler irmän-arman öz esgerleriniň gulaklaryna guýýardylar. Olara Finlýandiýada muny nädip etmelidigini, nädip şeýle netije gazanmalydygyny düşündirýärdiler, öwredýärdiler. – Muny kim eder? Muny siziň sowatsyz ata-eneleriňize, dogandyr uýalaryňyza kim öwreder? Kim ülkämiziň iň bir çetki, çolaja ýerlerine, batgalyklaryň, sümme tokaýlaryň jümmüşine kim aralaşar? – diýip, esgerleriň ynsanperwer mugallymlary soraýardylar we şuny olaryň aňlaryna guýýardylar: – Siz! Ilkinji nobatda – siz! Şonda siziň obalaryňyz, siziň watanyňyz sizi ençe wagtlap kazarmalarda saklandyklary sebäpli hiç zat ýitirmez. Tersine, siz olaryň ýanyna

gymmatbaha hazynaly dolanyp bararsyňyz. Siz kazarma odun mysaly bolup geldiňiz, gideňizde bolsa, misli, janly yşyk, kuwwatly, jadyly güýç bolup gidýärsiňiz.

Şeýlelikde, fin goşunynyň ýaş serkerdeleri öz yzagalak, garyp Suomilerinde ullakan medeni güýje öwrülýär. Göýä, ullakan zawodda bolşy ýaly, ýurtda müňlerçe akylly, kämil maşynlar işläp başlan ýaly bolýar.

Ýurduň ähli ýerinde, iň bir çetki künjeklerde hem ilat bilen kazarmalaryň ýaşaýjylarynyň arasynda mähirli, ýürekdeş gatnaşyklar emele gelýär. Kazarma halkyň täze medeni durmuşynyň emele getirilýän ussahanasyna öwrülýär.

Kazarmalara gadyr gymmat goýlup başlanýar. Şäherlerde we obalarda ata-eneleriň öz bitertibräk, garagol çagalaryna igenip:

– Haçan bir gulluk ýaşyň dolarka? Seni kazarma tertibe salsa gerek – diýip, aýdýanlary eşidilip başlaýar.

– Kazarma oglanlary hakyky ýigit edip ýetişdirýär – diýip, goňşular hem özara gürrüň edýärler. – O ýerde barypýatan bezzatlary hem ýola getirýärler. Pekki Ýuksen, Rud Atonen ýadyňyza düşýärmi? Olar hiç mahal düzeljege meňzemeýärdiler. Gullukdan geldiler welin, ikisi hem ne gözel ýigit bolaýdylar. Bizem indi öz ogullarymyzyň şolar ýaly bolaryny isleýäs. Kazarma ýaş ýigitleri bizden, maşgaladan gowy terbiýeleýän ýaly bolup dur.

– Hawa, hawa – diýip, uly ýaşly adamlar ylalaşýarlar. – Biz, dogrudanam, nadan bolupdyrys. Hiç zada düşünmändiris. Ýaramaz ýaşapdyrys. Hudaýa şükür,

indiki ýaşlar täzeçe ýaşap başladylar, olar öz durmuşlaryny has gowy, has akylly başly gurýarlar.

Kazarma barha kämilleşip hem-de ýol-ýörelge ýasap, göýä, hamyrturşynyň hamyry galdyryşy ýaly, halky ruhy taýdan ýokary göterdi.

# IX
# FUTBOL

Fransiýada hökümet başyna Napoleonyň gelmegi bilen Ýewropada uruş ody tutaşdy. Napoleon ýewropa ýurtlarynyň ählisi bilen diýen ýaly urşup çykdy. Onuň esasy maksady bolsa kuwwatly Angliýany basmakdy. Şonuň üçin Angliýa hem Napoleony ýok etmäge çalyşýardy.

Napoleon Russiýa hem howp salýardy. Şonuň üçin Napoleon bilen bolup biljek uruşda iki oduň arasynda galmazlyk üçin, Russiýa 1808-nji ýylda Şwesiýa bilen alyp barýan urşuny bes etmäge howlukdy.[30] Hakykatdan hem, uruş başlandy. Napoleon Russiýanyň garşysyna ýigrimi halkdan leşger toplady-da, Moskwa çenli baryp ýetdi we şol ýerde-de heläkçilige uçrady. Ol öz topragy üçin döş geren rus halky bilen çaknyşyp, maňlaýyny ýardyrdy.

Napoleon ähli leşgerinden el ýuwup, özüni zordan Fransiýa atdy. Ol öňki güýç-kuwwatyny, şan-şöhratyny dikeltmäge çalyşsa-da, Angliýa bütin Ýewropany onuň garşysyna aýaga galdyrdy we ol gutarnykly derbi-dagyn edildi. Onuň özüni bolsa Mukaddes Ýelena adasyna sürgün etdiler.

---

[30] Russiýa 1805-nji ýylda Napoleonyň garşysyna döredilen üçünji bileleşige girýär. Angliýa, Şwesiýa, Neapolitan korollygy hem bu bileleşigiň agzalary bolupdyr. 1805-nji ýylyň 20-nji noýabrynda Austerlisiň eteginde bolan söweşde ýeňlenlerinden soňra bu bileleşik dargaýar. 1806-njy ýylda emele gelen dördünji bileleşik hem 1807-nji ýylda Napoleon tarapyndan ýeňlişe sezewar edilýär.

Napoleon bilen alnyp barlan surnukdyryjy uruşlardan halys bolan ýewropa halklary Angliýanyň şunça betbagtçylyklaryň sebäpkärini mugyra getirenine diýseň begenýärdi. Olar Angliýanyň beýik güýç-kuwwatynyň öňünde minnetdarlyk bilen baş egýärdiler. Şonuň üçin hemmeler Angliýa meňzemäge höwesekdi. Iňlisleri nusga edinýärdiler, iňlisleriň ähli zady ýoň bolýardy.

Ýöne ululara meňzemäge çalyşýan çagalarda hem-de heniz gögele ýetginjeklerde bolşy ýaly, hemme zat ýalňyşlyklar, hatda ýaramaz endiklere ýykgyn etmeklik bilen başlanýar. Az sanly halklar bilen hem hut şeýle ýagdaý bolup geçdi. Olar iňlisleriň gowy taraplary bilen birlikde kemçiliklerini hem kabul edip aldylar.

Şol ýurtlaryň baý adamlary iňlisler ýaly at çapyşyklaryna köp pul harçlap başlaýarlar. Iňlislere meňzäp iňlis biçüwindäki egin-eşikleri geýmek, saçyňy iňlisleriňki ýaly darap bejermek ýoň bolýar.

Ýaşlar sportuň iňlislerde ýörgünli bolan görnüşleri bilen, esasan hem, futbol bilen meşgullanyp başlaýar. Bütin Ýewropada heniz mekdebi hem tamamlamadyk ýaşlaryň arasynda futbol aýratyn meşhurlyga eýe bolýar. Her bir ýurtda müňlerçe adam futboly arşa göterip, ony ylma, sungata öwrüp ugraýar.

Metbugat bolsa ýaşlaryň bu hyjuwyny götergiläp başlaýar. Ondan peýdalanýar. Aýratyn, her düregeý rubrikalary döredýär, her gün diýen ýaly ýogyn aýakly gahrymanlar hakyndaky habarlary çap edýär.

Snelmanyň döwründe hem Finlýandiýada şeýle ýagdaý bolup geçýär. Finlýandiýaly ýaşlar heniz hakyky

akyl zähmetine gönükdirilmändi. Heniz ruhuňy galkyndyryjy ideýalar öňe sürülmändi.

Gögele, berdaşly, emma heniz ruhy taýdan ejiz fin ýaşlary futbola gyzykýar. Futbol, göýä, ruhy dert mysaly, Finlýandiýanyň şäher ýaşlarynyň ähli gatlaklaryny gurşap alýar. Futbol şeýlebir ýörgünli bolup, ähli ýaşdaky adamlaryň kalbyny hem pikirini eýeleýär. Futbol klublary we jemgyýetleri gün saýyn köpelýär. Şol jemgyýetler şäher aralarynda futbol ýaryşlaryny gurnap başlaýar. Futbol oýnamak üçin beýleki ýurtlara hem gidip ugraýarlar. Şeýlelikde, futbol üçin köp pul harç edilýär, mekdep okuwçylarynyň we ýaşlaryň gymmatly wagty bihuda gidýär. Kalbyň ruhy hyjuwy öçügsilenip, ýogyn, berdaşly aýaklar arzuw-maksada öwrülýär.

Snelman we onuň pikirdeşleri ýaşlaryň akyl taýdan ösmäge derek ýogyn aýakly bolup ýetişmekleri bilen hiç hili oňşaslary gelmeýär. Olar halkyň iň gowy gatlaklarynyň ruhy hem akyl taýdan garyplaşmagyna howsala bilen garaýarlar.

– Şu aýaklary berdaşly, bedenleri çykyn-çykyn gahrymanlar soňlugy bilen kim bolar? – diýip, Suominiň medeni galkynyşynyň öňbaşçylary sowal berýär. – Olar durmuşda nähili orun eýelärler? Olar öz watanlaryny nähili ruhy baýlyk bilen baýlaşdyrarlar?

Olar beýik Serwantesiň öz döwründe ajaýyp «Don Kihoty» ýazyşyny ýatlaýarlar. Şol eserde ispanlaryň haýsydyr bir näbelli gahrymanlaryň rysarlaryň başdan geçirenleri beýan edilýän romanlary okamaga bolan höwesleri hakynda aýdylýar.

– Görnüşi ýaly, eger Ispaniýanyň iň bir beýik akyldary hem onuň bilen göreşmegi zerur hasaplan bolsa, diýmek, bütin ýurduň romanlary okap ýörmegi üns bereniňe degmeýän ýönekeý zat bolmaly däl – diýip, Snelman we onuň dostlary pikir ýöredýärler.

– Arman, bizde genial ýazyjylaryň manysyna, olaryň ähmiýetine düşünenoklar – diýip, Snelman jibrinýär. – Biziň döwrümizem, biziň halkymyzam öz Serwantesine, girdenek oý-pikirli, girdenek syýasatly, girdenek ruhly girdenekler halky hakyndaky genial satirasyny ýazan Swiftine mätäçlik çekýär.

Snelman öz pikirdeşleri bilen şeýle karara gelýär:

– Bizde Serwantes-ä ýok, Swiftem bolup bilmeýäris, ýöne biz öz ukyp başarnygymyza görä öz ýurdumyzda olaryň beýik işlerini dowam etdireris... Mergi keseliniň, garahassalygyň mikroblary göze görünmeýär, olar kindiwanja bolsalar-da, tutuş bir ilaty ýok edip bilýär. Jemgyýetiň, halkyň hem ruhy derdiniň mikroblary bolmaly. Ähtimal, olar merginiň mikroblaryndan hem howpludyr.

Finlýandiýa batgalyklaryň ýurdy bolansoň gyzzyrmanyň hem-de inçekeseliň ojagydy. Ilat bularyň birinjisinden ejir baryny çekse, ikinjisinden heläk bolýardy. Şwedler bu ýagdaýa üns berip durmandylar. Indi Snelmanyň döwründe inçekeseliň garşysyna göreş alnyp barylýardy.

– Oý-pikiriň, erkiň, ruhuň hem inçekeseli bar – diýip, Snelman aýdýar. – Biziň ýaşlarymyzyň ählisi diýen ýaly şol ruhy inçekesel bilen keselläpdirler. Ýene 10-15 ýyldan döredijilikli durmuşyň bosagasyndan ätlejek kişileriň

arasynda ruhy derdiň örç alyp ýaýramagyna biperwaý garap durup bolmaz. Munuň garşysyna göreşmek gerek.

***

Bir gezek haýsydyr bir belli futbol jemgyýetiniň döredileniniň şanly senesi mynasybetli uly dabara geçirilipdir. Milli ýygyndylaryň ýaryşy gurnalypdyr. Oýundan soň dabaraly ýygnak bolupdyr. Belli jemgyýetçilik işgärleri çykyş edipdir. Ýygnaga sportuň dürli görnüşleriniň janköýerleri gatnaşypdyr. Olaryň arasynda Snelmanyň dostlary hem bar eken. Snelmanyň özi bolsa ýaryşlara gatnaşýan iň uly sport jemgyýetleriniň biriniň hormatly başlygy bolupdyr. Ol ýygnakda çykyş edip, şeýle diýipdir:

– Fin ýaşlarymyzyň sport bilen meşgullanýandyklaryna diýseň begenýärin. Akyl-paýhas bilen ýerine ýetirilýän her dürli beden maşklarynyň diýseň uly terbiýeçilik ähmiýeti bar. Akyldarlaryň halky bolan gadymy grekler gimnastikanyň, göreşiň, ylgamagyň, uzynlygyna bökmegiň gadyryny bilipdirler. Beden maşklary bedeni çeýe, ýeňil hem çalasyn edýär.

– Şäher durmuşynda kada bolşy ýaly, köplenç dar hem dymyk otaglarda uzak wagtlap oturylmagy bedene zeper ýetirip biler. Bu ýagdaýda beden damarlary gowşaýar, gan haýal aýlanýar, adamlar ysgynsyz, lellim bolýar. Nähili bolanda has peýdaly boljakdygy oýlanyp-ölçerilmedik, akylly-başly gurnalmadyk hemem uzak dowam edýän mekdep okuwy hem munuň üstesine.

– Adamlary şäheriň daşyna çykaragada, ylgamaga, bökmäge, otuň üstünde göreşmäge, kükreklerini dolduryp dem almaga mejbur edäýesiň gelýär.

– Grekler şeýle hem edipdirler. Biz hem şeýle edýäris. Emma Sokratyň, Fidiýniň we Perikliň[31] döwürdeşleri öz ýaşaýyş ýörelgeleriniň esasynda «Hiç hili artykmaçlyk bolmaly däl!» diýen kadany goýupdyrlar. Bu diýildigi hiç bir adatdan daşary, tejribe esasynda kada öwrülen ýol-ýörelgelerden çykýan ýagdaý bolmaly däl diýildigidir. Hemme zat ölçegi bilen, öz wagtynda, öz ýerinde bolmaly.

– Mundan başga hem, Sokratyň Eshiliň,[32] we Aristofanyň döwürdeşleri akyl zähmeti bilen meşgullanýan kişileriň durmuşdan üzňeligini, hereketsiz, ejizdiklerini ýaňsylapdyrlar. «Akmaklygyň öwgüsi»[33] atly ölmez-ýitmez satiranyň awtory emelsiz kitaphonlary, amalsyz nesihatçylary rehimsiz kötekleýär.

– «Gulliweriň» dana awtory Swift edil gurbaga ýaly çişýän, özlerini ullakan adamlar hasaplaýan girdenekler halkynyň ýaşaýşyny ýaňsylamaga, girdenekleriň gelşiksiz, nalajedeýin durmuşlaryny suratlandyrmaga, olaryň bihepbe işlerini beýan etmäge tutuş bir bölümi bagyş edýär. Girdenekler ullakan kelleli, boýunlary inçe, eginleri gysby adamlar. Olaryň ähli ýaşaýyşlary kitabyň

---

[31] Sokrat (b. e. öň 470/469-399) – beýik gadymy grek filosofy. Fidiý (b. e. öňki V asyryň başy – b. e. öň 432/431) – gadymy grek heýkeltaraşy. Perikl (b. e. öň 490-429) – gadymy grek (afin) döwlet işgäri we harby serkerdesi.

[32] Eshil (b. e. öň 525-456) – gadymy grek şahyry we dramaturgy. Ony «tragediýanyň atasy» diýip atlandyrypdyrlar. Aristofan (b. e. öň 445-385) – gadymy grek şahyry we dramaturgy. Oňa «komediýanyň atasy» diýip at beripdirler.

[33] Bu satira eserini orta asyr gumanisti Erazm Rotterdam (1496-1536) ýazypdyr. Ol eserinde öz jemgyýetinde höküm sürýän nadanlygy, şöhratparazlygy, ikiýüzlüligi ýaňsylapdyr.

kesgitlemelerine, geometrik çyzgylara laýyklykda gurnalypdyr...

– Men bolsa arzuwyny edýän geljekki Suomimiziň girdenekler ýurduna meňzemezligini isleýärin – diýip, Snelman aýdýar. – Bize girdenekler gerek däl. Ýöne biz finlýandiýalylaryň aýaklary kuwwatly, emma beýnileri ejiz halk bolmagyny hem islemeýäris. Öküziňki ýaly güýçli aýaklar, goýnuňky ýaly boş kelleler – bu biziň kiçijik halkymyzyň beýik geljegi hakynda edýän arzuwlarymyza laýyk gelmeýär.

– Ynha, siz Finlýandiýada futbolyň gazanýan üstünliklerine uçaýjak bolýaňyz. Siz şatlykdan ýaňa gygyryşýarsyňyz, özüňiziň «Güýçli aýak» atly jemgyýetiňiziň Şwesiýa, Norwegiýa, Daniýa ýaly goňşy ýurtlara ýaryşa çagyrylýandygyna, onuň eýýäm uzak Wengriýa ýurdunda bolandygyna we ol ýerde ýeňiş gazanandygyna buýsanýarsyňyz. Emma siziň şatlygyňyz meni begendirmeýär.

– Eger mähriban Suomimizde «Güýçli pikir», «Beýik iş», «Süýt önümçiligi», «Saýlama galla», «Ak mütgel», «Arassa ynsap», «Täze pikir» ýaly jemgyýetler bolan bolsa, men has bagtyýar bolardym.

– Men siziň, ýaş finlýandiýalylar, diňe bir wengerleri däl, nemesleri hem, fransuzlary hem, iňlisleri hem pökgi depmek bilen däl-de, kelläňiz, ýüregiňiz bilen, ylymda, ussaçylykda, söwdada, senetçilikde, akylly-başly düzülen kanunçylykda, halkyň öz ýagty geljegini gurmakdaky asylly göreşinde ýeňmegiňizi isleýärin. Bu beýik göreşde diňe bir damarlak aýaklaryňyz bilen uzaga gitmersiňiz. Pökgini kelläň bilen süsmek üçin daş ýaly maňlaý gerek,

iň berk maňlaý bolsa goçuň maňlaýy. Men Finlýandiýanyň ýaşlarynyň bar buýsançlarynyň goçuňky ýaly gaty kelleleridigine ynanmaýaryn.

– Sokratyň heýkeli bilen Gerkulesiň meşhur heýkelini deňeşdirip görüň.[34] Sokratyň portretinde ilki bilen akyldaryň giň, ýaýbaň maňlaýly ullakan kellesi göze ilýär Akyldaryň beýnisi şeýlebir uly bolup, oňa şol ullakan kelle hem darlyk edýäne meňzeýär. Indi Gerkulesiň heýkeline-de seredip görüň. Ilki bilen ol çykyn-çykyn bolup duran kuwwatly bedeni bilen haýran edýär. Gadymy grek rowaýatlarynyň gahrymanynyň berdaşly göwresi pürs ýaly ýogyn aýaklaryň üstünde ýerleşdirilipdir. Onuň elleriniň damarlary hut deňiz gämileriniň urganlaryny ýada salýar. Eginleri ýaýbaň, döşleri gapak ýaly, boýny öküziňki ýaly ýogyn, emma kellesi welin kiçi, boýnuna görä däl. Maňlaýy dar. Bularyň hemmesi siziň öňüňizde akyl-paýhasyň ýa-da ruhy güýjüň däl-de, ägirt uly fiziki güýjüň durandygyna şaýatlyk edýär. Gerkules – beden taýdan kuwwatly, süňkleri berk, damarlary güýçli adam, emma ol akyldar ýa da pähim-paýhas meýdanynyň pälwany däl.

– Men size Sokratyň ýa-da Gerkulesiň kellesini saýlamagy teklip etmeýärin. Men size aýaklaryňyzyň berdaşly bolmagynyň aladasyny edip ýörkäňiz Sokratyň kellesini hem unutmazlygy maslahat berýärin. Bir kadany ýatda saklaň: «Hem daýymlara barýaryn, hemem taýyma baş öwredýärin» diýlendir. Ýaş Finlýandiýa diňe topuň

---

[34] Gerkules – hudaý we rim mifleriniň gahrymany. Ol gadymy grek mniflerinde Gerakl ady bilen berlipdir. Gerkules özüniň adatdan daşary güýç-kuwwaty bilen meşhur bolupdyr.

yzynda ýüwrüp bilýän adamlar gerek däl. Oňa fin halkynyň ykdysady, sosial, ylym bilim hem-de ruhy-ahlak durmuşyny öňe iterip biljek kuwwatly hereketlendirijiler – ynsanlar gerek.

– Ýatda saklaň! Finlýandiýanyň ýaşlarynyň wezipesi topy has güýçli, has ýokary depmek däl-de, öz halkyny ýokary götermek, watanyny has çalt ösdürmekdir.

# X
# ATA-ENELER WE ÇAGALAR

Snelman we onuň egindeşleri Finlýandiýanyň geljekdäki galkynyşyny ýaşlaryň akylly başly terbiýelenmegi bilen baglanyşdyrypdyrlar. Ýaşlar onuň iň söýgüli ynsanlary, şol bir wagtda hem, iň wawwaly meselesi bolupdyr.

Snelman ýaşlary ýüzbe-ýüz ýagdaýda ýazgarsa-da, ulularyň ýanynda olaryň arkasyny alypdyr. Aýratyn hem, hemişe bolşy ýaly, ulular ýaşlaryň biedepligi ýa-da olardan hiç zat çykmajagy barada aýdyp, zeýrenip başlasalar, Snelman olara şeýle diýipdir:

– Öz ýaşlaryňyzy günäkärlemäň, özüňizi günäkärläň! Ýaşlaryň boluşlary siziň terbiýe berşiňize görädir. Siz ýaşlary nähili terbiýeleýäňiz? Siz olary hiç hili terbiýelemeýärsiňiz! Eneler-ä hojalyk işleri – aşhana, öý-içeri üçin gerek-ýaraklaryny satyn almak, arassaçylyk hem-de kir-kilçikleri bilen başagaý. Atalar bolsa gulluk wezipeleri, söwdadyr beýleki işleri bilen meşgul. Gijelerini hem klublarda oturyp geçirýärler. Olar hiç wagt öz çagalary bilen meşgullanmaýarlar, oňa olaryň wagty ýok, onsoňam ol kyn hem içgysgynç iş.

– Ata-eneler çagalary bilen gürleşmeýärler Olaryň durmuşy bilen gyzyklanmaýarlar. Biraz wagtlary bolsa, olara az-kem mähir-muhabbet edýärler-de, süýji tagamlary hem-de oýnawaçlary berip, soňra hem «Boldy, baryň, indi özüňiz oýnaberiň!» diýýärler. Başga söz bilen aýdanyňda bu «Baryň, näme isleseňiz ediberiň, maňa bir azar bermäň!» diýildigi bolýar

Şunlukda, çagalyk ýyllary, çaganyň aň-düşünjesi, çaganyň kalby edil ugry idelmedik bag-bakja ýaly çaňap galýar. Oňa hiç hili haýyrly närseler ekilmeýär. Eger çagalara ýagşylyk, hakykat, dogruçyllyk, dostluk-doganlyk hakynda aýdylaýsa-da, şol bir guraksy, kalbyň töründen çykmaýan ýat sözler bilen aýdylýar.

Dogrusyny aýtsaň, çagalaryň aglabasy ene-atasy, töweregini gallap duran daýydyr daýzalary bar hem bolsa, misli ýetim ýaly ösýär. Ol çagalaryň oňat iýdirilmegi, saglygy, ösüşi üçin ýeterlik alada edilýän hem bolsa, olaryň çaga kalplarynyň arassalygyna, aň-düşünjesiniň sagdynlygyna welin juda az üns berilýär. Hakykatdan hem, şu ýagdaýda biziň çagalarymyzyň häzirkiden-de ýaramaz bolup gidibermeýişlerine haýran galaýmaly.

Indi, ata-eneler, öz ýanyňyzdan pikirlenip görüň hem-de aç-açan, çyn ýürekden aýdyň: siziň çagalaryňyzyň terbiýelenýän hem-de gylyk-häsiýetleriniň kemala gelýän maşgalasy, jemgyýeti ruhy hem ahlak taýdan ýeterlik derejede sagdynmy?

Çagalardan özüňizi söýmeklerini, özüňize hormat goýmaklaryny, size gulak asmaklaryny talap edip oturmaň. Onsoňam bu zatlary abaý-syýasat, haýbat, zorluk bilen gazanaryn öýtmäň. Çagalaryňyzyň sizi mertebäňize görä söýerleri ýaly özüňizi olaryň öňünde mynasyp derejede alyp baryň.

Töwratda şeýle bir tymsal bar. Ýahudylaryň serdary Musa pygamber Horiw dagynyň golaýynda goýun bakyp ýörkä bir gyrymsy agajyň ýanyp duranyny görýär. Ol agaç näçe ýansa-da sönmeýär. Onsoň Musa gyzyklanyp, oňa golaý baranda, şeýle sözleri eşidýär:

– Eý, Musa, öz aýakgabyňy çykar. Seniň duran ýeriň mukaddes ýerdir.

Bu tymsalda ähli döwrüň ynsanlary we halklary üçin örän çuň many bar. Eger adamlar ýa halklar haýsydyr bir beýik işi amala aşyrmakçy bolsalar, şol beýik, päk we mukaddes işe hapa aýaklardyr eller bilen girişmesinler diýiljek bolýar. Arassa iş üçin arassa eller gerek. Beýik iş üçin düýpli taýýarlyk görmeli.

– Her bir çagaly maşgala, göýä, ýanyp duran janly agaç ýaly. Biz şol ýanyp duran agaja hapa el-aýaklarymyz, hapa eginbaşlarymyz bilen barýan-a däldiris-dä? Haçanda, çaganyň ejesi ýa kakasy öýüň içinde gelşiksiz, ýarym ýalaňaç ýa-da kirli geýim-gejimde aýlanyp ýörkä onuň sözleri hem, hereketleri hem, çagalaryna bolan gatnaşygy hem arassa bolup bilmeýär.

Men är-aýalyň arasyndaky dawanyň gödek hem pes taraplary hakynda-ha aýdybam duramok. Şeýle dawa jenjeliň barşynda är-aýal bir-birini beterräk awundyrmak üçin öz çagalaryna ýüzlenip:

– Serediň, çagalar, siziň kakaňyz nähili?

– Gördüňiz dälmi, ejeňiz nähili eken? – diýmeýärlermi näme?

Ýene şuňa meňzeş awulyja sözler sanardan köpdür. Iň bärkisi öýdäki adaty gürrüňdeşligi alyp göräýeliň! Çar tarapdan ýygnalan gep-gybat bolup durandyr. Her kim öz wawwaly ýerini tutar, durşuna ownuk-uşak arzuw-hyýallardyr: kim köpräk pul gazanmagyň yşkynda bolsa, kim mata-marlagyň, ýene biri iş hakynyň köpeldilmeginiň aladasyndadyr...

Bu ýagdaý suwsuz batgalyga çalym edýär, çagalar bolsa gurbaga kimin tä 15-20 ýaşlaryna çenli şol batgalykda agyp dönýärler. Şundan soňra hem ata-eneler ýaşlaryň bürgüt kimin asmanda parlamaýandyklaryny, öz çagalarynyň ganatsyz guş dek uçup bilmeýändiklerini geň görýärler.

Maňa bolsa sizden bir zady soramaga rugsat ediň, hormatly ata-eneler, şeýle terbiýe alan çagalaryňyz ganat çykaryp biler öýdüp pikir edýäňizmi? Eýsem, siziň öz çagalaryňyzyň ganatlaryny turuwbaşdan gyran bolmagyňyz hem ähtimal dälmi?

Haçanda, çagalar ulalyp kemala gelende, siz olaryň geljekki durmuşlary we işleri hakynda gürrüň gozgap başlaýarsyňyz. Olary nirä ýerleşdirip boljakdygy barada pikirlenip ugraýarsyňyz. Belki, olary inžener etmelidir, ýa emeldar, ýa-da söwda işgäri, belki-de, lukman ýa aklawçy bolarlar. Gepiň tümmek ýeri, olar üçin rahatja, düşewüntlije ýer peýläp başlaýarsyňyz. Gyzlar üçin bolsa baý ýigidiň gözlegine çykýarsyňyz.

Bähbit, bähbit we bähbit. Çagalaryňyzy oňatja «ýerleşdirmek» isleýärsiňiz. Olary ýumşak hem ýyly ýerde ornaşdyrasyňyz gelýär. Şu işi bitirmek bilen, siz öz çagalaryňyza bolan söýgiňizi hakladyk hasaplaýarsyňyz.

Bu barada Lew Tolstoý jaýdar söz aýdypdyr: «Durmuşyň agyr «näsazlygynyň» esasy sebäpleriniň biri hemmeleriň durmuşda oňatja «gurnanmak» isläp, hiç kimiň durmuşy oňatja «gurnamak» islemeýänligindedir». Hemmeleriň ýaşaýyşdan bir zatlar alaslary gelýär-de, hiç kimiň oňa nämedir bir zadyny bagyş edesi gelmeýär. Durmuşa gadam basýan ynsan, göýä, bir talaňça

meňzeýär. Ol durmuşyň manysyny onda eýeleýän ornunda, alyp bilen zadyny almakda görýär.

Durmuşyň şu «parasatly ýörelgeleri» çagalaryň maşgalada ýaşan ýyllarynyň bütin dowamynda olaryň kalplaryna guýulýar. Muny kim edýär? Elbetde, ata-eneler! Şunlukda, çagalardyr ýetginjekleriň aglabasy diňe özüni bilýän, nebisjeň, geleňsiz bolup ýetişýärler. Olarda daş-töwereklerindäki adamlara, watana, arassa zähmete, beýik işlere bolan söýgi kemala gelmeýär. Umuman, çagalaryň aňyny we kalplaryny boş galdyrýarsyňyz. Onsoň olar gyzgan, çit-çiti ýaly tikenekleriň mesgenine öwrülýär. Ahyrsoňunda hem, «Näme ekseň, şony hem orarsyň» diýleni bolýar.

***

– Gadyrly ata-eneler, mundan beýläk çagalary ünssüz goýmalyň: edep-terbiýe bereliň, aňlaryny we kalplaryny akylly-başly, söýgi bilen kemala getireliň. Muny etmezlik ynsapsyzlyk bolýar. Bu diňe siziň maşgala işiňiz däldir. Bu jemgyýetiň, halkyň, döwletiň meselesidir.

– Islän görnüşiňizdäki konstitusiýany ýazyň, saýlawlar hakyndaky ýa bolmasa iň bir erkin pikirli kanunlary dörediň, durmuşyň barha öňe gidýändigine, ösýändigine ynansaňyz ynanyň, emma biziň ýüz müňlerçe çagalarymyz durmuşa owunjak, bihepbe adamlar hökmünde gadam bassalar, ýaşaýşymyz hemişe garyp, gözgyny, betgelşik ýagdaýynda galar. Emeldarlarymyz geleňsiz, döwlet işgärlerimiz ýalançy bolar. Mekdeplerimiz nesillerimiziň aň-düşünjesini, kalplaryny kör edip duran ýer bolar. Halk köpçüligi ýokary gatlaga bolan gahar gazaby gün-günden möwjeýän, özünden

ýokarda ýa-da özüne düşnüksiz bolan zatlary ýok etmäge dyrjaşýan dok ýa aç mähellä öwrüler.

– Ýurdumyzyň täze geljegi bizden bu zatlara-ha garaşanok. Täze Finlýandiýa düýbünden täze mesgen mekana öwrülmelidir. Ol pähim-parasatly, adalatly döwletiň, kuwwatly döredijilik paýhasynyň, halk köpçüliginiň ynsabynyň we erkiniň mekany bolmalydyr. Ol abadançylygyň, şahsy we halk durmuşynyň erkin gurluşynyň mesgenine öwrülmelidir.

– Atalar we eneler, täze bagbanlar bolmak isleýäňizmi? Siz öz maşgala bagyňyzy täzeçe idetmek, onda täze nahallary oturtmak, has gowy baglary ýetişdirmek isleýäňizmi?

Snelman we onuň ýoldaşlary bazarlarda, obalarda we beýleki ýerlerde şunuň ýaly gürrüňleri ýüzlerçe gezek gaýtalapdyrlar. Ata-eneler olary diňläp, öz ogul-gyzlarynyň terbiýesi hakynda pikire çümüpdirler. Şunlukda, olar öz çagalarynyň edep-terbiýesi, ösüşi ugrundaky beýik jogapkärçiligi emele getirip ugrapdyrlar. Birentek ýerlerde ata-eneleriň jemgyýeti döräpdir. Olar duşuşyp, çaga terbiýesinde goýberýän ýalňyşlyklary dogrusynda maslahatlaşypdyrlar, tejribe alşypdyrlar. Şol jemgyýetler öz duşuşyklaryna ussat mugallymlary we psihologlary hem çagyrypdyrlar. Soňra şol mugallymlardyr psihologlar bütin ýurdy aýlanyp, öz tejribelerine hem-de ylmy barlaglara esaslanyp, çaga terbiýesi hakynda leksiýalary berip başlapdyrlar.

Olar çaganyň ruhy dünýäsinde bolýan kemçilikler, näsazlyklar hakynda, olary nädip düzetmelidigi dogrusynda gürrüň beripdirler. Göýä, agronomlaryň dürli

ekinlerden nädip bol hasyl almalydygyny adamlara öwredişleri ýaly, öz işine ussat mugallymlardyr çaga kalbyna belet terbiýeçiler hem her bir ata-enä – goý, ol daýhan bolsun ýa demirçi ussa, ýa tikinçi, ýa ädikçi – akylly-başly, watansöýüji ogul-gyzlary ösdürip ýetişdirmegi öwredipdirler.

Şeýlelikde, fin maşgalalarynyň ruhy-ahlak, aň-düşünje babatdaky oýanyşy, täzelenişi başlanypdyr.

## XI
## KAROKEP

Snelmanyň daşynda fin intelligensiýasynyň topary emele gelipdir. Şol topara täze medeni zähmetkeşler az-azdan, emma yzygiderli gelip goşulypdyr. Snelmançylara Gelsingfors uniwersitetiniň mugallymlary hem, çolaja obalardaky ruhanylar hem, işjanly täjirlerdir fabrik eýeleriniň hem ençemesi, köp sanly lukmanlardyr emeldarlar, aklawçylar hem goşulypdyr.

Ýurduň ösüşine gönükdirilen täze pikirler Finlýandiýanyň ähli etrabyna ýaýrapdyr. Ol «Magaryf», «Medeniýet» diýen ýaly, diňe sanaw düzüp, agza toplamakdan başga işe başyny galdyrmaýan jemgyýetlere meňzemändir, ýöne bir ýoň bolaýan adaty zat bolmandyr.

Bu ýerde hemmeler janypkeşlik bilen zähmet çekipdirler. Olar sözüň doly manysynda medeni ösüşiň öňbaşçylary bolupdyr. Olar öz işlerine hyjuwly, yhlasly ýapyşmak bilen: köne kitaplary satyn alypdyrlar, olaryň içinden iň gowularyny saýlap alyp, göçme kitaphanalar arkaly oba ýerlerine ugradypdyrlar. Soňra olary bir ýerden başga ýere iberipdirler. Olar köpçüligi gyzyklandyraýjak temalardan okaýyşlary gurnapdyrlar. Ilkibada aýda iküç gezek geçirilen okaýyşlar soňra her hepdede gurnalyp, arassaçylyga, oba hojalygyna degişli leksiýalar okalypdyr, ahlaga, ynsap ýörelgelerine degişli meseleler maslahatlaşylypdyr. Şol medeni toparlaryň içinden iň gowy, iň ussat mugallymlary saýlap, olary ýurduň ähli künjeklerine sapara ýollapdyrlar.

Şeýlelikde, ýüzlerçe ussat mugallymy bolan özboluşly halk mekdebi emele gelipdir.[35] Olaryň hemmesi dilewar, özüneçekiji adamlar bolupdyr. Olar halkyň arasynda her dürli bilimleri ýaýradypdyrlar, iň bir kütek kişileriň hem aňyny oýarypdyrlar. Her bir adamyň kalbynda nämedir bir zat bilen meşgullanmaga, medeni taýdan has baýlaşmaga we öz watanynyň abadançylygy ugrunda zähmet çekmäge höwes döredipdirler.

Öňler, adatça, baý kişiler öz baýlyklarynyň ep-esli bölegini buthanalara miras galdyrar eken. Indi bolsa, köplenç, halkyň ylym-bilimine bagyşlap ugrapdyrlar. Ýurduň dürli künjeginde kitaphanalar, okalgalar, leksiýa zallary we medeni ojaklar üçin niýetläp, tutuş bir binalary halkyň haýryna geçirip başlapdyrlar.

Has tolgundyryjy pursatlar hem bolupdyr. Kähalatda daýhanlar aň-bilim ýaýradyjylara ýag, ýumurtga, elde dokalan matadyr beýleki önümleri sowgat beripdirler. Olar: «Alyň. Bulary öz maşgalalaryňyza eltip beriň. Siz bize öz bilimiňizi, akyl-paýhasyňyzy bagyşlaýarsyňyz, biz hakda alada edýärsiňiz. Bize hem mümkinçiligimize görä

---

[35] Finlýandiýada halk magaryf ulgamy XIX asyryň ikinji ýarymynda emele gelip ugraýar. Snelman ony gönüden-göni emele getiriji däl-de, onuň ideologlarynyň biri bolup durýar. Ol ýurduň abadançylygy ugrundaky işiň aň-düşünjeli, maksadalaýyk ýerine ýetirilmegini gazanmak üçin, daýhanlaryň, halkyň aň-bilimini ösdürmäge çagyrypdyr. Finlýandiýada halk magaryf ulgamyny dörediji we onuň öňdebaryjy ideology diýip, professor Ýurýýo Koskinen (1830–1903) hasaplanýar. Ol kitaphanalary, halk uçilişşelerini döretmegi we ýurduň ähli künjeginde göçme leksiýalary bermegi göz öňünde tutýan giňişleýin meýilnamany işläp düzýär. Ol: «Bilim diňe bir kitap okamak arkaly däl-de, adamdan adama has ýörgünli ýaýraýar» diýip aýdypdyr.

minnetdarlyk bildirmäge rugsat ediň. Bu siziň bize bagyşlan şatlygyňyzyň iň bir ujypsyzja bölegi» diýip aýdypdyrlar.

***

Halk mekdebiniň yhlasly, irginsiz işine 25 ýyl bolanda, Snelmanyň dogduk mekany Kuopioda örän uly halk baýramçylygy geçirilipdir.[36]

Şol baýramçylykda gurnalan ýygnagyň ahyrynda bütin ýurtda «süýji koroly» ady bilen belli bolan baý täjir Ýarwinen söz sözläpdir. Ýarwinen bir sagatdan hem köp gürläpdir. Şeýle hem bolsa, öňki çykyşlary diňläp ýadandyklaryna garamazdan, hemmeler ony uly gyzyklanma bilen diňläpdir. Ol şeýle diýipdir:

– Men bir pukaraja kiçijik söwdagärdim. Çagalygymda köçede aýlanyp, süýji-köke satardym. Soňra bazara baryp, söwda edip ugradym. Bazardaky söwdagärler maňa iküç ýüz markalyk horaz süýji, süýji-köke karzyna bererdiler. Men hem olar bilen hemişe köpükme-köpük hasaplaşardym. Şeýlelikde, meni hormatlap başladylar. Soňlugy bilen maňa öz dükanymy açmaga ýardam berdiler.

– Men bolelin ýaşaýardym, gowy jaýymam bardy. Ýöne, nähili aýtsamkam... men tukatdym. Hawa, meň içim gysýardy... Men köplenç: «Kiçijik dükan, alyjysy seýrek, azajyk düşewünt... hemişe şeýle, hemme zat azajyk» diýip pikir ederdim.

---

[36] Kuopiýa şäheri Snelmanyň dogduk mekany bolmandyr. Ol bu ýerde 1843-nji ýyldan tä 1846-njy ýyla çenli orta mekdebiň direktory bolupdyr we neşirýat işi bilen meşgullanypdyr.

– Jenaplar! – Ýarwinen ylym-bilimli mugallymlara ýüzlenip, sözüni dowam edýär. – Haýyş edýän, meň taryhyma gulak asyň. Eli süýji-köke sebetli oglanjykdan öz dogduk mekanynda teatr binasyny gurdurmak hem-de ýerli gazeti döretmek üçin ýüz müň marka haýyr-sahawat berip bilýän «süýji koroly» hemişe döräp durýan däldir.

– Men muny öwünmek üçin aýtmaýaryn. Siziň öňüňizde öwnüp durmak meň üçin gelşiksiz bolar. Häzir siziň öňüňizde «süýji koroly» Ýarwinen çykyş etmeýär. Siz meň keşbimde ýaş, güýçli, sagdyn fin halkyny görýärsiňiz. Garyp halky, agajyň gabygy bilen garylyp bişirilen çowdary çöregini iýýän, batgalyklaryň hem ýylçyr daşlaryň arasynda agyr zähmete hököm edilen halky görýärsiňiz.

– Ýarwinenler gyt däl. Olar ýek-tük däl. Biz halkyň içinde müňlerçe. Ýarwinenler tokaýlarda töňňe köwleýär. Ýarwinenler gaýalardan daş goparýar. Ýarwinenler dar hem garaňky, çygly ýerzeminlerde ýyrtyk ädikleri oltaňlaýar.

– Olaryň köpüsi öz ugursyzja işlerinden ýanyp-bişýärler. Olary hem tukatlyk gurşaýar. Ýok, agyr däl. Biz zähmetden hem mätäçlikden çekinmeýäris. Biz illeriň gowy durmuşyna hem görübilmezçilik etmeýäris. Ýarwinenler, hakykatdan hem, diňe tukatlanýarlar. Olary diňe içgysgynçlyk hem tukatlyk heläk edýär. Olaryň nähilidir bir uly işleri edesleri gelýär. Olaryň edil Güneş ýaly ýagty, parlak bir işi amala aşyraslary gelýär. Içiňden bir zat daşary çykmak üçin zomaýar, çykalga welin ýok.

– Geçen ýyl men günorta Italiýada boldum. «Süýji koroly» ol ýerde tutuş bir gämi ýüki pyrtykal satyn aldy.

Onsoň men iküç günlük Neapola sowuldym. Wezuwiý wulkanyna baryp gördüm. Şonda maňa wulkanyň gyrasynda durup, onuň içine seredip görmek başartdy. Wezuwiýiň depesinde durkam men ýaşlygymy ýatladym. Şol wagtlardaky pikirlerimi, duýgularymy ýadyma saldym. Bütin fin halkyny ýatladym... Wulkanyň içinde goýy, gap-gara ergin bugaryp, köpürjikläp ýatyrdy. Ol ergin misli daşlaryň arasynda gysylyp galan pälwanyň agyr dem alýan kükregi mysaly bir ýokary galýardy, bir-de aşak düşýärdi. Wulkanyň inçe gudugy ergine dar bolýardy. Ýerasty howruň güýji gyzgyn ergini wulkanyň agzyna sürüp getirýärdi. Ol ýaş Ýarwineniň, ady fin halky bolan Ýarwineniň başyndan, kükreginden daşyna dyzaýan hyjuwyny, arzuw-hyýallaryny ýada salýardy.

– Jenaplar, Karokep diri. Geçen ýyl Italiýada bolanymda men Genuýede ony öz gözüm bilen gördüm. Men ony tanamazdym hem. Sebäbi men hem hemmeler ýaly Karokep ölendir öýdýärdim. Restoranda onuň özi meni tanady we ýanyma geldi. Onuň ýanynda üç sany ogly bardy. Olar nähili ýigitlerdi! Fin halkynyň görmegeýliginiň hem sagdynlygynyň iň gowy nusgalarydy. Uzyn boýly, eginleri ýaýbaň, döşleri gapak ýaly ýigitlerdi. Saçlary altynsow, gözleri mawy, ýüzleri Günorta Amerikanyň güneşine gaýzygypdyr.

– Italýanlar olary «Üç Apollon» diýip atlandyrýardylar. Olaryň üçüsi hem Ýewropa ýurtlarynyň uniwersitetlerinde okaýan eken. Ululary Şwesiýada dag işlerini öwrenip, eýýäm Kaliforniýada dag işlerini alyp barýan ullakan kärhananyň baştutany bolupdyr. Kiçileri Fransiýada oba hojalyk işlerini öwrense, ortanjylary

Germaniýanyň iň gowy uniwersitetleriniň birini tamamlap, derini, agajy we ýaglary himiki taýdan gaýtadan işlemek boýunça hünärmen hökmünde tanalyp ugrapdyr. Ine, şu üç sany akylly-başly, görmegeý, asylly ýigit birwagtlar bizde garakçylyk hem talaňçylyk eden Karokepiň ogullarydy.

– Ýadyňyza düşýärmi, şol döwürler gazetlerde Karokepiň maşgalasynyň bardygy, onuň aýalynyň öz äriniň elhenç işlerinden habarynyň hem ýokdugy hakynda ýazýardylar. Ol bolsa iň bir mähirli är hem ata bolupdyr. Soňra Karokepiň aýalyny hem, onuň kiçijik çagalaryny hem unutdylar. Emma atalary olary unutmandyr. Karokep öz dostlarynyň kömegi arkaly maşgalasyny Amerika aşyrýar. Onuň aýaly Amerika baryp ýetmänkä ýolda sarygetirmeden ýogalýar. Çagalaryny Karokepiň ýeke özi ösdürip ulaldýar.

– Karokep (indi ol başga at göterýär) Genuýa iki gämi ýüki bugdaý getiripdir. Ol söwda bilen birlikde Italiýany görmekçi bolupdyr, şeýle hem ony öz ogullaryna görkezmek isläpdir. Karokep täze at bilen özüniň täze mekanynda, ýagny Günorta Amerikanyň ýurtlarynyň birinde galla korollarynyň birine öwrülipdir. Onuň ýanynda siziň «süýji korolyňyz» Ýarwinen pukaraja bir kişi bolup görünýär.

– Çagalykda, soňra ýaş ýigit wagtlarymyz hem Karokep ikimiz diýseň dostduk. Biziň garyp ata-enelerimiz goňşudylar. Biz Karokep bilen bile ösdük-ulaldyk, bile oýnadyk. Bir wagtda diýen ýalam ýetim galdyk. Dul galan ejelerimiz bizi şähere äkitdiler. Meni-hä çörek bişirijä şägirtlige berdiler, Karokepi bolsa ýüň,

smola satyn alyp, daşary ýurtlara äkidýän, ol ýerden hem galla getirip satýan baý söwdagär hyzmata aldy.

– Karokep görmegeý, akylly, eli arassa, yhlasly oglandy. Ýöne ol diýseň gyzmady, gahary gelse, özüne erk edip bilmän sandyrardy, dişlerini gyjardy, ýüzi agaryp, gözlerinde gazap ody lowlardy. Şeýle pursatda ol: «Men seň gözüňe görkezerin! Karokepiň göwnüne degmegiň nämedigini bilersiň» diýip haşlardy.

– Soňra ep-esli salym meniň gözlerime dikanlap oturdy-da, fin dilinde gürledi:

– Bagyşlaň, siz Ýarwinenmi?

– Hawa! – diýip, men geňirgendim.

– Ýukka Ýarwinenmi?

– Hawa!

– Tammerforsyň etegindäki kolmýarwili Ýukka Ýarwinenmi?

– Hawa, hawa! Siz muny nireden bilýärsiňiz? Men sizi birinji gezek görýärin – diýip, men has hem geň galdym.

– Men öňki Karokep! – diýip, ol kynlyk bilen aýtdy. – Ýukka, meniň birwagtky söýgüli Ýukkam! Meň eziz çagalygym! Öz dostuň kiçijik Iogan seň ýadyňdamy? Öňki Karokepe eliňi uzadyp bilermiň?

Biz meniň bolýan otagyma gidip, tä ýary gijä çenli fin dilinde gürleşip oturdyk:

– Ogullarym Karokep hakynda hiç zat bilmeýärler – diýip, myhmanym gürrüň bermäge başlady. – Men ilki demirgazykda ýaşap başladym, maşgalamy bolsa günortada garşyladym. Daşyndan göreninde men ýarym amerikan, ýarym ispan, ýüregim welin fin. Indi nähili ýaşaýandygymam görüp dursuň. Men seň ýaşaýşyňy

bilýän, Ýarwinen, öz Suomimiziň durmuşyny hem gözden salmaýaryn. Men seni çagalygyňda gowy görýärdim. Seni hem, «süýji korolyny» hem söýýärin...

– Men seniň öz ýaşlyk dostuňa dogry düşünmegiňi isleýärin.

– Sen şol wagtlar ruhy taýdan näsagmydyň? – diýip, men dillendim.

– Edil sen ýaly näsagdym – diýip, ol gussaly ýylgyrdy. – Men garaňkylykdaky adamdym. Göz öňüne getir, sen ullakan nätanyş jaýyň içinde tüm garaňkyda aýlanyp ýörsüň. Ýüzlerçe otag, olaryň içinde hem müňlerçe zat bar. Sen bolsa garaňkyň içinde elleriň bilen öňüňi sermeläp aýlanyp ýörsüň.

– Sen o ýerde kim bolarsyň? Betpälmi ýa akylyndan azaşan?.. Ýok, ýöne bir çyrasy, ýagtylygy bolmadyk betbagt adam borsuň-da. Seniň we beýleki ençemeleriň haýsydyr bir ýagşy gylyk-häsiýeti üçin söýen kişiňiz Iogan hem edil şonuň ýaly adamdy.

– Men saňa begenýän, gadyrly Ýukkam! – Ol meniň elimden tutdy. – Seň durmuşyň garaňky ýollarynda büdremän ýöräp bileniňe begenýän hem haýran galýan.

***

– Ine, onsoň men durmuşa gadam basdym. Şu görşüň ýaly hem boldum. Çagalary hem terbiýeläp ulaltdym – diýip, Karokep gürrüňini soňlady. – Meň gürrüňimi bes edeli. Men saňa öz çagalyk dostuň Ioganyň, hoşgylaw hem dogruçyl oglanjygyň ýagdaýyny düşündirmäge çalyşdym... Indi sen, meň mähriban Ýukkam, nädip «süýji koroly» bolandygyňy maňa gürrüň ber. Karokep hem

Ýarwinen – iki sany çagalyk dostlar ahyry. Olar biziň halkymyzyň iki bölegi.

– Indi men hem size, meň hormatly mugallymlarym – diýip, Ýarwinen halk uniwersitetiniň mugallymlaryna ýüzlenipdir. – Siziň meň üçin, Ýarwinen – «süýji koroly» üçin, Ýarwinenleriň müňlerçesi üçin eden zatlaryňyz, tutuş halk üçin edýän zatlaryňyz hakynda aýtmak isleýärin. Ýarwinenlerdir Karokepleriň şol bir halkyň çagalarydygyny, çagalykda biziň ýagşy günlerimiziň hem, ýaman günlerimiziň hem deň derejede bolandygyny men size eýýäm aýdypdym. Eger menden bütin ýurtda hormatlanylýan adam çykan bolsa, bu, hakykatda hem, meň hyzmatym däl. Bu meň üçin bagtly bir tötänlik boldy.

– Jenaplar! Meniň intelligensiýa sizden, professorlardan, ýazyjylardan, suratkeşlerden hem artyk gadyr-gymmat goýýan bolmagym ahmal. Intelligensiýa – bu halkyň ýanyp duran pikiri. Intelligensiýa – bu ýurduň aň-düşünjeli beýnisi. Öz topragynda önüp ösen intelligensiýasy bolmadyk ýurt betbagtdyr. Men, öňki köçe oglanjygy, halkymyzyň daragtynda sowatsyz bir ýaprak. Men hut öz tejribäm esasynda halk üçin intelligensiýanyň nähili zerurdygyna düşündim. Şonuň üçin men batyrgaýlyk edip, intelligentlere hem şuny aýtmak isleýärin:

– Siziň intelligentligiňiz bu size berlen ýeňillik, häkimiýete, hormat-sylaga we bolelin ýaşaýşa bolan artykmaç hak-hukuk däldir. Siziň intelligentligiňiz – bu siziň borjuňyz, siziň gullugyňyzdyr Siz – halkyň şamçyragysyňyz, şamçyrag bolsa ýakylandan soňra basyrylyp goýulman, daş-töweregine ýagty saçmagy üçin

belent ýerde goýulýandyr. Siz, meniň mugallymlarym, daş-töweregiňizi ýagtyldyp ýagty saçdyňyz.

Ýokary mekdepleriň diplom ussahanasy däl-de, janly şemleri öndürýän fabrikdigini, bütin ýurdy aň-düşünje hem ahlak taýdan ýagtyldyp duran merkezi beketdigini öz talyplaryňyza düşündiriň.

– Eger bu şeýle bolanlygynda, ynanyň, hemme ýerde agaç korollary, demir korollary, aýna korollary, süýt hem peýnir korollary, zähmet korollary, akyl-paýhas korollary, ylym-bilim korollary bolardy. Bütin ýurt paýhasly döredijiligiň, abadançylygyň, ynsabyň patyşalygyna öwrülerdi. Halka diňe parasatly, janly sözleri ýetirseňiz bolany. Oňa paýhasly durmuşyň höziri hakynda gürrüň beriň. Halkda akylly-başly zähmete, arassa, şatlykly ýaşaýşa bolan arzuw-islegi, hyjuwy oýaryň...

– Men ýetim, garyp oglanjyklykdan öz Suomimiziň güýji arkaly şu derejä ýetdim, ynsanlara mähir-muhabbetli bolmagy öwrendim. Bu nähili beýle boldy? Munuň bir tötänleýin ýagdaý, diňlän bir parasatly leksiýam arkaly şeýle bolandygyny aýdyp biljek.

– Men ol wagtlar kiçijik dükanyň eýesidim hemem eýýäm aýdyp geçişim ýaly, öz işimiň kiçiliginden, düşewündimiň ujypsyzlygyndan diýseň tukatlanýardym. Onsoň bir gezek şäherimize meşhur alymlarymyzyň biri geldi-de, köçelerde şeýle mazmunly bildirişler asyp çykdy:

«Garrydyr-ýaşlary, çagalary çagyrýaryn. Okumyşlary hem, sowatsyzlary hem çagyrýaryn. Men bütin ömrümi öz Suomimiziň işi üçin bagyş etdim. Dynç gününde birje sagadyňyzy maňa bagyşlaň. Şol birje boş sagadyňyzdan

siziň ömrüňiziň eziz Suomimiz üçin peýdaly boljak ençeme ýyllaryny kemala getirmegi umyt edýärin».

Men ömrümde iküç gezek leksiýa baryp görüpdim. Tanyş -bilişlerim hem baryp görüpdiler.

Täze gelen alymyň adaty bolmadyk bildirişi köpleri gyzyklandyrdy. Zal adamdan doldy. Leksiýa menem bardym. Leksiýa kalbymy alawlatdy, ukudan oýardy. Maňa durmuşyň manysyny açyp görkezdi, öz tutan maksadyňa ýetmegiň ýollaryny öwretdi.

Leksiýa «Talanan kitap» diýlip atlandyrylýardy. Alym onda Robinzon Kruzo barada gürrüň berýärdi. Ýöne nähili gürrüň diýsene! Ol hut Sokratyň söhbedi ýalydy: filosofyň parasady we çaganyňky ýaly sadaja dili bardy. Professor şeýle diýdi:

– Robinzonyň durmuşy hakyndaky hekaýatdan kiçi ýaşly çagalar üçin gyzykly başdangeçirme ýasadylar. Hakykatda bolsa, ol beýik bolmak isleýän halklar üçin pähim-parasat çeşmesi ahyry. Robinzon Kruzo – dünýäniň iň bir beýik gahrymany. Ol gahrymanlaryň gahrymany. Ol Romullardan, Sezarlardan, Napoleonlardan hem beýik gahryman. Ol – medeniýetli zähmetiň gahrymany, gaýduwsyz erkiň ölmez-ýitmez nusgasy.

– Robinzon Kruzo – Angliýanyň güýç-kuwwatyna we şan-şöhratyna düşünmegiň açary. Ol – Demirgazyk Amerikanyň güýç-kuwwatyna we şan-şöhratyna düşünmegiň açary. Ol zeminiň ýüzündäki eşretleri, hezillikleri habar berýän jarçy. Ol Leopardiden,

Şopengauerden, Gartmandan[37] hem ýüz gez saýlanyp duran akyldar. Ol ynsanyň abadan durmuş ugrundaky göreşde ýeňjekdigini ündäp duran ündewçi.

– Robinzon ynsanyň ýeriň we ýerdäki ýaşaýşyň hökümdarydygyny ündeýär. Ol muny gury sözler bilen däl-de, öz durmuşynyň mysalynda ündeýär. Adam, adamyň akyl-paýhasy, onuň hoşniýetli erk-islegi tebigatyň ähli gara güýçlerinden güýçlüdir.

– Robinzon bize ejiz hem ýadaw beýnimizde hyň berýän ugur-utgasyz ham-hyýallary bir gyra aýryp taşlamagy sargaýar. Ol aýdýar: – Geliň, hakykata meň mysalymda seredip göreliň! Deňizde apy-tupan gämini heläk etdi. Diňe bir dogduk mekan-ha däl, hatda medeni ýaşaýyş hem alysda galdy. Daş-töwerekde diňe deňiz suwy çaýkanyp ýatyr. Gäminiň ähli adamlary heläk bolupdyr. Diňe ýalňyz ýaş ýigit diri galypdyr. Apy-tupan ony aç-ýalaňaç halda adam aýagy sekmedik, näbelli ada zyňyp taşlady. Onsoň ol näme etdi? Heläk boldumy? Çydam etmän, lapykeçlikden ýaňa özüni heläkledimi? Ýok, ol kynçylyklara döz geldi, heläkçilige uçran gämide galan, derege ýararly ähli zady ada daşady. Ol özüne külbe dikindi. Ol topragy bejerip, özüne galla eker ýaly meýdan edindi. Ýabany geçileri eldekileşdirip, mal edindi. Soň soňlar ýabany adamy terbiýeläp, ony özüne kömekçi edindi, dost tutundy. Ol özi üçin abadan, bolelin ýaşaýşy gurmagyň hötdesinden geldi.

[37] Djakomo Leopardi (1798-1837) – italýan şahyry. Artur Şopengauer (1788-1860) – nemes filosofy. Eduard Gartman (1842-1906) – nemes filosof-idealisti.

– Özem bu ýeke-ýalňyz ýaş ýigit ahyry! Özem adam garasyz adada!

– Doganlar! – diýip, ündewçi çykyşynyň soňunda adamlara ýüzlendi. – Eýsem, biziň halkymyz, iki million fin şol adada ýalňyz galan Robinzondan ejizmi, akyl paýhasy, ukyp-başarnygy kemmi?

– Jenap professorlar, ruhanylar, kazylar, inženerler, emeldarlar, adwokatlar, ýaş Finlýandiýanyň ogullary, intelligensiýamyzyň nurly güneşleri, näme üçin siz öz halkyňyzyň arasyndaky robinzonlar bolasyňyz gelmeýär? Robinzon çolaja adada ýabany bir adamy öz dostuna, ýaranyna öwürdi. Siz bolsa öz ullakan şäherleriňizde, ýokary okuw mekdepleriniň, redaksiýalaryň, teatrdyr muzeýleriň ýanynda durup, zeýrenmekden başga zady başaraňzok.

– Robinzonyň keşbiniň öňünde ýüzbe-ýüz duruň-da, öz ýaşap ýören durmuşyňyza bolan gatnaşygyňyz barada oýlanyp görüň.

– Bu leksiýa meniň gözümi açdy – diýip, Ýarwinen sözüni dowam etdi. – Men birden öz gerşimde ullakan, kuwwatly ganatlaryň ösüp çykandygyny duýdum. Leksiýadan ruhy joşgun bilen çykdym. Meň birden ullakan hem güýçli bolasym geldi. Özümiziň kiçijik Suomimiz üçin nähilidir bir uly zatlary edesim geldi.

– Men näme edip biljekdim? Men bir ýönekeýje süýji-köke satyjysydym ahyry. Bar söwdam birki müň markadan geçmeýärdi.

Ýanymdaky üç ýoldaşym hem maňa hut şu zatlary aýtdylar. Men olary zor bilen diýen ýaly leksiýa eltipdim.

Olaryň biri ädikçidi, ýene biri demir ussasy, beýleki biri bolsa bazarda oturyp, towuk ýumurtgasyny satýardy.

– Gahrymanlar-a hiç neneň däl! – diýşip, olar leksiýadan gaýdyp gelýärkäk gülüşdiler. – Biri-hä ýumurtga satýar, beýlekisi ädikçi, senem çagajyklara horazsüýji satýaň. Bu ýerde robinzonlar nädip bolsun?

Meni ruhy joşgun gurşady. Men birden şahyr ýaly saýrap başladym. Sözler öz-özünden dilime gelip, yzyny üzmän gürledim.

– Näme üçin men öz işimde Robinzon bolup bilmezmişim? Men bally kökeden başga zatlary hem satyp bilerin ahyry. Men bal söwdasyny ösdürip bilerin. Tutuş ýurdumyzda bal öndürilişini ýaýbaňlandyryp bilerin. Men bal goşulan süýji nygmatlary diňe bir kämahal agza degýän nygmatlar däl-de, günde-günaşa iýlip duran iýmite öwrerin. Süýji nygmatlary işçilere-de, garyp daýhanlara-da elýeterli ederin. Men süýji nygmatlaryň koroly bolaryn.

– Onsoň biz näme? – diýşip, ýoldaşlarym ýylgyryşdylar.

– Siziňem biriňiz köwüş koroly, ýene biriňiz ýumurtga koroly, beýleki biriňizem demir koroly bolup bilersiňiz.

Bizi arzuwlar gurşap aldy. Biz meniň öýüme gitdik-de, tä daň atýança gürrüňleşdik.

Onsoň näme boldy diýýäňizmi? Ýyllar geçdi, bizem öz ýaşlyk arzuwlarymyzy hasyl etdik. O ädikçi dostumyz-a pul toplady-da, üç ýyllap Parižiň iň bir gowy ussahanalarynyň birinde işläp, hakyky ädik ussasy boldy. Häzir ol özüniň iki ogly bilen işleýär. Olaryň ikisi hem ýokary okuwy gutardylar. Olaryň himiýa ugruny gutarany häzir Finlýandiýada iň uly hususy gön zawodynyň

ýolbaşçysy. «Ukkonen we ogullary» nyşany bütin Ýewropada meşhur. «Ukkonen» diýen ýazgyly köwüş dükanlaryny diňe bir Finlýandiýanyň şäherlerinde däl, «Ukkoneniň köwüşleri» diýen buýsançly ýazgylary siz Londonda, Parižiň D’Opera bulwarynda hem görüp bilersiňiz. Şol dükanlary we olaryň ýanyndaky ussahanalary Ukkoneniň kiçi ogly dolandyrýar. Ol Ýen şäheriniň uniwersitetini tamamlady. Fransuzça edil parižli ýaly gürleýär. Iňlis tagtynyň ýaş mirasdüşeri şazada Eduard köwüşlerini diňe Ukkoneniň ogluna buýurýar hemem ýarym degişmä salyp, ony «kärdeş» diýip atlandyrýar.

– Biz ikimiz iki sany korolyň mirasdüşerleri. Men Angliýanyň şa aýalynyň ogly, sen bolsa fin köwüş korolynyň ogly. Ýöne men siz öz adyňyza has mynasypmykaňyz diýýän – diýip, şazada Eduard şadyýanlyk bilen aýdýar.

Ukkoneniň ogullary öz hasaplaryna her ýyl bütin Finlýandiýadan iň bir zehinli ýaşlaryň on sanysyny saýlap alyp, olaryň ýokary bilimlerini Germaniýadaky Wirhowyň, Parиždäki Pasteriň, Amerikadaky Edisonyň barlaghanalarynda tamamlamaklaryna mümkinçilik döredýärler.

– Robinzon hakyndaky paýhasly leksiýanyň näme döredendigini gördüňizmi. Ýöne bu entek hemmesi däl.

Bazarda ýumurtga satyp ýören Tomas Gulbe ýumurtga söwdasynyň korolyna öwrüldi. Ony hem Angliýada, Fransiýada we Germaniýada gowy tanaýarlar. Ol ilkibaşda obalara aýlanyp, ýumurtga satyn alyp başlady. Her bir öýden 2-3-7-10 ýumurtga ýygnady. Ol ýumurtgany

ownuk-uşak harytlara hem çalyşýardy. Soňra ýygnan müňlerçe ýumurtgasyny gutulara gaplap, daşary ýurtlara satyp ugrady. Ol diňe üstünden iküç günden köp wagt geçmedik täzeje ýumurtgalary satyn alýardy. Her ýumurtga-da «Tomas Gulbe» diýen tagmany basýardy. Bir ýyldan soňra Londonyň, Parižiň, Berliniň iň gowy restoranlary özlerini üpjün edijilerden diňe «Tomas Gulbe» belgili ýumurtgalary ibermeklerini talap edip ugradylar.

Soňlugy bilen Gulbe Suominiň çet gyralaryndaky çolaja obalara aýlanyp ýetişip bilmedi. Onsoňam munuň çykdajysy köp bolýardy. Şonuň üçin ol Finlýandiýanyň ähli ýerlerindäki oba mugallymlary bilen aragatnaşyk açyp başlady. Ol örän uly, şol bir wagtda hem ýönekeý usul döretdi. Gulbe ýurdy etraplara bölüp, olary I, II, III, V, X, XX ýaly rim sanlary bilen belgiledi. Her bir etrapdaky mekdebi hem 1, 2, 3, 4, 5... 10, 20... diýen ýaly arap sanlary bilen belgiledi. Çagalar mekdebe gelenlerinde, öz öýlerindäki hem-de goňşy-golamlaryndaky ýumurtgalary alyp gelýärler. Şonuň üçin ol ýumurtgalar täp-täzeje bolup, olary mugallymlar ýygnap alýar. Mugallym her bir ýumurtga öz etraplarynyň, mekdepleriniň belgisini hem-de öz depderinde ýöredişine görä, öý eýesini aňladýan harpy goýýar. Belgiler syýa bilen ýazylýar. Şeýlelikde, her günde ýüzlerçe ýumurtga satyn alnyp, şol günüň özünde Abo, Gulbeniň ammarlaryna ugradylýar. Ol ýerden hem şol günüň özünde gämilere ýüklenip, eýýäm üç-dört günüň içinde fin ýumurtgasy Parižiň, Londonyň, Brýusseliň, Antwerpeniň restoranlarynda peýda bolýar.

Eger kimdir biri köne ýumurtga satyp, haýsydyr bir restoran munuň üçin närazylyk bildiräýse, şol günüň özünde Gulbeniň Abodaky ammaryna «№VII, 15, M, 5 apreldäki ýumurtga zaýalanypdyr» diýen hat gelip gowşardy. Onsoň ammarda iki-üç minutyň içinde onuň Kuopiýa etrabyna, haýsy mugallyma we haýsy öý eýesine degişlidigi anyklanar-da, şol mugallyma haýal etmän: «Üns beriň: öý eýesi hanym Mýakkinen 5-nji aprelde size zaýa ýumurtga getiripdir» diýen mazmunly hat baryp gowşardy.

On ýyldan soňra Tomas Gulbe ýumurtga söwdasynyň koroly boldy. Tomsuna ol sowadyjylary ulanýar, gyşyna bolsa Abodaky ýyly ammarlaryndan peýdalanýar. Onuň Gamburgda, Londonda we Flisingende ammarlary bar. Onuň Finlýandiýanyň ähli künjeginde towuk ýataklary bolup, şolar arkaly ol daýhanlara öz bahasyndan towuk satýar. Ýumurtga önümçiligi towukdarçylygy, towuk etiniň söwdasyny emele getirdi.

Tomas Gulbe birwagt millioner boldy. Ýöne esasy zat onuň her ýylda Finlýandiýanyň daýhançylygyna daşary ýurt söwdasyndan alynýan onlarça million marka goşandy bolup durýar.

Firmanyň girdejileriň hasabyna her ýylda oba kitaphanalary üçin ýüz müň marka, has başarjaň daýhanlary daşary ýurtlaryň öňdebaryjy tejribelerini öwrenmäge Daniýa, Gollandiýa we Şweýsariýa ýollamak üçin ýüz müň marka, iň bir zehinli, zähmetine umyt bildirilýän alymlaryň, ýazyjylaryň, suratkeşleriň we artistleriň daşary ýurtlara sapar etmekleri üçin hem her

ýylda ýüz müň marka harç etmek «Tomas Gulbe» söwda öýi üçin bireýýämden bäri adat bolup galdy.

Her ýylda üç ýüz müň marka! Eýýäm sekiz ýyl bäri şeýle! Iki ýarym million! Özem bu ýumurtga söwdasyndan gelýän girdejiniň uly bolmadyk möçberi.

Size artykmaç köp ezýet bermezlik üçin, öz gürrüňimi hususy korollygym, nädip köçe alyp-sataryndan «süýji korolyna» öwrülişim hakynda gürrüň bermek bilen tamamlaýyn.

Robinzon hakyndaky leksiýany diňlänimden soň men öz işimde Napoleon bolmagy ýüregime düwdüm. Men ilki bilen Finlýandiýany eýelemek, soňra bolsa Ýewropany öz golastyma salmak isledim. Görşüňiz ýaly, çalasowat hem pukara fin üçin bu meýilnamalar hetdenaşa batyrgaý bolup görünse-de görünýändir. Emma men özüme: – Meýilnamamy berjaý ederin! Maksadyma ýeterin! – diýip aýtdym.

Maksadyma-da ýetdim. Men kiçiräk zatlardan başladym. Ilki bilen toşap öndürýän kiçeňräk zawod açdym. Zawod häzir hem işläp dur. Ol saman ýa ýeralma saklamaga niýetlenen saraýa çalym edip duran agaç jaýda ýerleşýär. Içindäki enjamlar hem diýseň ýönekeý. Ýöne meniň şoňa hem pulum ýokdy. Men bankyň direktorynyň ýanyna bardym-da, oňa:

– Finlýandiýany eýelemek isleýän. «Süýji koroly» bolmak isleýän – diýdim hem-de öz meýillerimi gürrüň berdim.

– Synanyşyp gör – diýip, direktor jogap berdi. – Siziň geljekki «tagtyňyza» töwekgellik edip göräýeris.

Işim ugrugyp gitdi. Arassa, goýy, süýji toşap öndürmegi öwrendik. Ol gantdanam datlydy. Ilkibaşda obalara özüm aýlanardym. Toşaby ýeralma çalyşýardym. Onsoň ýeralmany toşaba öwrüp, ýene ýeralma çalyşýardyk.

Iki ýyldan soňra eýýäm Finlýandiýanyň çar künjeginde şonuň ýaly bäş sany zawodym bardy. Onsoň men täze işe girişdim. Biziň tokaýlarymyzda näme köp – malina köp. Men tomus ýygyp berjek malinalaryna derek daýhanlara gyşyna müňlerçe kilo toşap paýladym. Olar bolsa tomsuna malina ýygyp tabşyrdylar. Biz malinadan toşap ýasap ugradyk. Bu önümçilik maňa diýseň arzan düşdi. Daýhanlardyr işçiler Ýarwineniň toşabyny çörek bilen iýýärdiler, özem köplenç olaryň günortanlygam, agşamlygam şoldy. Ol tagamlydy, süýjüdi, arzan we ýokumlydy.

Soňky ýyl eýýäm maňa malina ýetmezçilik edip ugrady. Men Russiýadan we Germaniýadan iň gowy hilli malinalary getirdip başladym. Russiýadan meşhur «Wladimir» üljesini getirtdim. Irlandiýadan bolsa ýeralmanyň iň süýji görnüşini aldyk.

Men obama-oba aýlanyp, agaç nahallaryny paýlaýardym, nähili ekmelidigini, nädip ideg etmelidigini öwredýärdim. Bütin Finlýandiýa meniň göwräme öwrülipdi. Meni ilat bilen müňlerçe nerwler, gan damarlary baglanyşdyrýardy. Men öz işimiň ýesirine öwrülipdim, diňe şoň bilen ýaşaýardym. Diňe toşap, ýeralma, malina hem ülje hakynda, olaryň gaýnadylyşy hakynda oýlanýardym. Meniň kömekçilerim toşabyň we

gaýnatmagyň ussatlarydy. Olar her bir üstünlige çaga ýaly begenýärdiler.

Meni bir zat has köp alada goýýardy: ýyl-ýyl dan Ýarwineniň mürepbesiniň has arzan hem has gowy bolmagyny isleýärdim. Ýüzi «Ýarwinen» diýen ýazgyly demir gutular her bir fin öýüne diýen ýaly giripdi. Ýanlary demir gutuly agaç çapyjylar derýadyr köller arkaly agaç daşaýarlar. Şepbik ýygnaýjylar aýlap tokaýda bolýarlar.

Bir gezek iňlis tokaý işleri kompaniýasynyň direktory Finlýandiýada boldy. Ol şonda biziň işçilerimiziň iýýän iýmitini dadyp görüp, biziň öndürýän mürepbämizi tanady. Ol: «Bu işçileriň iýmiti däl-ä, bu korollaryň tagamy ahyry» diýip janykdy. Onuň bahasyna bolsa asla ynanasy gelmedi.

Ol menden: «Eger men size 50 müň guty mürepbe sargyt etsem, siz maňa ony ýaňky aýdan bahaňyzdan ugradyp bilersiňizmi?» diýip sorady.

Men öz ýanymdan hasap-hesip edip, oňa şeýle diýdim: «Onda men size iki göterim ýeňillik hem edip bilerin».

Şeýlelikde, Ýarwineniň mürepbesi Angliýa aralaşdy. Soňra Daniýa, Gollandiýa, Belgiýa, Germaniýa, Fransiýa, hatda Amerika hem baryp ýetdi.

Meniň kärhanalarymyň her bir bölüminiň başynda himiýaçy alym, öz işiniň hakyky ussady dur. Üç sany alym agronom tutuş Finlýandiýa aýlanyp, ýeralmanyň, malinanyň, üljäniň we beýleki miweleriň ýetişdirilişi we idedilişi hakynda daýhanlaryň öňünde leksiýa okaýar. Biziň öz sowadyjy wagonlarymyz we gyşyna ýyladyjy wagonlarymyz, daşary ýurtlarda ammardyr dükanlarymyz bar. Ummanlarda ýüzýän üç sany gämimiz ýüklerimizi

daşaýar. Men her ýyl Italiýanyň Messini diýen ýerinden gämini dolduryp pyrtykal, Singapurdan hem bir gämi ýüki tüwi satyn alýaryn. Finlýandiýada köçede oýnap ýören çagajyklar Ýarwineniň getirýän bananlaryny iýip hezil edýärler. Meň içi toşaply, mürepbeli we şerbetli gutularym beýleki önümler bilen üstünlikli göreşýär. Ilat gowy iýmäge, azrak içmäge endik edýär.

– Hormatly alymlar! – Ýarwinen professorlara ýüzlendi. – Şekeriň iýmit däl-de, iýmitiň esaslarynyň biridigini siz menden has gowy bilýänsiňiz. Ol doklugyň hem sagdynlygyň esaslarynyň biri. Garny dok adam, dok halk bolsa serhoş ediji içgileri az içýär. Şonuň üçin süýji zat hemişe-de ajynyň duşmany bolupdyr. Süýji zady gowy görýänler ajy zady halap barmaýarlar. Şonuň üçin Ýarwineniň gutulary – sagdynlygyň, sersaglygyň ilçileridir. Olar halka saglyk paýlaýar. Ol her bir öýe Gün şöhlesi ýaly bolup girýär. Öz kakalarynyň elindäki gutyny gören çagalaryň ýüzüne şatlyk çaýylýar. Öý bikesiniň gözlerinde bolsa öz adamsyna bolan mähir balkyldaýar, çünki ol öz adamsynyň zähmet çekip gazanan puluny meýhanada harç etmän, öz öýüne, öz çagalaryna getirendigini, öýe şatlyk, maşgala dokluk bolup dolandygyny görýär.

– Şonuň üçin – Ýarwinen sözüni dowam etdi – men öz ammarlarymda millionlarça gutyny, gämi portunda «Ýarwinen» diýen tagmaly müňlerçe gapyrjagy görenimde, kalbym heýjana gelip, uçaýjak bolýan. Men «Bular meň goşunlarym, parahatçylygyň, doklugyň, maşgala şatlygynyň goşunlary» diýip pikirlenýän hem-de öz ýanymdan olara ak pata berýän. «Bar, kän göze ilip

durmaýan-da bolsa, emma haýyrly, süýji işiňi ýerine ýetir».

Men öz köpýyllyk zähmetime şükür edýärin. Bütin ömrüme hem şükür edýärin: çünki ýeriň ýüzünde bimany ýaşamandygymy bilýärin. Men öz süýji gatanjymy arassalyk bilen öz Finlýandiýamyň durmuşyna, hatda uzakdaky beýleki halklaryň durmuşyna hem goşdum. Bularyň hemmesi üçin kalbyma Ylahy ataşyň uçgunjygyny salan genial ýazyjynyň parasatly kitabyna borçludyryn. Soňra hem size – halk köpçüligine aň-bilimi ýaýradyjylara borçludyryn. Siz meniň kalbyma uzakdan gelen professoryň tötänden salan ýagty uçgunjygynyň sönmegine ýol bermediňiz. Siz ol uçgunjygy ullakan, ýalkymly oda öwürdiňiz. Siz meniň kalbymyň çyrasyna täzeden ýag guýduňyz... Size köp sagbolsun aýdýaryn! Goý, meniň minnetdarlygym siziň beýik medeni zähmetiňiz üçin sylag-serpaý däl-de, siziň täze, has uly hem erjel zähmetiňize itergi bolsun.

– Men halklaryň taryhyny okadym. Soň size-de, başga-da ençeme kişilere sowal berip gördüm. Özümem köp pikir etdim. Göwnüme, ýer ýüzüniň halklarynyň birentegi häzir hem käbir ilkidurmuş endiklerinden gaýtmadyk ýaly bolup dur. Ýöne indi olar başga-başga usullary ulanýarlar. Onsoňam ýurtlary, halklary eýeleýänler hakynda has köp gürrüň edilmegine hiç akylym çatanok. Şu Aleksandr Makedonskiler, Ganniballar, Ssipionlar, Sezarlar, Beýik Karllar, Napoleonlar, Moltkeler, Bismarklar we ýene şolara meňzeşleriň müňlerçesi näme iş edipdirler?

Täze ýerleri eýelemek, ol ýerdäki emläkdir çig mallary öz haýryňa geçirmek, emma muňa garamazdan, şol ýerleri abadanlaşdyrmazlyk öten-geçen käbir hökümdarlara mahsus bolupdyr. Ýa-da şolaryň mysalynda aýdyp boljak ýene bir zat, ýurduň ilatyny artdyrmak bir başga, olardan öz döwletlerini gurujylary, berkarar edijileri terbiýeläp ýetişdirmek bir başga. Taryha ser salsak, ägirt uly döwletleriň emele gelendigini, emma olaryň ilatynyň ýaşaýyş derejesiniň pes bolandygyny görersiňiz. Her döwürde-de millionlarça ynsan terbiýelenmäge mätäç, ýogsam biperwaý bakylan ynsan ykballary nadanlygyň, sowatsyzlygyň, ahlaksyzlygyň içinde boglup galar. Şeýle zatlar bilen ýüzbe-ýüz bolmazlyk üçin gol sallap gezmeli däl-de, hökman birek-biregi goldamaly. Töweregimizdäki ýa-da golaý-goltumdaky adamlaryň sowatly, düşünjeli, maksada okgunly bolmagy üçin elimizden gelen ýagşylygy etmeli. Kim tötänden miras arkaly ýa mekdep sowady bilen şol bütinhalk batgalygyndan gury, arassa hem ýumşak ýere çykan bolsa, ol öz halkyny hem şol batgalykdan çekip çykarmak üçin yhlas etmelidir. Beýik minaralar batgalygyň içinde oturanda däl-de, al-elwan gülleriň arasynda içi sowatly, düşünjeli adamlardan doly bolanda has owadan görünýändir. Bu zatlar hakda pikir etmegimiz gerek.

Taryh eýýäm şol gaba gahrymanlara niçe sapar sapak berdi, niçe sapar depelerinden gürzi inderdi. Mekir Metternihleriň we ýyrtyjy Albalaryň ýörişlerini niçe gezek bir zarbada çym-pytrak etdi. Edil sypaldan gurlan öý ýaly duw-dagyn bolmadymy? Şonda-da bu zatlar hiç kime mysal bolanok. Durmuş meýdanynda peýda bolýan täze

täze gahrymanlar öňküleriň halk ykbalyna dahylly akylsyz oýunlaryny gaýtalamaly däldirler. Döwletiň çäklerini giňeltmäge çalyşýan bolsalar, şol ýerlerde aň-bilimi, halkyň ahlagyny belende galdyrmakda hem hereket etmelidirler. Düşünjäniň, medeniýetiň çägini giňeltmek üçin has köp tagalla etmelidirler.

Biziň kiçijik Suomimiz beýik bolup bilmez. Men araçäkleri boýunça beýik Suomini islämogam. Men onuň kän, kän, kän beýik raýatlarynyň bolaryny isleýän. Suomimiziň iki million halkynyň öz şahsy durmuşlarynyň hem-de biziň umumy ýaşaýşymyzyň ylym-bilimli, arassa, hoşniýetli gurujylary bolmaklaryny isleýän.

Ýarwinen baş egip, ýygnaga gatnaşyjylara tagzym etdi.

– Ämin! Goý, şeýle bolsun! – diýip, üç ogly Gelsinforsda professor bolan goja daýhan Torsten Forsten aýtdy.

– Ämin! Ämin! Ämin! – diýen sesler ýaňlandy.

Ýygnagyň başlygy ýerinden turup, şeýle diýdi:

– Ýarwineniň parasatly, ýürekdeş hem täsirli sözlerinden soň islendik başga söz artykmaç bolýar. Ýarwineniň sözleri – bu halkyň kalbynyň sesi. Ol: – Geliň-de, bize öwrediň! – diýýär.

Ýarwineniň ýygnakda sözlän sözi ähli fin gazetlerinde dolulygyna çap edilýär. Onuň çykyşy adatdan daşary waka öwrülýär. Ol hakynda hemme ýerde köp wagtlap gürrüň edilýär. Şeýlelikde, ol çykyş halk köpçüligini magaryflaşdyrmak ugrunda abyrsyz zähmeti gerdenlerine alan medeni esgerleriň sanyny has artdyrýar.

Şäherleriň birenteginde baý söwdagärler halk magaryfy üçin binalary bagyş edýärler ýa-da täze jaý salyp berýärler. Mugallymlaryň, kazydyr aklawçylaryň, ruhanylaryň, lukmanlaryň ençemesi öňki geleňsizliklerinden utanyp, täzeden kitaba ýapyşýarlar. Olar soňra halka öwretmek üçin öwrenip başlaýarlar.

Köpçüligiň öňünde çykyş etmäge ussat, dilewar kişiler öňe saýlanyp ugraýar. Olar özleriniň täze işlerine diýseň begenýärler. Olar: – Durmuş has gyzykly, manyly, şatlykly boldy. Göýä ýaňy ukudan oýanan ýaly bolduk – diýişýärler.

Ähli duşuşyklarda, agşamlarda myhmanlar ujypsyzja-da bolsa pul ýygnap, oňa halk üçin iň bir zerur kitaplary satyn alýarlar-da, olary çet künjeklerdäki obalara ugradýarlar.

Magaryfçylar öz işlerinde zerur bolan belli bir temadan ýazylan iň gowy kitaplar üçin baýraklar belläpdirler. Olary çap etmekde awtorlara ýardam edipdirler. Soňra ol kitaplar arzan bahadan halk köpçüligine ýaýradylypdyr.

– Bilýäňizmi näme? – diýip, Snelman ömrüniň ahyrky ýyllarynda şatlyk bilen egindeşlerine ýüzlenipdir. – Haçanda, men çagalyk ýyllarymdaky Finlýandiýamyzy ýatlanymda, onuň häzir nähili bolup barýandygy göz öňümde şeýle bir görnüşde janlanýar. Ullakan köne jaý dur. Onuň ähli penjireleri diýen ýaly ýapyk. Daşyndan görseň, janly-jemende ýaşaýana meňzemeýär, içi bolsa garaňky, çygly, dymyk, içgysgynç. Diýseň tukat jaý. Ýöne, ine, birden ýaş, gujurly, güýçli adamlar peýda bolýar. Olar diýseň şadyýan görünýärler. Ýüz gözleri

nurly, akylly gözleri gülüp dur. Olar ilki bilen penjireleriň gabsalaryny aýyrýarlar, tutulary syryp, penjireleri açýarlar. Jaýyň içine Gün şöhlesi dolýar, tämiz howa, ter gülleriň ysy kürsäp urýar. Öýüň içindäki hemme zada jan girýär. Jaýyň daş keşbi hem ýigdelýär. Indi keseki adamlar ondan sowlup geçmeýärler, höwes bilen ýakynlaşyp, ony synlaýarlar, tomaşa edýärler.

– Şeýle ajaýyp derejäni hemme ýerde hem gazanyp boljak ahyry. Munuň üçin diňe jadygöýler: akylly başly ynsanlar, beýik ýürekli, medeni zähmetiň gaýratly adamlary gerek – diýip, Snelman sözüni soňlaýar.

## XII
## DAÝHANÇYLYK

Snelman mekdep okuwçysy döwründen bäri halka, dünýä degişli hadysalara birtaraplaýyn, ýaýaplamak bilen baha berilmegini ýigrenipdir. Taryh dersi boýunça köp okuw kitaplarynda, professorlaryň leksiýalarynda korollar, patyşalar, olaryň ministrleri, aristokrat nebereleriniň arasyndaky ownuk-iri dawalar, gersoglar, generallar, beýik alymlar, meşhur ýazyjy-şahyrlar, genial suratkeşler hakynda gürrüň berilýärdi. Olaryň ömür-döredijilikleri beýan edilýärdi, ýagşy-ýaramaz ähli taraplary (uruşlar we çaknyşyklar, ýerine görä hilegärlikler, dildüwşükler) hakynda jikme-jik durlup geçilýärdi. Ähli ýurtlarda millionlarça halk köpçüliginiň ýüzýyllyklaryň, müňýyllyklaryň dowamynda nesilden-nesle nädip ýaşap, gün-güzeran görüp gelendikleri hakynda bolsa ýüzleýje ýatlanylyp geçilýärdi ýa-da asla gürrüň hem edilmeýärdi. Millionlarça daýhanlar, işçiler, senetçiler we şäherleriň millionlarça ownuk ilaty asyrlaryň dowamynda taryhyň nazaryndan sowa ýaşap gelen ýalydy.

Hamana, ol zatlary okasaň, diňleseň, halk köpçüliginiň aň bilimini ösdürmek, ony ahlak, medeni taýdan terbiýelemek hiç kimi alada goýmadyga meňzeýärdi. Ynsanlar ekin ekmegi, maldarçylygy, kerpiç işläp bejermegi, kagyz ýasamagy, dokma dokamagy kämilleşdiripdirler. Olaryň zähmetine bil baglapdyrlar, emma millionlarça zähmetkeş halkyň akyl-paýhasyny, kalbyny, saglygyny, rahatlygyny gowulandyrmak hakynda düýpli alada edilmän ekeni.

Käbir adamlar halk köpçüliginiň ýaşaýşyny, ahlagyny, abadançylygyny täleýiň garamagyna galdyrypdyrlar. Bu hiç kime degişli däl ýaly garapdyrlar. Göýä hemmeler: – Goý, nähili isleseler şonuň ýaly ýaşasynlar. Nähilidir bir gowy zat bolsa-ha, bagtlarynyň getirdigi. Eger kynçylykda, hor-homsy ýaşasalar hem, goý, çydasynlar! – diýlene çalym edýän ýalydy. Güzeran, ýagdaý nähili bolsa-da, halk köpçüligi hemişe-de sabyr-çydamlylygy elden bermeýär.

Hawa, hemmeler halkyň sabyr-kanagatynyň, çydamlylygynyň tarypyny edipdir. Ony ýol-ýörelgä öwrüpdirler.

Emma Snelman halkyň çydam etmek düşünjesine nägile garapdyr. Ol öz närazylygyny iki hili aňladypdyr: biri-hä, özlerine gerek rahatlygy, abadançylygy, erkinligi her ýol bilen gazanyp, emma başgalara gezek gelende her bir mätäçlige çydam etmelidigini ündeýän adamlary ýaz garypdyr; beýlekisi hem, has gowy durmuşa ymtylyp bolýarka, «günüm özümden ötse bolýar» diýip, kör kanagata kaýyl halk köpçüliginiň gaflat ukusynda ýatyşyna gahar edipdir.

– Millionlarça ynsan edil janawar ýaly gezip ýör. Olaryň diňe garynlary doýsa bolýar – diýip, Snelman jibrinýär. – Ýöne bu olaryň günäsimi? – diýip, Snelman öz sözüne düzediş berýär. – Bu olaryň betbagtçylygy.

Ol bagy-bossanlygy we tokaýy deňeşdirip görýär.

Bagyň ähli ýerinde ýodalar çekilipdir. Çäge düşelen ýodalar gury hem arassa. Ýodalaryň gyrasynda güller, miweli hem gyrymsy agaçlar ösüp otyr. Ýaşyl öwsüp oturan meýdançalaryň otlary gyrçalypdyr, olary her agşam

suwarýarlar... Bagyň her ýerinde-her ýerinde dynç almak üçin telärler gurlupdyr, olaryň daş-töweregini her dürli güller gurşap otyr. Her ýerde-her ýerde suw çüwdürimleri asmana atylýar. Heýkeller dikilipdir. Goýry kölegeleriň astynda rahat oturgyçlar goýlupdyr. Her bir bagda, her düýp gülde, iň bir owunjak zatda hem zähmetkeş elleriň yzy görnüp dur.

Tokaýda bolsa düýbünden başgaça. Bu ýerde ähli zat ýabany, başyna giden. Daragtdyr gyrymsy agaçlar tohumlarynyň düşen ýerinde gögerişip otyrlar. Onuň kä ýerlerinden dagy geçjek gümanyň ýok. Eger ýel tupan agaç ýykan bolsa, ol şol ýerde hem çüýräp ýatyr. Ýodalar seredilmän, ot-çöp basypdyr. Olary hiç kim hiç wagt arassalap tertibe salmaýar.

Bagy-bossanlyk bu halkyň ýaşaýşynyň ýokary derejesi. Ol ýerde akyl-paýhasly medeniýetem, rahat durmuşam, sungatdan lezzet almagam, arassaçylykdyr saglyk ugrundaky aladalar hem bar.

Beýleki birtopar adamlaryň ykbaly bolsa tokaý durmuşyny ýadyňa salýar. Eger ol goralýan, aýalýan bolsa hem, bu oňa edil tokaý baýlygy ýaly garamak bilen edilýär. Haýsy durmuşda, nähili derejede ýaşaýan bolsalar-da, bularyň ähli̇si hem ynsan.

Olaryň hem akyl paýhasy bar.

Olar hem zehinli, üşükli.

Olar hem iň ýokary ruhy kämillige ukyply.

Olara diňe bagy-bossana ideg edilişi ýaly ideg gerek. Şol millionlaryň her birine hakyky ynsan bolmaga mümkinçilik bermek zerur.

Snelman halk köpçüliginiň iň uly böleginiň – daýhanlaryň, işçileriň, ýönekeý şäherlileriň aň bilimini, hertaraplaýyn terbiýesini öz ömrüniň esasy wezipesi edip goýýar.

Ol hemme ýerde çykyş edip, şeýle diýýär:

– Ýurduň ilatynyň uly böleginiň ösüşden alyp galýan käbir häsiýetlerine çydam etmek utanç. Nadanlyk, sowatsyzlyk, medeniýetsizlik hiç kimi bezemeýär. Bu ylym-bilim, medeniýet bilen gurşalan ähli kişi üçin nygmaty harlamakdyr. Bar bolan mümkinçiliklere bigadyr bakmakdyr. Ynsan ykballary ýokary gatlarynda ullakan ýagty penjireli, beýik potolokly otaglary bolan, aşaklarynda bolsa idili penjireleri hem bolmadyk garaňky, çygly, hapa ýerzeminleri bolan beýik bina meňzemeli däldir.

– Halkyň esasy, agramly böleginiň sowatsyzlygy bu hemmeleriň kemçiligidir, öz-özüňi özüň bilmezden tozdurmakdyr. Köpçüligiň ýeterlik derejede çuňňur düşünjelere eýe bolmazlygy hemmelere sütem etmekdir, çünki onuň kesapaty hemmelere ýetýär. Garyplyk hem hil-hildir. Öz melleginiň, öz topragynyň baýlyklaryny ulanyp bilmeýändikleri üçin yzagalak, pukara garyplar bar. Emma garyplykdan elhenç başga bir ýabanylyk bar, ol her bir ynsanyň fiziki, akyl, ruhy güýjüni ulanmagy başarmazlykdyr.

– Millionlarça gektarda ösüp oturan iň gowy, iň ýokary hilli agaçlary göz öňüne getirip görüň. Şol gymmat bahaly agaçlary hiç kim ulanmaýan bolsa, ony hiç kim goramaýan, hiç kim idetmeýän bolsa, ondan ne peýda. Äpet agaçlar ýel-ýagmyryň astynda ýykylyp, çüýräp

galýar. Çüýrän agaçlar ýagyş suwlaryny özlerine çekip, tokaýy batgalyga, gyzdyrmanyň öýjügine öwürýär. Gymmat bahaly gurluşyk materialyna derek aňkap ýatan batgalyk emele gelýär. Arassa tokaý howasyna derek ýüzlerçe kilometr daş-töwerekde demgysma hüküm sürýär. Netijede, beýik rysgal döwlete derek beýik derdi-bela ýüze çykýar.

– Düşüniň, düşüniň, düşüniň! – diýip, Snelman tüýs ýürekden janygýar. – Ýurtdaky her bir sagdyn, güýç-gaýratly zähmetkeş – bu iň ýokary baýlykdyr. Ýurtda bir adamy ekläp saklamak üçin sarp edilýän harjy hasaplap görüň! Oňa näçe çykdajy edilýär! Şonuň üçin janly, uly güýç hökmünde dogry terbiýe berilse, olaryň her biri ýurda näçe haýyr berip biler ahyry!

Eger dogry terbiýe berlip, ugurlary idelse, elbetde, olar arassa zähmetkeşler bolarlar, käbirleri ýaly haýyr bermän kaňkaşyp ýörmezler. Zähmete, okuwa, döredijilige höweslendirip, olary sowatsyzlykdan, ýaltalykdan, ýoluny urdurmaklaryndan halas etmelidiris. Çagalyk döwürlerinde, gylyk-häsiýetleriniň kemala gelýän juwanlyk ýyllarynda dogry terbiýe berilse, ýol-ýoda görkezilse, «garaňky tokaýda» özbaşyna galdyrylmasa, olaryň aglabasy öz watanlarynyň haýyrly ogullary bolarlar.

Snelman öz Ýewropa syýasatyndan täsin bir wakany gürrüň bermegi gowy görüpdir. Ol Berlin şäherinde awstriýaly belli ýazyja gabat gelipdir. Bu ýazyjy gelip çykyşy boýunça arassa slawýan bolsa-da, ýazanda diňe nemes dilinde ýazýan eken. Ol on ýyl bäri gazet makalalary hem-de ýiti syýasy öwüt-ündewleri, öwgüli

çykyşlary bilen nemes Awstriýasynyň hak-hukugyny subut etmäge dyrjaşýar eken.

– Olar – ýumşak, nerme-näzik, ejiz millet – diýip, ol ýazyjy öz garaýyşlaryny delillendirmäge çalşypdyr. – Olar hyýaly dünýälerinde uçup gezmäni gowy görýärler, ýöne olar hyýalbent şahyrlar hem däl. Olara akylly hem berk düzgün-nyzamly nemes mekdebi gerek. Slawýançylyk – bu gür hem ýumşak ýüňli goýun derisine çalym edýär. Ol derini nemes senetkäriniň eline bermeli, şonda ondan örän oňat ýyly possun emele geler.

Ol ýazyjy aşa zehinli, dürli ugurdan oňat bilim alan kişi bolupdyr, ýewropa dilleriniň birnäçesini bilipdir. Ol ýeňillik bilen, gyzykly hem ýiti ýazmagy başarypdyr. Onuň eserleri hemişe dürli ýurtlara we asyrlara degişli ýazyjy-şahyrlardan alnan filosofik, taryhy we edebi sitatalardan doly bolupdyr. Ýöne onuň ýazýan zatlary hakykata laýyk gelmändir, emma ýazýan işleri üçin awstriýa hökümetinden oňat hak alypdyr.

Gürrüňi edilýän ýazyjy şeýle bir betpäl adam hem däl eken, emma ol biweç hem geleňsiz bolupdyr. Ol şady-horramlygy, keýpi-sapany söýüpdir. Bu zatlara bolsa köp pul gerekligi belli zat. Ol özüniň ýiti zehini we köpugurly bilimi arkaly arassa zähmet çekip hem ýeterlik gazanç edip biljek eken. Emma munuň üçin ruhy, akyl-paýhas, ahlak taýdan arassalyk, öňde goýlan beýik maksat-myratlar zerur bolupdyr. Bu zatlar bolsa oňa ýat eken. Onuň Awstriýanyň serhet ýakalarynda geçen talyplygy

Metternihiň[38] döwrüne gabat gelipdir. Tilki ýaly mekir Metternih özüniň ähli syýasatyny şahsy häkimiýetini we hususy baýlygyny artdyrmagyň bähbitlerinden ugur alyp gurnapdyr. Ol adamlary öz tarapyňa çekmegiň bir ýoluna – satyn almaga diýseň ussat bolupdyr. Onuň bu işiň ugrunda gezip ýören ýörite kömekçileri bolupdyr. Eýsem näme, kimi, nämäni we haçan satyn alyp boljakdygyny bilmek hem zehin, üşük talap edýär ahyry.

Metternihiň döwründe her hili ýol bilen hem bolsa ýeňil we çalt gazanç etmeklik, pul, mal-dünýä üçin adamlary garalamak köpçülikleýin häsiýete eýe bolupdyr. Jemgyýete ahlak terbiýesi ýiti ýetmezçilik edipdir, hatda intelligent gatlaklar hem metternihçilik düzgüniň howasy bilen zäherlenipdir. Adatça her bir üýtgeşmä duýgurlyk bilen seslenýän ýaşlara hem sussupeslik aralaşypdyr, biweçlik, biperwaýlyk ösüp-örňäpdir.

Snelmanyň gürrüňini edýän ýazyjysy hem şeýle dymyk howaly jemgyýetde ösüp-ulalypdyr, terbiýelenipdir. Ýagty geljek hakyndaky pikirler, arzuw-hyýallar onuň üçin ýalan, gülkünç, ýasama zatlar bolup görnüpdir. Ol özüniň edebi işini «ynsap» bilen ýerine ýetirýändigini aýdypdyr.

– Olar maňa gowy töleýärler, men bolsa olar üçin gowy ýazýaryn. Siz menden näme isleýäňiz? – diýip, ol watançylaryň gözlerine seredip gülüpdir. – Siz beýik italýan heýkeltaraşlary Donatellonyň we Werrokkionyň Florensiýada we Wenesiýada goýlan meşhur heýkellerini

[38] Klemens Wensel Metternih (1773-1859) – Awstriýanyň döwlet işgäri. Ol öz syýasy işini inçelik, uzakdan görüjilik bilen amala aşyrmaga çalşypdyr.

gördüňizmi? Wenesiýa we Florensiýa ol heýkelleri iki sany kondotýere,[39] hakynatutma leşgeriň iki sany serkerdesine dikipdir. Wenesiýalylar we florensiýalylar ol serkerdelere gowy hak töläpdirler, kondotýerler hem olara «ynsap bilen», gowy gulluk edipdirler. Olar özlerini hakyna tutanlaryň duşmanlary bilen gaýduwsyz söweşipdirler, Wenesiýa we Florensiýa üçin uly hyzmatlary bitiripdirler. Şonuň üçin Italiýanyň bu meşhur şäherleri öz gahrymanlarynyň hatyrasyna ýadygärlik dikeldipdir. Eger Milan, Genuýa, Piza, Werona ýa-da Rim hem bu iki kondotýere oňat hak tölän bolsa, onda olar edil Wenesiýa we Florensiýa hyzmat edişleri ýaly, olara hem gahrymanlarça hyzmat ederdiler.

– Men hem edebi kondotýer – diýip, ýazyjy öz doganlaryna aýdypdyr. – Meň bütin ömrüme ýeter ýaly hak töläň, men siz üçinem söweşerin. Başaraňzokmy? Isläňzokmy? Onda meň zarbalarymdan goranyň. Men güýçli hem çalasyn garşydaş bilen söweşmegi gowy görýän.

Ildeşleri bu ýazyjyny ýigrenipdirler.

Snelman Berlinde bolan wagty tötänden bu ýazyjy hem Berline barypdyr. Snelman öz ýurdunda bu ýazyjynyň edebi döredijiligi hakynda hiç zat eşitmän eken. Ol onuň adyny hem eşitmändir. Nemesler kese ýerden gelen, öz aýdyşlary ýaly, bu iki sany «medeniýet ägirtleriniň» hatyrasyna oturylyşyk gurapdyrlar.

Oturylyşygyň ahyrlarynda myhmanlar sabaşyberenden soň Snelman «medeniýet ägirdini» bir gyra çekip, medeni

---

[39] Kondotýer – Italiýada XIV-XVI asyrlarda hakynatutma goşunyň serkerdesi.

taýdan yzagalak ýurtlaryň meseleleri hakynda onuň bilen gürrüň edermen bolupdyr.

– Aç-açan aýdaly – Snelman janygypdyr – Biz – geljegiň beýik güýçleri. Olar eýýäm sürlen ýer, biz bolsa heniz el degrilmedik, mes gara toprak. Diňe zähmet çekmek gerek. Bize, ýaş halklara beýlekilerden iki esse, üç esse, on esse artyk işlemek gerek. Bize olaryň yzyndan ýetip, ozup geçmek gerek!

– Olardan hökman ozarys! – diýip, Snelman hyjuw bilen aýdypdyr. – Biz öz ýurdumyzda diňe şäherlileriň aň-düşünjesini ösdürmek bilen oňmaýarys, diňe başlangyç mekdeplere hem-de oba kitaphanalaryna üns bermek bilen çäklenmeýäris. Biz her bir daýhanyň, balykçynyň, agaç çapyjynyň külbesini magaryfyň yşygy bilen ýagtyldýarys. Kiçijik ösdürimlerden täze – güýçli, ösen, asylly nesli kemala getirýäris.

Snelman öňünde oturanyň hem özi ýaly slawýan halklarynyň janköýeridigini güman edip, kalbyny gurşap alan söýgüli temasy hakynda uzak hem gyzgalaňly gürrüň edipdir.

Awstriýaly ýazyjy ilkibada ony özüniň adaty bihaýa ýylgyryşy bilen diňläpdir hem-de: – Ýene bir içgysgynç akmak! – diýip pikir edipdir. Ol Snelmany terk etmäge bahana agtarypdyr, emma soňra Snelmanyň sözleri, kalbynyň howry ýazyjynyň ýüregindäki buzy eredip başlapdyr. Ol bokurdagyny öllemek üçin içimlik sorapdyr we bulgury dolduryp, yzly-yzyna teşnelik bilen demine dartypdyr. Snelman öz gürrüňine gyzyp, söhbetdeşiniň getirilen içgini şeýle çalt içip gutaranyny hem aňmandyr.

Snelmanyň söhbetdeşi birden yraň-daraň atyp ýerinden turupdyr-da, ullakan aýy ýaly ätmer-sätmer edip, finiň ýanyna barypdyr hem-de oňa şeýle diýipdir:

– Besdir, gadyrdan Snelman! Öz beýik kalbyňyzyň mukaddes alawyny mundan artyk sarp etmäň. Ony öz halkyňyz üçin aýaň. Siz bagtly adam. Siz ýaly ynsanlarynyň bardygy üçin siziň halkyňyz hem bagtly. Siz ertir irden öýüňize gaýdarsyňyz. Biziň şu ýerde duşuşanymyz gowy boldy. Ilkinji gezek. Öň sizem meni tanaňzok, menem sizi tanamok. Bu-da gowy zat. Siziň meni öňem, häzirem tanamaýanyňyz gowy zat diýjek bolýan. Ýöne sizi tananym meň üçin gowumy ýa ýok, muny bilemok... Wah, gadyrdan Snelman, siz şeýle, şeýle adaty däl adam, siz nireden peýda bolduňyz ahyry. Men näme üçin size häzir, eýýäm giçkä duşdum?

Sagat ýary gijäniň zaňyny urdy.

– Şu gün giç diýemok, meniň ömrüm üçin giç diýýän – diýip, Snelmanyň söhbetdeşi agyr haşlapdyr. – Eger men ýaş wagtymda Snelmany eşiden, gören bolsam, menem, biziň neslimizem başga adam bolardylar... indi bolsa giç... giç... Ýör, ýatmaga gideli. Ikimiziň aramyzda, gadyrdan Snelman, diýseň uly, hem gülkünç, hem elhenç düşünişmezlik bar... maňa eliňizi uzadyň.

Snelman oňa elini uzadypdyr. Söhbetdeşi onuň elini ogşapdyr.

– Siz näme edýäňiz? – diýip, Snelman elini çekipdir.

– Biynjalyk bolmaň! – Ýazyjy gussaly gürläpdir. – Siz üçin ogşamok... Ynsan kalbyndaky snelmançylygyň elini öpýärin... Öz kalbymdaky eziz merhumyň elini öpýärin...

– Düşünemok – diýip, Snelman äm-säm halda aýdypdyr.

– Size düşünmegiň geregem ýok. Siz düşünibem bilmersiňiz...

Ertesi irden Snelman öz Suomisine dolanypdyr. Oňa 15-20 günden soňra Wenadan hat gelipdir. Hat geň hat eken. Onda ugradanyň ady hem ýazylmandyr, bary-ýogy-da bäş sany gysgajyk setir bar eken.

«Siz meniň kalbymy agdardyňyz... Men täzeden ýaşamagy başarjak däl, öňki ýaly ýaşamak bolsa ýigrenji. «Göýä, tötänlikde, duýdansyz bolan dek» heläk bolýaryn. Ite it ölümi».

Snelman hiç zada düşünmändir. Ol Wenada çykýan gazetleriň soňky aýdakylaryny dörüp ugrapdyr we şeýle habaryň üstünden barypdyr:

«Betbagtçylykly tötänlik... duýdansyz ýitgi... belli slawýan ýazyjysy, çuňňur hem batyrgaý zehin aradan çykdy...».

Snelman merhum hakynda maglumat ýygnap başlapdyr we Berlinde geçen oturylyşykdaky el öpmäniň hem, tötänlikde bolup geçen pajyganyň hem manysyna düşünipdir. Şonda ol merhumyň «Eger men ýaş wagtymda Snelmany eşiden, gören bolsam, menem, biziň neslimizem başga adam bolardylar... Näme üçin snelmanlar bize bulary aýtmadylarka?» diýen sözlerini ýatlapdyr.

Snelman bu gussaly wakany gürrüň berende ondan: – O ýazyjy haýsy milletdendi, çehmi, polýakmy, serbmi ýa horwat? Oň ady näme? – diýip sorar ekenler.

Adatça, asuda Snelman bu sowala janyýangynly jogap beripdir:

– Ýerliksiz sowal! Size muny bilmek nämä gerek? Ol adam agyr günä edipdir. Bu ýerde has wajyp zat başga. Pikir edip görüň, adamyň örän uly zehini, akyl-paýhasy, seýrek duşýan ylym-bilimi, edebi üşügi bar. Ahyrky netijede bolsa, ol ömrüni ýele sowran edebiýat kondetýeri.

Eger ýaşlykda dogry terbiýelenen bolsa, eger ýaşlygynda ýaşaýşyň manysynyň diňe özüňi bilip ýaşamakda däl-de, halkyň kalbyny hem aň-düşünjesini oýarmakdadygyny düşündiren bolsalar, ol hem öz halkynyň arasynda medeni ösüşiň öňbaşçysy bolup bilerdi.

– Özem bu uniwersiteti okan, ylymly-bilimli, edebiýat ummanynyň guwwasy, paýtagt şäherde ýaşap ýören adam bilen bolýan ýagdaý – Snelman gürrüňini dowam etdiripdir. – Onsoň siz mekdebi, kitaby ýok, sagdyn, abadan, eşretli durmuşy gurmak hakynda ýekeje agyz hem akylly-başly gürrüň eşitmedik halk köpçüliginden nämä garaşýaňyz, ondan näme talap edýäňiz?

Şeýle ýagdaýlarda Snelmanyň sözleri diýseň galkyndyryjy, joşgunly ýaňlanypdyr. Onuň sözleri kütek aňlary we kalplary gamçy bolup saýgylapdyr, iň bir ýalta, äwmezek akyllary hem çuslandyrypdyr, kalplarda ylham oduny ýakypdyr.

Lukmanlar, oba ýerlerindäki ruhanylar, mugallymlar, etraplardaky emeldarlar halk köpçüliginiň ýaşaýşynyň dürli taraplaryny üns bilen öwrenip başlapdyrlar. Gazet-žurnallarda, aýratyn kitaplarda halk durmuşyna bagyşlanan baý makalalardyr publisistik eserler peýda bolupdyr. Olardan «Oba lukmanynyň ýatlamalary» we «Oba ruhanysynyň gürrüňleri» atly iki kitap has hem özüne çekipdir. Bu kitaplaryň ikisi-de tankytçylaryň

arasynda hem, metbugatda hem uly şowhun turzupdyr. Birentekler bu kitaplara haýran galmak bilen, olara örän uly baha beripdirler. Olar:

– Öz halky hakynda pikirlenýän, onuň halyna ýüregi awaýan her bir sowatly kişi bu kitaplaryň ikisini hem hökman okamaly – diýipdirler.

Kitaplar kör gözleri açypdyr, ruhy taýdan heniz doly kütekleşmedik her bir kişini utançdan ýaňa gyzarmaga mejbur edipdir.

Kitabyň ýazarlarynyň ikisi hem zehinli ýazyjylar bolup, hiç zady özlerinden toslap ýazmandyrlar, meselelere birtaraplaýyn seretmändirler, adamlary biderek ýere gyjyklamandyrlar. Olar öz ýaşaýan welaýatlarynyň gündelik durmuşyny, gabat gelýän kynçylyklary ädimme-ädim, jikme-jik beýan edipdirler.

«Oba lukmanynyň ýatlamalary» kitabynyň awtory öz kitabyny lukman bolup işe girişen ilkinji gününden başlaýar. Ol lukmançylyk fakultetini tamamlaýşy, öz gulluk ýerine gelşi we işi bilen baglanyşykly kalbynda beslän arzuw-hyýallary barada gürrüň berýär. Onuň çagalyk hem-de juwanlyk ýyllary agyr mätäçlikde geçipdir. Ol kiçijik şäherçede ýaşaýan ädikçiniň ogly eken. Durmuşyň köplere ýowuz daraýandygyna öz ýaşaýşynyň mysalynda akyl ýetirse-de, bu ýerde gören zatlary onuň akyl-huşuna sygmandyr.

– Jenaplar! – diýip, lukman-ýazyjy ýüzlenipdir. – Halk köpçüliginiň ýanyna baryň. Olary bejeriň, okadyň, terbiýeläň. Olara jaý gurmany, öýde nähili tertip-düzgün ýöretmelidigini öwrediň. Toprakdan nädip bol hasyl almalydygyny öwrediň. Halka arassaçylyk kadalaryndan,

güneşden, päkize howadan, ýagtylykdan, ýyly öýden peýdalanmaga mümkinçilik dörediň. Olara hakyky, bolmalysy ýaly ynsan ýaşaýşyny gurmaga şert dörediň. Olara kömek beriň.

Lukman-ýazyjy öz kitabynyň ahyrynda ýazýar: Döwlet – ullakan maşgala, halk köpçüligi bolsa siziň kiçi doganlaryňyz.

Lukman-ýazyjynyň kitaby dogrusynda edebiýat, döredijilik adamlarynyň arasynda uzak wagtlap çekişmeler dowam edýär, emma jemgyýetçilik toparlarynyň arasynda ol özüniň beýik işini bitirýär. Bütin Finlýandiýanyň lukmançylyk jemgyýeti öz kärdeşleriniň kitabyny harpma-harp diýen ýaly öwrenýär, ara alyp maslahatlaşýar.

Welaýatdyr etraplaryň häkimiýet we jemgyýetçilik wekilleri bir ýere üýşüp, kitapda beýan edilen onlarça meseläniň çözgüdini tapýarlar. Dürli ýerleriň ýagdaýlary hakynda hasabat-çykyşlar taýýarlanýar, makalalar çap edilýär, maglumatlar berilýär.

Indi partiýalaryň arasyndaky dawa-jenjeller şahsy bähbidiň ugrundaky aladalar bilen däl-de, halkyň saglygyny gorap saklamak we ony dikeltmek bilen meşgullanmaly bolýar.

Hökümet, ýerli häkimiýetler, aýry-aýry jemgyýetçilik guramalary lukmanlardan ýörite toparlary döredipdirler. Diş, göz we gulak lukmanlaryndan, aýal we çaga keselleri boýunça lukmanlardan ybarat toparlar düzülipdir. Ol toparlar bir obadan beýleki oba göçüp-gonup işläpdirler. Adamlary bejeripdirler. Dişe, göz-gulaga ideg etmegiň, aýallaryň we çagalaryň saglygyna seretmegiň tärlerini öwredipdirler. Olar çaganyň, zenanyň we erkek kişiniň

ýaşaýşyny we saglygyny pul hasabyna geçiripdirler: olary ösdürip-ýetişdirmäge näçe pul sarp edilýär, olaryň kesellemegi, aradan çykmagy zerarly näçe serişde ýitirilýär.

Daýhanlar adamyň ykdysady taýdan gymmatyna düşünip başlaýarlar. Olara şeýle düşündirýärler: – Ogurlanmazlygy, ýanyp kül bolmazlygy üçin sen öz puluňy gorap saklaýarsyň ahyry. Seň çagalaryňam, aýalyňam, seň özüňem – bularyň hemmesi iň gymmatly baýlyk, emläk. Olary gorap sakla. Bisarpa ulanma-da, artdyr.

Birtopar obalarda nusgalyk daýhan öýlerini gurupdyrlar. Olaryň turbaly peçleri, ullakan iki gatly penjireleri bolupdyr.

Işçiler toparlary düzülip, olar daýhan obalarynda arzan bahadan jaý salypdyrlar. Hökümet birnäçe ýerde gurluşyk materiallary üçin ammarlary gurupdyr. Şol ammarlarda daýhanlara iň ýeňillikli nyrhlardan täze jaý üçin zerur bolan gurluşyk harytlary: aýnalar, petleler, taýýar çarçuwalar, gapylar we öý goşlary satylypdyr.

Şeýlelikde, 5-8-10 ýyldan soňra obalaryň durky özgeripdir. Öňki hütdüjek daýhan öýleri hakyky ýaşaýyş jaýlaryna öwrülipdir. Daýhanlar has oňat hem ýyly geýnip ugrapdyrlar. Ýurduň iň at-abraýly adamlaryndan saýlanyp alnan jemgyýetçilik işgärleriniň gözegçiligi astynda ýörite fabriklerde müňlerçe ýyly penjekler, paltolar, aýakgaplar, içki geýim-gejimler tikilipdir. Önümler iň berk materiallardan taýýarlanypdyr. Soňra taýýar önümleriň hemmesi ýurduň içine ýaýradylyp, iň pes bahadan, özüne düşen gymmatyndan satylypdyr.

Halk kem-kemden täzelenip, has şadyýan, şähdaçyk keşbe giripdir. Indi öňküler ýaly ýirik-ýyrtyk, ýama-ýama geýimde gezip ýörenler bolmandyr. Adamlaryň güýzdür gyşda ýyly geýinmäge mümkinçilikleri bolupdyr. Şol sebäpden öňküler ýaly sowuklamalar, üsgürmeler, bokurdak näsaglyklary bolmandyr.

Aýallar görnetin sagdynlaşypdyr, dogulýan çagalaryň sany artypdyr, sagdyn hem tokarja çagalar doglupdyr.

Ýurtda işçi güýji köpelipdir, indi has köp önüm öndürip, has gowy iýmäge mümkinçilik döräpdir.

Haçanda lukman-ýazyjy aradan çykanda, ony jaýlamaga ýüzlerçe obadan wekiller gelipdir. Olaryň hemmesi uzyn boýly, eginlek, döşleri gapak ýaly, ýüzleri gyzaryp duran, el-aýaklary berdaşly ýaş ýigitler eken.

Olar «halky sagaldyjynyň» tabydyny bütin şäheriň içi bilen eginlerinde göterip geçipdirler. Ýaş, daýaw ýigitleriň ýüzlerçesiniň hatar tutup, şäheriň köçeleri bilen dogumly gadam urup barýanyny gören şäher ýaşaýjylarynyň göwünleri göterilipdir.

Merhumyň tabydyny mazara salmaly bolanda, oba ýigitleriniň hataryndan ses eşidilipdir:

– Biz oba ýaýlalaryndan, tokaýdyr jeňňellerinden geldik. Biz seň mazaryň başyna adaty gülleri hem, çemenleri hem getirmedik. Biz şu durşumyza geldik, çünki obalarymyz bizi seniň Suomimizde ýetişdiren bagy-bossanlaryňdan alnan janly güller hökmünde seniň ýasyňa ugratdylar. Rahat ýat, halkyň beýik bagbany! Biz seniň asylly, paýhasly zähmetiňe belent sarpa goýýarys. Sen halkyň hakyky lukmany bolduň, ýüz müňlerçe ynsana saglyk berdiň. Halkyň damaryna täze, arassa gan gatdyň.

Damarlarymyzy edil urgan ýaly işdiň. Watana pälwanlaryň neslini, bize bolsa halal zähmetiň hözirini berdiň...

– Minnetdar, halk saňa ýadygärlik dikmek isleýär. Sen muňa mynasyp, ýöne seniň iň gowy ýadygärligiň – bizdiris! Biz – halkyň täze durmuşyny gurujylar. Täze, sagdyn ýaşlaryň her biri bütin fin intelligensiýasyna halka, watana nähili gulluk etmelidigini ýatladyp duran janly ýadygärlik bolar. Wagt geçdigisaýy seniň adyň seň yhlasyňdan kemal tapan, sag-salamatlyga ýeten halkyň aňynda hem kalbynda barha güýçli ýaňlanar. Sen Sezaram, Napoleonam däldiň. Sen ýeke daban ýerem basyp almadyň, ýeke damja ganam dökmediň, emma watana müňlerçe täze, gollary gujurly işçi güýjüni berdiň. Saňa, öz halkynyň abadan durmuşy ugrundaky beýik göreşijä şöhrat bolsun!

**Rus dilinden terjime eden**
**Hojamuhammet AKORAZOW**